AGAGELDI ALLANAZAROW

# GÜNÜŇ ÖÝI

**GOŞGULAR,**

**POEMALAR,**

**ERTEKILER**

Aşgabat TDKP - neşirýaty ٢٠٠٦

UOK 394.361
A48

**Allanazarow A.**
Günüň öýi (Çagalar üçin goşgular, ertekiler, poemalar).
A. TDKP - 2006.

*Tanymal ýazyjy, şahyr Agageldi Allanazarowyň dürli döwürlerde çagalara niýetläpýazan eserleriniň iki tomlugynyň 1 kitabyna onuň goşgulary, ertekidirpoemalarygirizildi. Bu toma giren eserleriň köpüsi dünýä dilleriniň hem onlarçasyna terjime edildi. Tomluga girizilen eserler Garaşsyz Türkmenistanyň ça- galaryna hem mynasyp sowgat bolar diýip tama edýäris.*

*Bu eserler hem Agageldi Allanazarowyň döredijiligine mahsus millilige, watançylyk duýgularyna, mylaýym ýumora ýugrulypdyr.*

© Allanazarow A. «Günüň öýi», Magaryf - 1977, «At gaýraty» Magaryf - 1978, «Pilotkaly gyz» Magaryf - 1980, ««A» ýazýan» Magaryf - 1982, «Üç murtlak kapitan» Magaryf - 1985, «Bir bar eken» Magaryf - 1991, «Şadyýan harplyk» Magaryf - 1991, «Ertekiler» Magaryf - 1993.

TDKP 148 KBK 84 Tür 7



# DÜNÝÄNIŇ OZÜNIŇ GURLUŞY ŞEYLE: KIÇIJIKLER KEM-KEMDEN
## OSYÄRLER, ULALYARLAR

Biz öz ýurdumyzda çagalar ýazyjylarynyň iň gowularynyň biri Agageldi Allanazarow diýýäris. Onuň iň gowularyň biri-digini indi ýazyjy-şahyrlaryň hemmeside ykrar edýär. Ýöne onuň gowulygyny her kim özüçe görýär. Munuň bolmalysy hem şeýle, çüňki edebiýat diýlen düşünje geometriýadaky teoremalar ýa-da filosofiýadaky kada-kanunlar (şularsyzam-a döränok weli) bilen döränok, ol özüniň emosional güýjüne baýrynýar. Emosiýa hem her kime bir hiliräk täsir edýär, her kimde bir hiliräk döreýär.

Edil beýlekiler ýaly, ony menem özümçe gowy gorýärin. Nähili? Türkmenistany menem gowy bilýärin, ýöne Agageldi Allanazarowyň çagalar üçin ýazan eserlerini okamsoň, Türkmenistany ikinji gezek täzeden özüm üçin açdym.

Türkmenistan diýlende, köp kişi derrew uç-gyraksyz ümmülmez Garagumy göz öňüne getirýär. Dogry edýär. Sebäbi, ýurdumyzyň esasy bölegini Garagum eýeleýär. Ýöne Garagum bize asmandan inen üýtgeşik dünýä däl, ol Ýer şary diýlen uly dünýäniň bir künjegi. Onuňamozüniň delje-delje ösümlikler, haýwanat hem pasyllar dünýäsi bar. Onuňam iki gününiň biri-birine meňzejek gümany ýok. Garagum wagtyň ygtyýaryndaky giňişlik, edil beýleki ýerler ýaly olam her sagatsaýy, günsaýy üýtgäp, özgerip dur.

*1. Makala A.Allanazarowyň 1985 ýylda Moskwanyň "Детская Литература" neşirýatynda neşir ediljek kitabynyň öňüne ýazylan sözbaşy.*

Ýöne Türkmenistan diňe Garagumdan ybaradam däl. Onuň bir tarapyny Hazar deňzi tutsa, serhediniň beýleki tarapyny Jeýhun jähekläp ýatyr, ilerki serhedini Köpetdag eýelese, gaýra tarapyny gadymy Horezmiň ýanap ýatyr. Bularyň hersi özbaşdak bir dünýä, edil şonuň ýaly hem Agageldiniň özüniň dünýä inen etraby, saryklaryň mekany üýtgeşik bir hazyna - Ýolöten, Tagtabazar, Guşgy etraby bahar aýlary ertekilerdäki lälezarlygy ýatladýar. Ol ýerleriň adamlarynyň sypaty gyşyň gaýly günleriniň pälwanlaryny ýatlatsa, olaryň ýüzi baharyň açyklygyny, mähremligini hem ýakymlylygyny, ýürekleri tomsuň yssylygyny, gyzgynlygyny paýlasa, elleriniň bereketliligi güýzüň bolçulygyny ýatladýar.

Agageldiniň gözüni açyp, beýnisini bekeden ber- eketlerem şular. Onýyllygy tamamlandan soň, ol goşun hatarynda gulluk etdi. Bäş ýyllap Moskwanyň A.M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutynda okady. Ony tamamlandan soň neşirýatda redaktor bolup işledi. Şu döwurleriň hem- mesinde-de ol çagalar edebiýatynyň tebigatyna düşünmäge çalyşdy, eserler döretdi.

Çagalar edebiýaty, elbetde, keçjal, ýalta çagalary-da gözden salmaly däldir weli, ýöne onuň jemgyýetçilik borjy kiçijik graždanlaryň inini-boýuny alşyny, akyl-huşunyň kemala gelşini, bir söz bilen aýdanyňda çaganyň ulalyşyny suratlandyrmaly, çaganyň bişişmegine, Adam bolup ýetişmegine kömek etmeli.

Çaganyň öz edähedi bar: ol hiç dek oturmaýar, ol mydam hereketde. Ol şol hereketi - gözlegi, agtaryşy, dogru- dyr-u-nädogry hereketleri arkaly gözýetimini giňeldýär, akyl

ýetirişini baýlaşdyrýar. Çaganyň dirilik suwy - hereketi. Ine Agageldiniň çagalar üçin ýazýan goşgularydyr poemalaryny, hekaýalarydyr powestlerini okap, men şu hakykata göz ýe- tirýärin. Ol hiç haçan çagalara moral okanok, ahlaky öwütler goşgynyň umumy ruhundan görünýär.

Ynha, onuň, “Ýylyň iň gowy pasly haýsy?” diýen sowalyň üstünde oýlanyşyny alyp görüň. Her paslyň öz hysyrdysy, öz lezzeti bar. Diýmek, olaryň hersiniň öz gerek ýeri bar, olaryň hemmesi-de gerek, hemmesi-de gowy. Ýa-da “Ýa spraşiwaýu!” (Soraglar) goşgusyny alyp görüň. Gündiziň näme üçin ýagty bolup, gijäniň näme üçin garaňky bolýan- dygyny, garryja eneleriň, garry atalaryň nireden döreýän- digini, guşlaryň uçup, eşegiň näme üçin uçmaýandygyny bilmegem çaga üçin hem-ä hökman, hemem kyn. Çaga şol hökmanlyklaryň, kynçylyklaryň içi bilen geçip gidip, olaryň hemmesini ýekeme-ýekän aňyna siňdirip, özleşdirip ulalýar, adam bolýar. Şeýdibem ol ertirki günüň ähli çylşyrymlyklary, kynçylyklaryň ebeteýini tapýan, eminden gelýän Adam bo- lup ýetişýär.

Şu günüň çagalar edebiýatynyň ýagdaýy dogrusynda oýlanamda türkmen folklorynyň ynsanyň ajaýyp häsiýetleri adamkärçiligi bilen birlikde tebigatyň ösümlikler hem haýwanat dünýäleriniň gözelligini, adamyň şol gözelligiň diline düşünişini onuň dilini tapyşyny, özüni tebigatyň bir bölegi saýanda adamyň hemmetaraplaýyn ulalýandygyny görmäge kömek edýändigine göz ýetirýärin. Şu günki türk- men çagalar edebiýaty edil älemgoşar ýaly, dürli reňklere baý türkmen folklory hem şol älemgoşaryň iň bir owadan

reňkleriniň biri.

Dogrudanam biziň türkmen çagalar edebiýatymyzy folklorsyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Elbetde, eger irki şahyrlaryň köpüsi dessanlaryň, ertekileriň sýužetlerini durşy-durşy ýaly gaýtalaýan bolsa, soňky nesliň şahyrlary folkloryň sýužetlerine başgaça çemeleşdiler, olar ony ösdürmäge, baýlaşdyrmaga çemeleşdiler. Häzirki nesliň ýazyjy-şahyrlary bolsa halk döredijiligine hasam erkin çemeleşýärler olaryň özi erteki ýasamakdanam gündelik durmuşdaky wakalary ertekiçilik stilde beýan etmekdenem çekinenoklar. Biziň okyjylary- myz durşy-durşy ýaly gaýtalanýan ertekileri-de, ösdürip baýlaşdyrylan erteki-poemalary-da, deň derejede uly gyzyklanma bilen okaýarlar.

Şahyr Agageldi Allanazarowyň «Ene tokaý hem pilbasan hakynda erteki» atly poemasy hem şol köne rowaýatlardyr ertekileriň gaýtadan janlanmasydyr.

Şahyrlaryň özleriniň döredýän ertekileri sosial manysynyň has güýçlüligi bilen tapawutlanýar. Agageldi Allanazarow «Ene tokaý hem pilbasan hakynda erteki» atly poemasynda degmedige degip, ýaşyl tokaýyň agaçlaryny owum-döwüm edip ýörän pilbasanyň bidähetligini, şol bidähetligi zerarly hem onuň tragediýa uçraýşy suratland- yrylýar. Bu poemada meniň gowy gören bir zadym, gara güýjüne baýrynyp ýörän galtamana tokaý agaçlary bilen tokaý haýwanlary berk gaýtawul berýär. Garşylygyň şeýle zor salmagy bilen galtaman pilbasan jeza hakyny alýar.

Türkmen çagalar edebiýatynyň ylaýta-da onuň

poeziýasynyň ýene bir häsiýetli tarapy dogrusynda gürrüň etmezlik mümkin däl. Biziň şahyrlarymyz şu günki çagalaryň durmuşyndan ýazýan eserlerini-de ertekiçilik stilde ýazýarlar. Olaryň şoňa ýykgyn etmekleriniň sebäbi düşnükli, olar ertekiçilik stilde ýazylan eserleri çagalaryň höwes bilen okaýandygyny, şeýle eserleriň gowy hem ýeňil özleşdirilýändigini bilýärler. Eger şahyr öz okyjysynyň çeperçiligiň dadyny bilmeginiň onuň ösmeginiň aladasyny edýän bolsa, onda ol folklorçylyk stiliň çäkli taraplarynyň galypyny döwýär, ony giňeldýär. Agageldi Allanazarow hem şeýle şahyrlardan. Ine, onuň ertekiçilik stilde ýazan «Ýyldyzyň ýoly» poemasyny alyp görüň. Aglaba mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin ýazmagy halaýan A.Allanazarow bu poemasynda hem hemişeki endigine görä çaganyň tebigata gatnaşmagyny, onuň tebigatyň edähetlerine düşünmäge yhlasynyň ösüşini iş edinipdir. Poemanyň baş gahrymany Ylýas her gün agşam kölüň kenaryna gelip, suraty suwa düşýän ýyldyzlary tutjak bolup görgi baryny görýär. Bir gün ýa-da üç gün gatnanok, Ylýas ýyldyz tutmak üçin ençeme aý köle gatnaýar. Erjellik ony uly durmuşa taýýarlaýar. Çaga hemme zada - arzuw-umytlara-da diňe irginsiz zähmet bilen erjellik bilen, yhlas bilen ýetmeli-ow diýen uly hem ýeke-täk hakykata göz ýetirýär.

Çaga çagalykdan zähmete endik etmeli, ýogsa onuň çagalygy çagalyga meňzemeýär. Çagalygy bolmadyk çaganyň oglanlygy-da gönençli bolmaýar, düzüwli oglanlygyň bol- masa ýetginjekligiňem, ýaşlygyňam we ş. m. birkemsiz bolmaýar. Şonuň üçinem Agageldiniň çagalara niýetlän

eserlerinde biz çagalygyň özüne laýyk gelýän fiziki hem akyl zähmetini görýäris. Gepiň gysgasy, onuň goşgularynda hemme zat hereketde, ösüşde. Ol biziň ertirki günümiziň ullakan adamlaryny şu günden taýýarlap ugraýar. Munuň bolmalysy şeýle. Çüňki dünýäniň özüniň gurluşy şeýle: kiçijikler kem-kemden ösýärler, ulalýarlar.

*Saýlaw Myradow.*
*Türkmenistanyň Magtymguly*
*baýragynyň eýesi.*
*Aşgabat. 1984*


Günüň öýi

## ÇAL, TÜÝDÜGIM

Çal, tüýdügim,
Saýra hany.
Goý, diňlesin Ýaýla
seni.

Gül-gunçalar
Diňlesinler,
Halasynlar,
Oňlasynlar.

Asmandaky Orak
deý aý Diňläp
gansyn, Çal
göwnejaý.

Goý, eşitsin Ejem
janym. «Otdan
gelýär - Diýsin -
hanym».

Dülli-dülli,
Dülli-dülli,
Öýe ýetdik Indi
boldy.

## PIŞIGIM

Pişijigim, sen näme Täze aýdym
aýdaňok? «Myr-myrdan» başga
aýdym Bilmelidir öýdeňok.

...Indi bildim sebäbin,
Sen okuwa gitmediň. Kitapdaky
goşgulaň Birinem ýat tutmadyň

# GARPYZLAR

Jerenjik öz pili bilen Pele
joýa çekip çykdy. Joýalaryň
ýakasyna Garpyz çigdin ekip
çykdy.

...Suwsan çagy suwa ýakyp,
Otlaryny çapdy peliň. Garpyz
iýesiňiz gelse, Jerenlere
myhman geliň.

Haýsy birin kesip görseň,
Misli ojar közi ýaly.
Garpyzlaryň gabarasy
Jerenjigiň özi ýaly.

# SARY GAWUN

Sary gawun,
Sary gawun,
Iýenlere diýdirdiň bal.
Kim daşyňy çyzyşdyrdy?
Bileýin-le, aýtsana, bol!

...Wiý, ýogsa-da, jigim Bäşim, Şu
atyzda durdy häli. Çyzandyr ol
seň daşyňam, Meň depdermi
çyzşy ýaly.

# BALARY

Eý, balary, balary,
Biziň baga gel, ary.
Seniň üçin ekildi Bu
al-elwan gül, ary.

Eý, balary, balary,
Şuny welin bil, ary.
Indi gezek seniňki,
Bergin baly bol, ary.

# TÄZE JORAP

Ejem maňa jorap ördi,
Menem ony geýdim bada.
Ylgap öýden çykyp gitdim,
Görkezmäge dostum Şada

Orta ýola ýeten wagtym,
Aýagymdan üşäberdim.
Öl-suw bolan jotabymy,
Gar üstüne bulap urdum.

Hälem ejem gören eken,
Tiz göterdi meni ýerden.
Begenjime köwüş geýmän Öýden
gaýtsam nätjek birden.

## PÖKGI

Düşmez elimden
Alaja pökgi.
Her gün meň bilen
Daşaryk çykdy.

Ol syçan bolýar,
Men bolsa pişik.
Geçýäs köp ýoly
Bile ylgaşyp.

Ýadasa, dynjyn Alýar ol
elde.
Ýene-de bökýär,
Oýnasy gelse.

Pök-pök-pök-pökläp,
Asmana galýar. Meniň
boýuma. Deňleşjek
bolýar.

## ULALAYYN ENTEJIK

Basgylamok biýara,
«Akyllym» diýp öwülýän.
Ýöne meniň arzuwym
Öwgülerden gaty kän.

Uçsa gökde samolýot,
Ýerden uzak saýlanyp,
Menem sürüp samolýot,
Gezsem diýýän aýlanyp.

Görsem ökde suratçy,
Surat çekesim gelýär.
Görsem daga çykýany,
Daga çykasym gelýär.

...Wah, ýöne men kiçi-dä,
Boýum entek keltejik.
Menem bir kär saýlaryn,
Ulalaýyn entejik.

# ALMA

— Kaka, nirä gitjek sen?
— Alma ekjek hol pelde.
— Maňa-da görkezermiň?
— Gör, köwşüň geýip gel-de.

— Kaka, alma nirede?
— Şu ekýänim alma-da.
— Ol-a nahal ekeni,
Iýäýjekdim, bolmad-a.

## SELBI

Bäş ýaşlyja Selbiniň
Üsti-başy arassa.
Ol asyl-ha halanok Kim
bir ýerni kir etse.

Selbi bir gün agasnyň
Sumkasyny açanda,
Gördi bulaşyk haty
Depderleriň içinde.

Sabyn tapyp,
Suw ýyldyp,
Ýuwuşdyrdy dessine.
Gören çagy agasy
Gygyrdy oň üstüne.

## JEMAL

Bir akja mata
Getirdi Jemal.
Iňňä-de sapak
Ötürdi Jemal.

Keşde hem çekdi
Biraz oturyp.
Gitmekçi boldy
Soňra ol turup.

Çekende mata
Gelmedi ele.
Tikäýen eken
Köýnegi bile.

## USSANYŇ JOGABY*

Sowalym bar, ussa aga,
Nädip aldyň ussa adyn?
Kimdir dakan beýle ady,
Aýt, kim seniň ussadyň?

Ussa diýdi: «Men bu ady Ilden
aldym, ilden aldym.
At dakanam ilim meniň,
Ilim meniň — çyn ussadym.

*1964*

** A. Allanazarowyň merkezi metbugatda ilkinji çap edilen goşgusy.*

# USSA

Kakamyň köwşi
Goçakdy örän.
Gülýärdi oňa Her
gelip garan.

Kiçeltmek üçin
Söküp başladym.
Temen, biýz alyp
Tikip başladym.

Eden işime Galdym
men haýran. Abatja
köwüş Boldy wes-
weýran.

Käýedi kakam,
Köwşüni görüp.
Nätjek-dä, durun
Boýnumy burup.

Emma garry enem
Ýylgyryp bakyp,
«Ussa bor» diýdi,
Arkama kakyp.

## ÇARY ÇOPAN

Ökde çopan
Jigim Çary.
Söýýär ony
Mallaň bary.

Bile bakýar
Ýylkylary,
Möjek, goýun,
Tilkileri.

Garnyn doýran
Keýikdir şir,
Giň meýdanda
Gürleşip dur.

Oýunjaklaň
Dilin tapan —
Meniň jigim
Çary çopan.

## MEŇZEŞ OGLAN

Gördüm ony,
Görýän ony,
Ýatladyp dur
Hakyt meni.

Maňa meňzeş
Burny, gaşy,
Agzyndaky
Gädik dişi.

Meňzeş onuň
Çepegi-de,
Kellä geýen
Papagy-da.

Baksam aýnaň
Alkymyna,
O-da gelýär
Alkymyma.

# GÜNÜŇ ÖÝI

Gördüm men Günüň
Dogup-batýanyn. Ýöne
görmändim Nirde
ýatýanyn.

Bir gün kenarda
Edýärkäm seýran,
Gün ýaşan wagty
Seretdim şol ýan.

Gün agşam deňze
Batýan ekeni.
Balyklar bilen
Ýatýan ekeni.

# ARTEKDE

## *ARTEKDE*

Artek gözel ýer,
Daglaň mekany.
Serwi, arçaly
Baglaň mekany.

Bir ýanda deňiz
Çaýkanyp ýatyr.
Kenarda ýaşlar
Syn edip otyr.

Akja panama,
Gar deý ak geýim
Her artekçiniň
Özüne gaýym.

Eger uzakdan
Seretseň şu ýan, Ak
guw sürüsi Diýersiň
hökman.

# *DEŇIZDE*

Geldik deňiz boýuna,
Gaýyklar dur hatara.
Ählimiz mündük baryp
Motorlyja katere.

Kowalaýar tolkunlar,
Itip biri-birini.
Suratyny çekmek kyn,
Aýdaýmak kyn baryny.

Deňiziň şorja suwy Käte
degýär syçyrap. Ýakymly
sergin şemal Ösüp dur
saçyň darap.

Watan hem dostluk hakda
Aýdym aýtdyk biz goşup.
Gitdi şat owazymyz
Deňizden daga düşüp.

## *AÝY DAGY*

Aýy dag deňze
Abanyp otyr.
Deňizi ýerden
Gabanyp otyr.

Uzakdan baksaň,
Misli bir aýy.
Diýýär görenler,
Hezil ol taýy.

Bir gün biz üýşüp,
Şol ýana gitdik.
Soňra dyrmaşyp,
Üstüne ýetdik.

Seretdik şondan
Daglaň gerşine.
Deňziň çyrpynyp,
Güwläp durşuna.

Bu ýerden indi
Uzak däl asman.
Deňiz güwleýär Diýýän
dek «Haýran!»

Haýran galarlyk
Bardyrys, deňiz. Aýa
münüp barýan
Artekçiler biz.

## *SEWASTOPOLDA*

Sewastopolyň
Sagy hem soly
Ýadygärlikden,
Güllerden doly.

...Kyrk üçünji ýyl,
Sowet gämisi,
Goraýarka bu
Mähriban ýeri,

Duşmanyň ençe
Gämisin ýykyp,
Galdy soň özem,
Şu ýerde çöküp.

Şeýle sözlere
Galtaşdy gözler.
Başlar egildi,
Gamlandy ýüzler.

Sewastopolyň
Sagy hem soly
Ýadygärlikden,
Güllerden doly.

## *HOŞLAŞYK*

Artdy Artekde
Dostlarmyň sany.
Bileje gezdik Eziz
mekany.

Birek-birege
Sowgat berişdik.
Bir dogan ýaly,
Gowy görüşdik.

Türkmenistana
Uçýarys tizden.
Daşymyz doly
Oglandan-
gyzdan.

Gezek-gezegne
Gysyldy eller.
Köp zat barada
Sözleşdi diller.

Diýdik biz ýene
Duşup duralyň,
Birek-birege
Myhman bolalyň.

Hoş galyň, dostlar,
Hoş gal, eý Krym!
Gowlugyň ýurdy,
Çal çarlaklaryň.

Silkinip galdy
Äpet uçarmyz.
Ýeters Watana
Indi tizden biz.

# KERIM BILEN BAL ARYLAR

## I

Giň ýaýlany,
Baýry, goly...
Gül büräpdir
Ýoda-ýoly.

Saýrak bilbil
Säher bile
Aýdym aýdyp
Berýär güle.

Ýel hem oňa
Garap geçýär,
Iki ýana Yrap
geçýär.

Arylar gül
Gujagynda Bal
ýygnaýar
Günde-günde.

## II

Bir gün ýaýla
Kerim atly,
Sübse guýruk
Gamyş atly

Bir oglanjyk
Gelip girdi.
Desse-desse
Çemen tirdi.

Bilbil gelip
Depesine,
Diýdi: — Güle
Degmesene!

Agşam, säher
Ysyn saçsyn,
Görenleriň
Göwnün açsyn!

Gulak asman
Ketjal Kerim,
Ýene ýygdy,
Sylyp derin.

Bal arylaň Geň
goşuny,
Ýel at münüp Oň
goşuny,

«Bolmasyn — diýp —
Güller zaýa», Topuldylar
Kerim taýa.

Undup atyn,
Ýitirip özün,
Kerim gaçdy,
Bakman yzyn.

Gazaplanan «Agyr
goşun»
«Naýza sançdy»,
Alyp daşyn.

Kä ýykylyp,
Käte turup,
Kerim suwa Urdy baryp.

Indi diňe Galdy
goşun.
Gitdi «Serdar»,
Çekip başyn.

III

Ýeňen goşun Hatar
gurup, «Wyz-wyz-wyz-
wyz» Deprek urup,

Gidenden soň Turdy
Kerim,
Öl-suw edip
Geýimlerin.

Soňam eňdi Öýlerine,
«Geläýmesin —
Diýip — ýene».

Aýna bakdy Şol gelşine.
Haýran galdy Öz
bolşuna.

Ýaňagy çiş
Topaz ýaly.
Ýüz-gözi-de
Çişden doly.

Saraşdyryp Ähli
ýerin,
Güýlünen dek,
Ýatdy bir gün.

Saplanansoň
Çişden ýüzi,
Kötekledi
Öz-özüni.

«Telek işe
Goşduň başy.
Gül hemmäniň
Göwün hoşy.

Hut ejemem
Diýdi şeýle:
«Gabahat iş
Etme beýle!»

Öz günämi
Ýuwmaly men.
Ýöne welin Näme
bilen?

Ýuwsa borka
Nädenimde?
Ýaýdanmaýyn,
Ejem barka.

Berer barsam
Maslahatyn!»
Kerim çapyp,
Gitdi atyn.

IV

...Kerim her gün
Pele geçip,
Kän köwlendi
Derin seçip.

«Gül büresin —
Diýip — pelim»,
Sepdi tohmun
Dürli gülüň.

Aýlanansoň
Günler-aýlar,
Indi güller
Parlaýarlar.

Kerim şeýdip,
Günde-günde
Hyzmat etdi
Güllerine.

Ýöne welin,
Bir gün ýene
Seredýärkä
Kerim güle,

Gördi aryň
Leşgerini.
Oň üstüne
Gelýär göni.

Kerim gaçyp,
Girdi öýe:
— Bu nä boluş? —
Diýe-diýe.

...Az salymdan
Ol daş çyksa,
Eýläk-beýläk
Gözün dikse,

Gördi iki
Küýzejigi.
Ary şeklli
Küýzäň ýüzi.

Kerim bakdy
Golaý baryp,
Hat bar eken,
Aldy görüp:

«Arylar biz, Wyz-wyz-
wyz-wyz... Kerim
daýhan,
Gülçi pälwan!

Gülleň bize Şatlyk
berdi.
Hem öýmüze Bagt
getirdi.

Arylar biz, Wyz-wyz-
wyz-wyz... Bal
ýasadyk,
Bol ýasadyk.

Dadyp gör sen,
Myhman bar sen! Haty
ýazan,
Setir düzen,
Arylar biz, Wyz-wyz-
wyz-wyz!»



# Güýçli At

## GUÝÇLI AT

Bir bar eken,
Bir ýok eken.
Bir güýçli at
Ýaşar eken.

Tirkäp yzyna
Arabany,
Kän daşapdyr
Arpa, uny...

Çöl ýoluny
Sökenmişin,
Öýe odun
Çekenmişin.

Bir gün — işiň
Böwşän güni
Oglan-gyzlaň
Hemmesini,

Güjüjigem
Goýman öýde,
Aýlapdyr at,
Niräk diýse. Öň
söz berse
Nätsin eýse

# GEZELENJE GELEN AY

Seretdi ol depeden
Alaňlaryň gerşine.
Ak şöhleler guş bolup,
Gondy çöpe, kirşene.

Guýularyň gözünde
Atdy düşüp öwşüni.
Ak süýt bolup doldurdy
Çopanlaryň köwşüni.

Birde guşa meňzedi,
Birde ýatlatdy Güni.
Ganatynda bulutlar
Dünýä aýlaýar ony.

Ähli haýwan uklansoň,
Kesilensoň jürküldi,
Başyn goýup bir baýra,
Aýyň özem irkildi.

# ENEMIŇ ÄÝNEGI

Enem janyň äýnegi Haýran
eder hemmäni. Tapsa
bolýar, dakynsaň, Keçä
gaçan iňňäni.

Bu äýnegi dakynsam, Meniň
keýpim saz bolýar.
Serçelerem ulalyp,
Ördek bolýar, gaz bolýar.

Kerpiçmikän diýýärsiň
Şokoladlaň hersine.
Owsunyp dur ak deňiz,
Baksaň süýtli kersene.

Garynjalar taýhary Düşürip
dur ýadyňa. Gerek bolsa,
gaňňalap, Gidiber soň
oduna.

Görkezeýin äýnegi,
Bize myhman gelseňiz.
Seredäýiň syçana,
Jojuk görjek bolsaňyz.

## MEN DORJA TAY

Laý-la, laý-la, laý-la, laý.
Men kiçijik dorja taý.

Barýan ýoldan çapalap,
Yzda goýup obany. Baýra
ýetsem, taparyn Goýun
bakýan babany.

Laý-la, laý-la, laý-la, laý.
Men kiçijik dorja taý.

Ary galdy çapyşyp,
Bildi ahyr hetdini. Öňden
barýan guşlara Etdim
ýetdim-ýetdimi.

Kebelegem çapyşyp,
Galdy ýalpak güzerde.
Dorja ondan ozmazmy,
Özgelerden ozar-da?

Laý-la, laý-la, laý-la, laý.
Men kiçijik dorja taý.

Baýra ýetdim, hezillik,
Ylgap ýörün jaýtaryp.
Uzak gitse, sürini Alyp
gelýän gaýtaryp.

Laý-la, laý-la, laý-la, laý.
Men kiçijik dorja taý.

# YLGAP BARYAN

Aýagymda çepejigim,
Ylgap barýan öňe bakyp.
Barjagymy bilýär mamam,
Garaşýandyr ýola çykyp.

Mamam eýýäm meniň üçin
Kakan erik ezendirem. Pelden
terne daşaşaryn, Mamam jany
begendirin.

Yzda galdy otluk, takyr,
Köprüsinden geçdim derýaň.
Indi obaň ak jaýlarny Gitdigimçe
açyk görýän.

Birdenekän obaň özem
Ylgaberdi maňa bakan. Men-ä
barýan mamamlara, Oba nirä
howlugýarkan?

## ÝEKE ÖZÜM IÝMEDIM-Ä

Ejem maňa gaharlandy,
Gaharlandy birdenekän.
Kän gözledim sebäbini Oň
sebäbi niredekän?

Ýatlaýyn men bolan işleň
Hemmesini ýekme-ýekden.
Edenim-ä kiselerme Süýji
salyp, daşa çykdym.

Süýji zyňdym Alabaýa,
Gapyşyny durdum geňläp.
Soňra doly kiselerim Ýuwaş-
ýuwaş gitdi ýeňläp.

Kelek geçi iýmese-de,
Gapdalynda goýdum hakyn.
Däne bilen garyp berseň,
Towuklaram çokjak eken.

Gitdim soňra derýa tarap,
Bilýän, onda bar-a balyk.
Galanlarny suwa zyňdym,
Balyk çöpläp iýer ýalak.

Ejem maňa gaharlandy,
Düşünmedim oňa men-ä. Ýogsam
hemmä bölüp berdim, Ýeke özüm
iýmedim-ä.

## BEYIK MEN

Gaýramyzda gara dag
Gaýşardyp dur döşüni.
Gitjek bir gün görmäge
Jülgelerni, daşyny.

Dyrmaşaryn daşlara,
Kynçylykdan haýykman.
Başym buluda ýeter, Borun
dagdan beýik men.

# DÜŞNÜKSIZ ENE

Düşünemok enemiň Edip
ýören zadyna. «Ýalta» diýen
lakamy Dakdy meniň
adyma.

Edip ýörseň diýenni,
Her gün irden turmaly,
Ýygnamaga düşegňi Oňa
kömek bermeli.

Goý, ýatsyn-da ýatan zat,
Men bu işe beled-ä.
Ýene düşer garaňky,
Soň ýatmaly ýene-de.

## ÇABGA

Ol bulut bolup
Aýlandy esli.
Synlady gökden
Belendi, pesi.

Käte-de akdy,
Misli suwly ýap.
Geçdi daglara
Garnyny oýkap.

Daşarda bizi Gören
mahaly (Bilmedim,
kime Geldi
gahary),

Ýagdy şabyrdap,
Diýdirdi «jynly».
Kowalap geldi
Öýmüze çenli.

## KIÇINIŇ IŞ BÖLÜŞI

— Penjireler, partalar
Bolsun örän arassa.
Görsün polda ýüzüni,
Eger her kim seretse.

Pol ýuwar Senem, Läle,
Dursun bolsa sübselär.
Ylýas, Gerek, Çaryýar —
Üçüsi suw daşap biýr.

Partalary süpürsin Ýazdyr
Nuryň topary.
Iki penjirä bolsa Belleýäris
Sapary.

— Özüň näme etmekçi,
Hany, aýtsana, Kiçi?
— Menmi?.. Hä, men bar işleň
Üstünden seretmeçi.

# DURNUKSYZ

Dürli gurnaklar
Işleýär bizde.
Mugallym diýdi:
— Gatnaşyň siz-de.

Her kim saýlady Belli
bir ugry. Üç-dört
gurnaga Ýazyldy
Nury.

Doly gatnaman Hiç
birisine,
Täze gurnaga
Ýazyldy ýene.

Ähli gurnakda Bolsa-
da ady,
Şindi ýok Nuryň
Öwrenen zady.

# OGRY PIŞIK NÄME IÝER

— Aýdyň hany,
Biliň şuny,
Ogry pişik näme iýer?

— Iýer süýdüň gaýmagyny,
Tapsa, burnun sokar aşa. Etiň
çylka süýji ýerni Guma bulap,
çeker daşa.

— Öý eýesi duýsa muny,
Ol pişige näme diýer?

— Ogry pişik semräp barha,
Ulalar-da, döner kepbä.
Öý eýesi duýan wagty Taýak
iýer güpbe-güpbe.

# IŇ OŇAT PASYL

## *GYŞDA*

Diýýän ýaly «Hiç kimem
Seni gaýdyp görmesin». Gyş
gar bilen ýapyp ýör
Derýalaryň erňegin...

Garda taýasy gelen Bilermi
heý, saklanyp? Hezil edýär
gar pökgi, Eýläk-beýläk
oklanyp.

Oýnadykça şatlandym,
Aýaz-sowgy duýmadym.
Çekdim buza göle, it... Goý,
olaram oýnasyn!

Daş-töwerek arassa,
Edil garyň özi-dä.
Ýöne ýazyň gelerne
Garaşýaryn özüm-ä.

# *ÝAZDA*

Dökülip dur asmandan
«Paraşýutçy» damjalar.
«Ös, saçym, ös!» oýnaýan,
Damybersin damsalar!

Gökje-gökje pyntyklar Örüp
barýar erigme.
Sähra geýýär gök kürte Ak
köýnegiň deregne.

Ýere pagta ekilýär,
Tiz görkezer şinesin.
Sergin bolar ýaz pasly,
Palçyklyrak diýmeseň.

Ýöne tomus oňat-la, Bişirýär ol
bar zady. Agzymda dur
«Waharman» Süýji gawunyň
dady.

## *TOMUSDA*

Bugaryp dur gyzgyndan
Ýeriň äpet arkasy.
Saralypdyr meýdanda Peliň
bugdaý, arpasy.

Gawun, garpyz çekýärin,
Salyp ala horjuna.
Tomus meni öwürdi Duran
gara jürjenä.

Bökdüm suwly ýaplara,
Ýüzdüm, «alma» oýnadym.
Oýnamaly oýunlaň Oýnap,
kemin goýmadym.

Kän iýesim gelenok Indi gökje
terne-de.
Tomus halys irizdi,
Şol derlede-derlede.

## *GÜÝZDE*

Sary güýzüň gelenin
Görýärin ýer ýüzünden.
Hezil edip iýýärin Güýzän
süýji üzümden.

Atyzlara görk berýär Akja-
akja hanalar.
Baglar sary ýapragyn Ýere
oklap sanaýar.

Tylla güýzem erbet däl, Öz
tagamy, dady bar. Ýöne
welin men ýene Akja gyşa
hyrydar.

* * *

Pasyllaryň hersinde
Bolsam-da ýekän-ýekän.
Şindem anyk bilemok,
Iň oňady haýsykan?!

## AÝSENEM

Kiçijik gyz Aýsenem, Diýdi
Aýa: «Aý menem, Seret,
seret maňa sen,
Meňzeşdirin saňa men.
Ýogsam, ejemdir enem
Diýmez ahyr «Aý senem

## HABAR BERIŇ

Meniň dostum ýitdi,
Dost dagam däldi.
Daşarda gemiren
Süňkleri galdy.

Galdy onuň öýi,
Ýal iýýän jamy.
Oglanlar, dilleniň,
Heý, gören barmy?

Salgyny aýdaýyn,
Görseňiz eger.
Belki, tapmagyma
Kömegňiz deger.

Dört aýagy bardyr,
Birem kellesi.
Gyrylmadyk bolsa,
Durudyr sesi.

Başy çykýan däldir
Hasapdan-zatdan.
Sorasaňam, goşgy
Okamaz ýatdan.

Ady Alabaýdyr,
Guýrugy uzyn.
Dilini görkezer
Ýatanda ýüzin.

Halaýany süňkdür,
Berip göräýiň.
Eger iýse, onda
Habar beräýiň.

## YOL

Biziň öýümizden
Çykdy ol göni.
Kowaladym men
Düýn öýlän ony.

Gaçdy ýol menden,
Öňümde süýnüp,
Ýapa ýarmaşyp,
Pesaşak inip.

Esli gaçansoň
Ýadady, irdi
Baryp Marallaň
Öýlerine girdi.

# ENE TOKAÝ HEM PILBASAN HAKYNDA ERTEKI

## I

Bulutlaryň aşagynda,
Arkasynda giňiş ýeriň
Hüwdüleýär ene tokaý
Gujagynda balalaryn.

Gezýär munda sugun, gylýal,
Dodaklaryn boýap göge.
Kömelekleň telpeginde Tans edip
ýör belka-çaga.

Aýylar bar,
Jojuklar bar,
Bar tilkiler temen burun.
Gyrawlap dur mör-möjekden
Çekgeleri ýapraklaryň.
Yssy günler ene tokaý
Giňden açyp aýasyny,
«Tenmesin — diýp —
balalarym»
Salýar ýere saýasyny.
Ýagyş ýagsa saýawan ol, Guşa-
gumra ýakyn hossar.

Hemmelere gujagyndan Orun
berýär ýaganda gar.

Ýaşyl tokaý — ýaşyl gala,
Bezegi ol dünýäň — Ýeriň.
Tokaý — nandan doly öýi, Jan
watany hemmeleriň.

II

Pilbasana — bu tentege Köpler
entek belet däldir. Ini-boýy
tama meňzeş, Ýöräp gitse, ýoly
doldyr.

Maňlaýynda hatara göz,
Hemme gözi heke meňzeş.
Ýuwulmadyk, kirli dişi Gatap
giden söke meňzeş.

Ýaşaýar ol şu golaýda,
Saýyp özün dünýäň hany. Şoň
elinde sugunlaryň, Kirpileriň
— hemmäň jany. Özgelere
güýji ökde,
Özi pildi, özi şirdi.

Pyşdyllary bäşdaş edip,
Zyňyp-gapyp, özi irdi.

Penje urup aýylaryň Çogmak
tüýli gulagyna, «Maňa gerek,
çykar!» diýip, Eýe çykdy
balagyna.

Towşanlary topar edip,
Öz dilinde çapyşdyrdy.
Jojuklary islän wagty Pökgi
edip depişdirdi.

Sylamady goňşularny,
Giň tokaýy, mährem öýün.
Gaýgyrmady agaçlary, Döwüp
gezdi gamyş deýin.

Guma gardy alma, hozy,
Depgiledi injirleri...
Hemmelere azar berdi,
Nalatdy ol ene ýeri.

III

Geldi ak gyş, gar tozadyp,
Töweregi ýapdy sürçek. Guş-
gumrular giň tokaýyň Gujagyna
girdi birçak.

Ördeklere,
Belkalara
Ene tokaý orun berdi.
Daşdeşenler ýolkalaryň Etegine
kürsäp urdy.

Gaçdy gyşdan towşan, syçan
Agaçlaryň gujagyna.
Ýaprak ýapyp arkalarna,
Ýylyndyrdy tokaý ene.

IV

Çydaman gyş aýazyna, Gözläp
ýyljak, bukuja ýer Alňasaşyp,
bu tokaýa Sümjek boldy
pilbasanlar.

Şonda ynjan çybyjaklar
Şarpa-şarpa ýüzne urdy.
Tokaý uzyn syryklarny
Naýza edip, gezäp durdy.

Giň tokaýy — külbesini
Sylamansoň ilkibaşda,
Tokaý golaý getirmedi,
Pilbasanlar galdy daşda.

Zor ekeni aýazly gyş,
Diýýän ýaly «Süňküň eksem»,
Pilbasanlaň hemmesini
Doňdurdy ol ýekme-ýekden.

Gabap tutdy gaçanynam,
Gar bürenen sansyz alaň.
Şeýdip, heläk boldy bary
Päliýaman pilbasanlaň.

* * *

Bulutlaryň aşagynda,
Aýasynda eziz ýeriň,
Ene tokaý hüwdüleýär
Gujagynda balalaryn.

# YYLDYZYŇ ÝOLY
*(Poema)*

I

Daglaň gowagynda,
Çägeliklerde,
Giňiş takyrlarda,
Pahally ýerde,

Gökje ýapraklaryň
Aýalarynda Hem
balhy tutlaryň
Saýalarynda

Gara oýlugyny
Aşagna düşäp,
Gökden inen gije
Oturdy aşak.

Gör, indem ýyldyzlar
Ýeke-ýekeden Gaçýar
rahat köle, Gaçýar
depeden.

## II

Bir oglanjyk otyr
Köle esedip,
Ýyldyzlara bakýar,
Gözleri gidip.

Ýok, ol balykçy däl,
Oň ady Ylýas. Gelýär
ol şu taýa Her gije
ylgap.

O-da gözün gypýar,
Göz gypsa ýyldyz.
Diýýär ýyldyzlara:
«Golaý geliň siz!»

Alyp kisesinden
Ullakan alma,
Ýyldyzlara diýýär,
Güjeňläp: «Al, me!»

Ýyldyzlar gelenok,
Gelenok birsem.
Ýylgyrýar olaryň
Barysy birden.

Birde Ylýas köle
Oklady çörek.
Oýlandy: «Indi-hä
Gelseňiz gerek.

Çal owlagam meni
Söýmändi birden.
Bir gün kepek berdim,
Bir gün ot berdim.

Indi meň garamy Görse
bir ýerde,
Elimi ýalaýar,
Böküp gelýär-de.

Sizem meň çöregmi
Datsaňyz häli,
Ylgap gelersiňiz Çal
owlak ýaly».

Ýyldyzlar gelmedi, Olar
geňdiler.
Ýene-de ýylgyryp,
Ony ýeňdiler.

Ylýas alaç tapman,
Oturdy birdem.
Hyýalna bir emel
Geldi oň birden.

Gitdi, ýyldyzlara
Şadyýan gözläp:
«Ýyldyzjyklar, sizi
Tutaryn sazlap».

Bir uzyn çeňňegi
Getirdi öýden. Zyňdy
uly köle:
«Al, gurçuk iýseň?».

Soňra ýyldyzlaryň
Düşjegin ýatlap,
Gaýtdy öýlerine,
Göwnüni şatlap.

III

Gurlan çeňňejigem
Tutmady derek.
Bir balyjak tutdy
Ýyldyza derek.

Wah, Ylýasa bolsa
Gerek däl balyk.
Oňa ýyldyz gerek,
Özem köz ýalak.

Gündiz ornun gijä
Berende, ýene
Ylýas köl boýuna
Barýar, görsene.

Oň hyýaly indi
Şeýle etmeli —
Köle girip, birni
Garbap tutmaly.

Etegini basyp,
Mylaýym kölüň,
Owadan ýyldyza
Uzatdy elin.

Ýyldyzlaryň bary
Tesdiler beýläk.
Ylýas penje saldy,
Ýene göz aýlap.

Diýenine bakman,
Ylýasyň «Niräk?»,
Ýyldyzlar gaçdylar
Bir-birin süýräp.

Ylýas yza döndi,
Edip howatyr.
Wah, ol entek ýüzüp
Bilenok ahyr!

IV

Ençeme gün Ylýas
Köl boýna barman,
Ýüzmegi öwrendi
Gününi yrman.

Ýabyň balyklarna
Meňzedi ýördi.
Kenardan kenara
Geçibem gördi.

Agşam gökde ýyldyz
Ýananda ýüzläp, Ýene
pyşyrdady Asmana
gözläp:

«Eşidiň siz meni,
Gülýän ýyldyzlar!
Sizden hyýalymy
Üzmen, ýyldyzlar!»

Ýadamady, ýüzdi
Gün-günden artyk.
Barha-da giňedi
Örüsi artyp.

Balyk dek ýüzmäge
Bolanda ökde, «Ýene-
de ýyldyzlar
Gaçandyr gökden».

Diýip, köl boýuna
Ylgady Ylýas.
Onuň ynamy-da Indi
uly has.

Ýyldyzlara diýýär:
«Üstümden gülmäň,
Bileje oýnalyň,
Gaçjagam bolmaň!..»

Ýöne gaçdy olar,
Taýyşyp suwda.
Ylýasam köp gezdi
Şol kowha-kowda.

V

Töwerek agardy
Ýuwaş-ýuwaşdan.
Tizden Gün gyzaryp,
Göründi daşdan.

Suwda ýyldyzlaryň
Ýok indi biri.
Gidipdir bir ýere
Olaryň bary.

Ýyldyzsyz dolandy
Bu günem Ylýas.
Ýene onuň ugrun
Tapjagny bilýäs.

Ýyldyz ýolun yzlap
Gitdikçe artyk,
Ylýasyň hünärem
Şol barýar artyp...

* * *

Gije geldi,
Kölde ýyldyzlar ördi.
Ýyldyzlar ýene-de
Ylýasy gördi.



"ÄÝAZÝAN"

## «A»ÝAZÝAN

Tanaýan «A»-ny,
Ýazýaryn «A»-ny.
Barha köpelýär
«A»-laryň sany.

Galamym bilen
Depdere ýazdym.
Hekim bilenem Köp
ýere ýazdym.

Maşynyň köne
Tekerne ýazdym.
Öýüň basgançak
Çykarna ýazdym.

Agyn «A» boldy
Ýokardan aşak
Baglara «A»-dan
Guşadym guşak.

Gumak ýerlere,
Çyzybam ýazdym.
Töwerek daşy
Gezibem ýazdy.

Bosagamyzda,
«A» ýatyr telim.
Okasyn ejem,
Okasyn enem.

A men «A» ýazman
Durup bilýänmi?
Görsünler «A»-ny
Ýazyp bilýänmi!

«A»-dan başlanýar,
Adymam meniň. Pugta
dostlaşdym, Şeýdip «A»
bilen.

Kyn däl «A» ýazmak,
Ünsli bolsaň,
Hekiň bölegni Eliňe
alsaň,

Eýläk bir aýak, Beýläk
bir aýak, Biline bolsa
Keseje taýak.

## ULY ÝOLUŇ ÜSTÜNDE

Ertir irden turan wagtym, Enem
bilen deňje turdum. Ýoldan
ötüp-geçenleri Ýol gyradan
synlap durdum.

Geçip gitdi traktorçy,
Ýagly geými — öňki tüýsi.
Şonda howa birazajyk Ýaýrap
gitdi ýagyň ysy.

Bu daýzanam tanaýan men,
Geçýär ýoldan günde-günde.
Süýtçi daýzaň ak halady Bu gün
onuň goltugynda.

Düýe çopan geçen wagty, Oňa
golum buladym men. Bir gowuja
köşejigi Özüm üçin diledim
men.

Şofýor daýy, o-da geçdi, Öňler-ä
ir öterdi ol?
Bu gün meni gören däldir,
Ýogsam, başyn atardy ol.

Indem ýoldan eşeklije
Hyýalymda özüm ötdüm.
Suwçy barýar suw tutmaga!..
Özüm hakda pikir etdim.
Gapdalymdan geçip gitdim.

## YZLAP ÝÖRSEM ŞEMALY

Yzlap ýörsem şemaly,
Oňa synym oturýar.
Ýapdan geçse, şol suwa,
Etegini batyrýar.

Baglar bilen degişýär:
«Goparaýyn bir seni!»
Silkeleýär gujaklap,
Agaçlaryň hersini.

Çägedäki yzlary Üfläp-
üfläp düzleýär.
Öz uçuran kagyzyn
Gamyşlykda gizleýär.

Yzlap ýörsem şemaly,
Herýan äkidýär meni.
Ol maňa-da görkezýär,
Her tapan täzeligni.

## TORGAÝ

Galkyp ýerden derek boý,
Torgaý gökden esetdi.
Soňam janserek bolup, Pel-
pelledi, ses etdi.

Näderini bilmän dur,
Güläýmeli, hut gülseň.
Näme beýge galdyň sen,
Düşüp bilmejek bolsaň?

## KEBELEK

Daňyň çygyn çeken otlaň
Hozanak sen depesinde.
Arasynda gül-pürçügiň Görýän
seni günde-günde.

Seniň gonýan meýdançaňam
Ýaprak üsti, gül depesi.
Men uçaram diýjek saňa, Edip
bilseň «gür-gür» sesi.

## LÄLEZARDA

Gezip ýörseň giň Badhyzy,
Görüp ýörseň Lälezary.
Garagumda ösýän gülleň Hut
şu ýerde ösýär bary.

Kowaladym kebelegin,
Ganatlary menek-menek. Şol
ýyndamja kebelejik Tutup
bilsem, maňa gerek.

Lälezaryň arylary Galgaşyp
ýör gülden-güle. Balçelegin
yzna tirkäp,
Bal çekýärler öýlerine.

Kän eglenýär bu ýan gelen,
Kän eglendim Lälezarda.
Ýuwa-ýelmik,
Gül ýygsamam,
Hemmeje zat ýetik bärde.

## DAGLAR

Olaň gözi asmanda — Oň
görmedik ýerinde.
Gygyrjaga meňzäp dur,
Gökden biri görünse.

Daglaň hersi raketa,
Depesinden ýagýar nur.
Kimdir birne garaşyp,
Uçjak-uçjak bolup dur.

# BAGT

Bagt diýen zadyň
Nämekän özi?!
Barmykan aýagy,
Elleri, yzy?!

Ýa-da bagtyň özi
Garga, garmykan?!
Ýa-da keýik bolup,
Gaçyp ýörmükän?!

Belki, ol ojakdyr
Hem onuň ody.
Ýa-da bagt şoldur,
Jigimiň ady.

Mümkin, bagtdyr şol,
Balyklar, gomlar. Ýa-da
kinodaky
Gippopotamlar?!

Köp zady çaklaýan,
Oýlanyp ýörýän.
Belki, bagt ýoldur
Öýmüze barýan!

## ÇYNYM

Öýkeledim öýmüzden men,
Gezip ýörün indi daşda.
Ejemdenem,
Mamamdanam,
Ýaşajak men aýrybaşga.

Saman kepbe — çolaja öý. Ýataryn
men törne ötüp.
Ony öýe meňzederin, Aýnasyna
tuty tutup.

Alyp geldim ädigimi,
Gyşda geýip ýörer ýaly,
Dürbimem bar, bärden gözläp,
Mamam jany görer ýaly.

Meni görüp güldi ejem, Şindem
gülýär salgap elin: «Oglum indi
uly adam, Ýaşanok ol biziň bilen».

Gülse gülsün, maňa näme,
Olarsyzam geçer günüm.
Ajygýançam gaýdyp barman,
Barman öýe, eger çynym!

## ENEM BILEN MEN

Guzujygym ýada düşdi,
Çaý içýärkäm hezil edip,
Bir käse çaý, iki süýji Eltip
berdim oňa gidip.

Edýän işim görüp meniň,
Hüňürdedi maňa enem:
«Dur sen, Senem,
Dur sen, Senem,
Gulajygňy bursam seniň!»

Gördüm pelde uly kelem, Gün
urýarmyş günde dursaň. Çöp
dikdim-de, ýaglyjagmy Oňa saýa
edip berdim.

Honha, enem bärik gelýär,
Oň diýjegni eýýäm bilýän:
«Dur sen, Senem,
Dur sen, Senem,
Gulajygňy bursam seniň!»

## SÄHER

*Ýa. Akime*

Süýjäp-süýjäp tüm gije
Gündiz bolup ýaryldy.
Parlap çykdy ot-çöpler,
Jümle-jahan bar indi.

Uklap ýatyr ümsümlik,
Ýüze ýaýradyp derin.
Ýatyr süýji ukuda
Gundagynda gülleriň.

Säher ýene göterdi
Torgaýlary belende.
Ganat berýär göwne ol
Şeýdip, her gün gelende.

## DÜÝE BARÝAR

Düýe barýar,
Düýe barýar,
Düýe barýar leňňer atyp,
Daban yzy ak çägede Möhür bolup, galýar batyp.

Alakalar ýapylarda Has köpelýär, düýe ätse, Alakalar arzuw edýär: «Gezelenje alyp gitse!»

Gezelenje gitmese-de,
Synlamagy söýýär olar.
Özlerini düýä münen
Syýahatçy duýýar olar.

## KÖŞEK

Parasatly
Diňin salyp,
Mahal-mahal
Gäwüş çalyp.

Köşek çölde
Aýlanyp ýör,
Ýerden esli
Saýlanyp ýör.

Ýok göwnünde
Gitsem küýi,
Niräk gitsin? Çöl
oň öýi!

## ŞEMAL

Ygyp ýör şemal,
Hyzlap herýana.
Ýapraklar bilen
Uçýar asmana.

Baglaň başlarny
Herýana yrap,
Berýär guşlara
Hiňňildik gurap.

# JEMAL MAMAŇ NEBERESI

I

Giň obanyň ortasynda Gözüň
düşýär äpet tama. Köşge meňzeş
bu giň jaýda Gök çaý süzýär
Jemal mama.

Bir gelini çörek ýapsa,
Nahar atar beýlekisi.
Şatlyk goşýar şatlygyna
Çowluklarnyň gülki sesi.

Akylly oň ýuwluklary,
Tapyp berýär äýnegini.
Gyzlar bolsa häli-şindi
Ýuwýar onuň çäýnegini.

Ir ertirden agşama çen Uzak-
uzak obalardan Myhman gelýär
Jemal mama Çagalaram,
babalaram. Kimler gelýär maşyn
münüp, Kim düýeli, eşeklije.
Garry-garry mamalaram Diýýär
oňa: «janym, eje!..»

Bu gelýänler oň guwanjy,
Şärik nany-saçagyna...
Kiçijikler güle meňzäp,
Dolýar onuň gujagyna.

II

Bir gün Jemal mamalardan
Mekdebmize gatnaýanyn,
Aýryp-goşup sanadyk biz,
Bilmek üçin anyk sanyn.

Birinjide otuz sany,
Ikinjide ýigrim bäşi.
Onusynyň dolup barýar
Mekdebe barmaly ýaşy.

Bäşinjileň klaskomy,
Ökdeleri Ýusup, Gunça.
Altynjydan on bir sany,
Ýedinjiden ýene şonça.
Sekizinjide okaýarlar Berdi,
Hommat, Taňňy, Sary... Jemal
mamaň neberesi Olaryňam gylla
ýary.

Ene-atalar ýygnagyna Haçan
üýşmek bolsa gerek, Jemal
mamaň özi gelýär,
Özi gelýär hemmä derek.

III

Kyndyr tapmak Jemal mamaň
Öýlerine belet däli.
Eziz onuň giňiş öýi,
Jemal mamaň özi ýaly.

Haçan baryp, haçan girseň, Salam
berip, tämiz jaýa, Gözüň düşýär
diwardaky Suratlara — üç mert
daýa.

Biri Oraz, biri Sapar, Allamyrat
ýene biri.
Döşlerini orden bilen Bezän eken
olaň bary. Ýatlansa-da sarpa
goýlup, Obamyzyň toýlarynda,
Ýok, olary göremok men
Üýşmeleňde, öýlerinde.

Gurban bolan esger olar,
Olar mamaň jigerbendi.
Jemal mama üç gubury
Görüp gelýär her ýyl
indi...

Ülkämizi gezip ýörseň, Söküp
ýörseň belent-pesi, Gabat
gelýär hemme ýerde Jemal
mamaň neberesi.

Nury, Bäşim gulluk edýär,
Bir bölümde aýak goşup. Her
gün olar hat ýazýarlar
Mamalarna bileleşip.

Demir ýola çykyp dursaň,
Kändir ötýän otlyň sany.
Jemal mamaň bir çowlugy
Olaň birniň «kapitany».

Kim islese synlamagy Bar
reňkini gögüň-ýeriň.
Synlaýmaly Jemal mamaň

Ak halatly Ylýas, Senem
Dertlileriň halasgäri.
Ady belli ýygymçydyr
Çowluklarnyň telim biri.

Mugallymlaň sany ýetik,
Olar köpe berýär tälim. Biri
çopan, biri ussa, Başga biri
belli alym.

* * *

Her şäherde,
Her obada
Ýaşap ýör oň çowluklary...
Mähir bilen garşy alýar,
«Mama» diýip, baran ýeri!

# ŞULAR YÖNE...

Sapaklarma taýynlanjak,
Taýynlanjak ýekme-ýekden.
«Türkmen dili» kitabymy Öz
öňüme golaý çekdim.

Şol arada «wyz-wyz» siňek
Maňlaýymdan ýöräp gitdi.
Aýlap salan galamdanym Oň
yzyndan kowup ýetdi.

Ýene ýaňy başlanymda, Öňkim
ýaly ýene başdan, Ejem bilen
jigilermiň Hüňürdisi geldi
daşdan.

Olaň sesin goýduramsoň, Ýene
kitap aldym ele.
Daşda bolsa oýnap ýörler, Meň
dostlarym gyzlar bile.

Biri gaçýar,
Biri kowýar,

Baý, hezil-ä oýun çakdan. 

Öz ýanymdan arzuw edýän,
Wah, tizräk daşa çyksam...

Zehinsizem däl meň özüm,
Okajak men yrman güni. Ýöne
welin öz günüme Goýanoklar
şular meni.

## HEKAÝAT

Egni ýüň çäkmenli,
Telpegi gaba,
Ýaşapdyr birmahal
Aksakgal baba.

Entek kakam ýokkan,
Ondanam ir has,
«Bolar — diýip, birçak —
Agtygym Ylýas».

Çöli döredipdir,
Gyzgyn çägeden.
Indi oň üstünde Ylgap
ýörün men.

Köp suwly derýanyň
Owsaryn çekip,
Oba getiripdir Uzak ýol
söküp.

Balyklar böküşip,
Gazlar gelipdir.
Şeýdip, lummur derýa Hezil
bolupdyr.

«Ylýas oýnar» diýip,
Depesine çykyp,
Ýasapdyr çal dagam,
Köp azap çekip.

...Aňyrda giň asman
Arzuw edere. Islesem,
guş bolup Uçup
gidere.

# GÜZERDE

Günortan öýmüzden
Gözlemäň meni.
Akaryň boýuna
Geläýiň göni.

Bärde suwa düşýän
Ýeke özüm däl.
Taýharym,
Güjügim, Oglan-gyzam
kän.

Ala pökgimizem
Ýanymyzda bar.
Ol bize goşulyp
Oýun oýnaýar.

Günem yssyny kän
Halap baranok.
Suw görse oýtarlap,
Gaçyp ýörenok.

Taýharym,
Güjügim,
Oglan-gyzlar bar.
Günem bize goşlup,
Suwa düşüp ýör.

## SAN SANAÝAN

Süri geçende
Sanadym çykyp. Bir
çetde durup,
Barmagym büküp:

Bir, o-da iki,
Sary sygyr — üç.
Ýepelek şahly,
Haýalrajyk geç!

Bäş, alty, ýedi,
Ol sygyr sekiz.
Sekiziň yzy
Zeberdes öküz.

Sanym ýitäýdi,
Şu ýere ýetip.
Sygyrlar bolsa Dur
şindem ötüp.

Ýalbardym sürä:
Dem-dynç alaýyň!
Yzyn ejemden Sorap
geleýin.

## WELNAR AGA

Sakgal-saçyn ak basan,
Maňlaýy gasyn-gasyn.
Welnar aga şonda-da,
Söýget etmez hasasyn.

Ýaşasa-da segseni,
Ýoluny tapýar göni. Gök
eşegiň üstünde, Her
günde görýäs ony.

Seredýär mala-gara,
Seýran edýär daglara.
Käte uly horjunly
Gidýär Mara, bazara.

Almaz atlaz, sowsany,
Alar süýjiň gowsuny.
Gelip oglan-gyzlara
Üleşdirip biýr ony.

Süýji iýen şatlanýar,
«Ýene» diýen şatlanar.
Welnar agamyz bolsa,
Şatlygmyza şat bolar.

* * *

Onuň telim käri bar.
Elek, orak ýasap ýör.
Welnar agaň işine Bütin
oba hyrydar.

«Altyn elli zor kişi»
Taryp edýär bar kişi.
Bizem ýanyna barsak,
Öwredýär dürli işi.

Synlamagam söýýäris,
Hem öwrenip goýýarys.
Bizem Welnar aga deý
Ussa bolsak diýýäris.

* * *

Ýolugaýsaň bir derde,
Welnar aga biler-de,
«Tap neneň, köşek?» diýip,
Sorar seni geler-de.

Maňlaýňy tutup görer,
Hemem göwünlik berer. Tä
galýançaň düşekden, Ýanyňa
gatnar ýörer.

* * *

Kitaby däl, ýady bar,
Gürrüňinde jady bar.
Welnar agaň gürrüňne
Biz mydama hyrydar.

Hezil edip diňleýäs,
«Bä... bä...» diýip, geňleýäs.
Biziň goşun ýeňäýse,
Bir azajyk ýeňleýäs.

... Kä kowup, kä gaçýarys,
Dagdan, çölden geçýäris.
Ýigit bolup Görogla,
Gyr atlara uçýarys.

* * *

Dürli oýun öwrenýäs,
Dürli oýun oýnaýas. Welnar
aga synlasa,
Hezil bolýar oýun has.

Urşaga «ýaman» diýýär,
Sojana «çaman» diýýär.
«Daýyň kel bor» diýende,
Aglanam sesin goýýar.

Ýer goýmaz aglamaga,
«Aglamok men-ä, baba»
Diýip, diňen oglanjyk
Başlaýar oýnamaga.

* * *

Welnar agaň dosty biz,
O-da biziň dostumyz.
Bile surata düşdük,
Ine, synlap görseňiz.

## BAÝYRLAR

Akja ýassyga meňzeş
Baýyrlar gyş gelende.
Ýaşyl ýassyk baýyrlar,
Meýdanda ýaz gülende.

Baýyrlar sary ýassyk,
Tomus gelende parlap.
Güýzde onuň ýüzünden
Ak ýagyş akar şarlap.

Gije gelse, baýyrlar
Goýuna-guza ýetýär.
Ýassyklary ýassanyp,

## MENIŇ GOWJA BALYGYM

Balyjygym ýüzüp ýör, Aýna
kölüň içinde.
Gapyp alýar dessine,
Dependen iým gaçanda.

Çümün suwuň düýbüne,
Ýok bolubam ýatýar ol.
Köwlendirip guýrugyn,
Madallagam atýar ol.

Özün bolsa atypdyr,
Dury suwuň bollugyna.
Höwes bilen içip ýör,
Indem aýak aldygna.

Ýüzüp geler golaýma
Guýrujygny bularda.
Meniň gowja balygym
Durşy bilen hünär-le

## GYŞ ŞONDA BOLÝAR

Gyş haçan bolýar,
Bilmeli nädip?
Gyş şonda bolýar
Geýilse ädik!

Ýollar çaňjaryp,
Gömülse gara,
Bulaklar igläp,
Meňzände tara.

Öýler kükedip,
Çekende çilim,
Daşarda sowuk
Dalanda elim,

Biziňem işik
Dolanda gardan,
Enemem peje
Süýşende törden,
Gyş şonda bolýar!

## NUR PAYLAYAN OGLAN
*(Poema)*

Gögüň aşagynda,
Ýeriň üstünde.
Bir oglanjyk ylgap
Oýnady günde.

Burnun deňeşdirdi
Gazlary tutup.
Çaldy pyşdyllaryň
Çanagna gatyk.

Oýnady oň bilen
Kebelek, keýik...
Boldy daga çykyp,
Hemmeden beýik.

Bu ýer oglanjygyň
Halaýan ýeri.
Egninde meýdanyň
Gökkerrekleri...

* * *

Bir gün aýaz çökdi
Dünýäň gerşine,
Atlaň ýallaryna,
Çöpe-kirşene.
Düşäp aşagyna
Ýodany-ýoly,
Suwap depeleri,
Derýany, köli.

Dagy kellesine Edindi
ýassyk, Meýdanyň
boýnundan Sallady
sustluk.

Ileri-gaýrany
Özi sorady,
«Esger» gargalary
Çekdi goragy.

«Ot ýakmak gadagan»
Berildi perman.
(Ot ýakan kellesin
Etmeli gurban).

* * *

Oglanjyk bu günem
Meýdana geldi.
Öz dostlary bilen
Oýnajak boldy.

Pyşbaga doňupdyr
Ýapyň ýüzünde.
Buz gördi keýigiň
Gara gözünde.

Goýunlaň possuny
Bolsa-da ýyly,
Dişi şakyrdaýar,
Sandyrap goly.

Dünýä doňup otyr
Bilenok gepläp.
Oglanjyk ot ýakdy
Çöpleme çöpläp.

Aýaz tisgindi-de,
Oýandy birden.

Gara Gün gyzaryp,
Dogupdyr ýerden.

Ähli gargalary
Düzdi hatara.
Diýdi: «Tutuň ony!»
Deprek «ra-ra-ra».

Eli uzyn buzly
Naýzaly goşun. Geldi-
de gabady Oglanyň
daşyn.

Köpleşip oglany
Saldylar halka.
Äkitdiler soňam
Zyndana bakan.

Ýene-de sowady
Zeminiň teni. Agraldy
oglanyň Dostlarnyň
güni.

Oglanjyk zyndanda
Galmady uzak.

Ol barha taplandy,
Boý-ini uzap.

Zyndan diwaryny
Ýykdy oň bady.
Çykdy ol täzeden
Ýakmaga ody.

Aýaz basga düşüp,
Toplady goşun. Ýene-
de gabady Oglanyň
daşyn.

Ýene-de duşmanyň
Gol güýji artyk.
Saradylar ony On
ýerden dartyp.

Aýaz höküm etdi Buz
naýzalara:
«Itiň ony suwa!»
Deprek: «ra-ra-ra»...

...Deňiz köpürjikläp
Gaýnady bir dem.

Oglan pälwan bolup,
Tiz ösdi ýerden.

Boýy uzalypdyr,
Ýazypdyr ini.
Ýok onuň gorkusy, Hiç
kesden müýni.

Aýaz basga düşdi
Ot alan ýaly.
Ýene daşyna üýşdi Bar
generaly:

— Uçutdan eňterip,
Gark edip gördüm.
Zyndana salsam-da,
Çykdy ol ýerden.

Näme alaç ederis,
Beriň maslahat?!
Diýdi bir general:
«Topa salyp at!»

Tizden läheň topy
Alyp geldiler.

Gargalar oglany
Topa saldylar.

Guş-gumrular görüp,
Boldular hapa.
Gargadylar aglap,
Aýaza, topa.

Amal edilmänkä
Aýylganç buýruk,
Oglan peýda boldy
Buz topy ýaryp.

Indi onuň gaýraty,
Öňküdenem kän.
Aýaz yza tesdi,
Köşgüne bakan.

* * *

Aýazyň haşamly
Köşgüni ýykyp,
Oglanjyk ot ýakdy,
Meýdana çykyp.

Barha alawlaýar,
Ýylysy artyp.
Ähli üşänleri
Ýanyna dartyp.

Garaňky ýerlere
Seçeleýär nur.
Dünýäň ýüreginde
Ot alawlap dur.

## ATLY BOLSAŇ

Bürgüt bolup gondum ýene Dor
alaşaň eýerine.
Atyň üsti diýseň hezil Jylawyny
eýerene.

Dört tarapym seleň meýdan,
Gezip çyksa bolar çöli.
Jylawyny goýberdigim,
Oýadýar ol ýatan ýeli.

Arabaly, eşeklini,
Garsaň bolýar sary çaňa. Atly
bolsaň, el bulaýar, Uzak-uzak
ýollar saňa.

* * *

Ilişen deý köýnegme,
Gün yzymdan galmady.
Atym çapyp barýarkam,
Yzym bilen ylgady.
Synlady ol bugdaýyň Syh-syh
murtly tümmülin. Hyşalygyň
içinden Gorkman geçdi meň
bilen.

Çapyşdyk biz düz ýolda, Öl-
suw bolup derledim.
Tä güzere ýetýänçäm,
Öňdelig-ä bermerin.

«Gaçmasyn» diýip, tahýamam
Çykardym şol gelşime. «Zorjasyň
sen — oz-da, Gün, Bizden ozup
bilşiňe!»

...Köle ýetip, geň galdym,
Hem özümden soradym. Gün-ä
suwda ýüzüp ýör, Öwrüldikän
nireden?

* * *

Köne tanşym köl meniň,
Az tutamok balygyn.
Yssy günler men onda
Boluberýän balygam. Gurbagalaň
oýnuna Zol öýküne-öýküne.
Jülpe-jülpe jülpüldäp,
Keýp goşýaryn keýpime.

Syrdam uzyn gamyşlar,
Olar meniň tüýdügim.
Çakgym bolan bolsady,
Ýasanardym tüýdügem.

Atdan düşüp oturdym,
Suwa sokup aýagym.
Ördekleriň ýanyna Ýüzdi
gamyş gaýygym.

Geň galdyrdy köl meni,
Öwrendikän nireden?
Gözi ilen zadyna
Öýkünmäge zor eken.

Uzakdaky asmanyň
Suratyna meňzedi. Dury
suwuň ýüzünde Ak
bulutlar müňzedi.

Ol öýkünip irenok
Depesinden geçene.
Gökden guşlaň suraty
Gaçdy kölüň içine.

* * *

Gözüm süzüp synlaýan
Günüň tylla çarşagyn.
Gökje otlaň köpüsi Saralşyp
otyr, agyn.

Dilsiz ýaly dymýar çöl, Ne
güwwüldi, gowur bar. Gün
çägäniň içinden Täsin sapak
sogurýar.

Mör-möjekler yssydan Pena
edipdir öýün.
Diňe süri eşegi Kowalap ýör
gögeýin.

Depä çykyp seretsem,
Ýakyn gelýär gözýetim.
Meýdan ýazýar öňümde
Kän suratly gazetin. Ýylan
billi ojarlar,
Bar ekeni birgiden.
Men otyryn beýikde Oturşy
deý bürgüdiň.

Beýge çykyp ýörmegi
Diýseň oňat görýärin.
Oňa çyksam, Günüňem
Ýakynyna barýaryn.

* * *

Säpjäp barýar gyr atym, Depe
bilen, düz bilen.
Bir inçejik tozanam
Gidip barýar biz bilen.

Sürüp geçdim atymy Ak
pagtaly dereden. Geçdik
ýapdan pažžyldap, Tallar
galdy seredip.

Meniň sagym-solumda
Ýodalar kän, ýollar kän. Atly
bolsaň menzilňe Ýetse bolýar
bigüman.

Asman, zemin, töwerek Sen
bilen galgap uçýar Bütin
dünýä gerinip Öňümde gujak
açýar.

## KÖŞEK BILEN ALA TOP
## *(Erteki-poema)*

### I

Otyr çölde geň şäher,
Oň Gümmezli ady bar. Bu
şäheri bir gören Mydam
oňa hyrydar.

Petir ýaly bezelen
Gaýalarnyň alkymy.
Gezelip dur hinlere Gün
çarşagnyň ýalkymy.

Hinler şeýle kändiler,
Hinler gatba-gatdylar.
Hinleň hersi bir öýdi,
Hinler bir geň hatdylar.

Olaň biri tilkiňki,
Oklukirpi goňşusy.
Bir kürenden eşdilýär
Goňur möjegiň sesi.
Kän çagaly, bir jaýly,
Pes göwünli alaka

Otyr güne çoýunyp,
Etmän gaýgy, teleke...

Oň goňşusy gaplaňyň
Otagnyň boş näçesi!
Üstesine, bar ýene Köl
boýunda daçasy.

Çöl şäheri Gümmezli
Şadyýanlaň şäheri.
Hezil onuň güýz-gyşy,
Hezil tomsy, bahary.

Sagdyn hemem owadan Bu
şäherli jemende.
Oýnaýarlar top depip,
Köçelerde, çemende.

Ýaryş bolýar bu ýerde Her
ýyl yzly-yzyna. Synap
görýär güýjüni Göwni
ýeten özüne.

Ýeňijiler — çempion,
Mynasyp bor hormata.

Suratyny asýarlar,
Tarypyn ýazyp hata.

Asylgy dur suratlar
Köçelerde, öwrümde.
Agaçlaryň boýnundan,
Alaňlaryň böwründe.

Çapyşmagyň ussady Sagaç
aýak keýikler.
Gülüp bakýar suratdan,
Gülüp bakýar beýikden.

Göterip dur on müňi,
Ştangisti pilleriň.
Suraty dur ýylgyryp
Arasynda gülleriň.

Güle meňzeş akja guş, Ýylgyn
injik durnady. Ýazylypdyr:
«Şundan köp Hiç kim suwda
durmady».

Ýöne welin ýaltasam Ýok
diýmerin şäheriň.

Bir ýaş köşek ýaşaýar,
Getirip il gaharyn.

Söýýän käri düýş görmek,
Daýananok dabana. Ýigrenç
bilen seredýär Sürteç kädä,
sabyna.

Diýerdiler köşege: «Iňňe-le
sen, çöp-le sen. Meniň
gaharym gelýär Eger-de sen
gepleseň.

Ne-hä ylgap bilýäň sen,
Ne gidýärsiň oduna.
Bir sen ysnat getirýäň
Şähermiziň adyna».

II

Köşek bir gün oýlandy,
Çirim etmän gijesin. «Artyk
däl-ä özümden Şäherlileň
hijisem. Deň-duşlarym
bölünşip, Meýdançada
oýnasa

«Lellim» diýip kowýarlar,
Goşanoklar oýna-da.

Artyk däl-ä sygyrlaň
Başarnygy meňkiden. Iliň-
günüň içinde Abraýy bar
birgiden.

Diýýär maňa hemmeler:
«Derman etdir derdiňe.
Bar doktoryň ýanyna, Kömek
eder şol diňe!..»

Özi bilen gürleşdi,
Uky ony ýeňmedi.
«Özgelerden kemmi men?»
Ýene böwrün diňledi.

III

Baýyrlykda ýerleşýär Öýi
doňuz doktoryň.
Tapar ony şu ýerden Her
gereklän-agtaran.
Bir dermany gataňňyr,
Bir dermany çigildem.

Tapýar melhem-dermany,
Baryp, oňa sygynsaň.

Gazanlarda gaýnap dur
Ýüzärligi, ýowşany. Melhem
edip ugratdy Ýara basan
towşany.

Hemem oňa sargady,
Saldy onuň ýadyna: «Häli-
şindi ýuwunmak Düşsün
seniň ýadyňa!

Oýnap ýörseň ýuwunman,
Ýalpyldadyp gäziňi,
Saplamarsyň hiç mahal Sen
ýaradan özüňi».

Yzly-yzyna barlap dur
Doktor ýanna geleni. Gömdi
gyzgyn ak çägä Guragyrly
gulany.

Dakynansoň süpürip, Doktor
gözne äýnegin.

Agsak ata nal kakdy,
Göterip oň toýnagyn.

Köşegem şu ýerdedi, Nobat
saklap durdy ol. Gezegi
ýeten çagy Ýaýdanjyrap
girdi ol.

Barlan wagty giňeldi Gözi
doňuz doktoryň. Diýdi oňa:
«Samsygy Başga ýerden
agtaryň!

Asyl kesel ýok sende,
Sen bikäri şäheriň.
Seň ýalyny göremde, Gelýär
meniň gaharym».

Köşek diýdi oýlanyp,
Doktor käýýäp bolansoň:
(Ýosam eziz doktoryň
Ynjajagny bilensoň).

«Doktor, meni geňleme,
Ýetiş meniň dadyma!

«Lellim» lakam dakdylar
Iller meniň adyma.

Ýoldaşlarmyň ýanynda
Eger-de men geplesem,
Diýýär olar: «Diňle sen!»
Diýýär olar: «Gap sesiň!»

Goşanoklar oýna-da,
Ynanmarsyň görmeseň.
Ýokdur meniň çykalgam,
Özüň kömek bermeseň».

Doňuz doktor oýlandy, Soň
gözledi açaryn.
— Eger meni diňleseň, Seni
«dertden» açaryn!..

Açar tapdy, açdy soň Äpet
dermanhanasyn. Onda
duran dermanlaň Sogaby
bar sanasaň.

Bar telimsi gantelleň,
Ştangadyr naýzalaň.

Ýatyr demir tekerler, Kimkä
onda aýlanan?

Sallanşyp dur tanaplar,
Meňzeş saçyň örümne.
...Alyp bardy köşegi
Doktor jaýyň törüne.

Üýşüp durdy bu ýerde
Garpyz garyn pökgüler.
Görüp olar doktory
Begendiler, bökdüler.

Doktor seçip aldy-da Şol
toplaryň alasyn, Diýdi
oňa: «Al şuny, Ýürek bilen
hala sen!

Ala pökgi — şu pökgi
Derman tapar derdiňe.
Galman munuň yzyndan
Ylgamaly sen diňe!»

Syçan bolup ala top Ylgap
gitdi öň bilen.

Kowalaşdy köşegem,
Pişik bolup oň bilen.

Çapdy ýene ala top,
Yzlap çölüň ýollaryn.
Löňküldäp ýör köşegem,
Diýip: «Senden galmaryn!»

Käte-käte ikisi Gujaklaşyp
çaga deý, Basalaşyp oýnaşdy,
Üsti ýumşak çägede.

Jüre depdi oýnaldy,
Gum üýşürlip-tegeläp, Pökgi
jüri garanda,
Köşek boldy kebelek.

Köşek eşekçi bolsa,
Pökgi boldy kebelek.

IV

Bir gün ýaňky ala top Ilki
turdy, daň bilen.
Soň oýatdy köşegi:
«Ýör, oýnasaň meň bilen».

Akja gyraw düşüpdir
Gökje otlaň taryna.
Meňzeş depeleň üsti
Gyşyň tämiz garyna.

Pökgi gitdi pök-pökläp, Bat
berensoň özüne. Löňk-löňk
edip köşegem Düşdi onuň
yzyna.

Olar sergin howany
Gujaklarna çekdiler.
Ak gyrawyň üstüne Yzlaryny
ekdiler.

Çeken wagty meýdanlar
Çilim düýrüp howurdan,
Alaňlaryň üstüni, — Diýen
wagty «gowursam». Ýaba indi
ala top,
Köşek bilen tirkeşip,
Suwa urup girdiler,
Çykarman egin-eşik.

Tolkunlaň arasynda Balyk
bolup ýüzdüler. Kowalaşyp,
gülüşip, «Alma» oýnap
gezdiler.

Köçe gezdi, jar çekdi Bir gün
ýurduň jarçysy. Hezil oýna
çagyrdy Hemmeleri oň sesi:

«Eşidiň siz, ýylkylar! Eşidiň
siz, goýunlar!
Bilet alyň tizräk,
Ertir futbol — oýun bar!

Oýunçylaň ökdesi Şu oýunda
seçiljek. Takyrdaky baş kassa
Göni üçde açyljak».

Diňşirgendi ala top,
Diňşirgendi köşegem.
Soň ikisem gygyrdy: «Futbol,
futbol ýaşasyn!..»

V

Takyrdaky kassanyň
Öňi eýýäm hümerdi.
Tozan bilen goşulşyp,
Göge galýar hümürdi.

Bilet aldy möjekler,
Bilet aldy gulanlar.
Tiz gutarjak gök bilet,
Boş gidenok gelenler.

Doňuz alsa on bilet,
Möjek aldy bäşisin.
Jarçy ýene gygyrýar,
Hemmeleri çagyrýar:
«Ähli oýnuň serdary
Meşhur futbol
ýaşasyn!..»

Salym geçmän aradan
Kassaň agzy ýapyldy.
Asyldy gök tagtajyk:
«Ähli bilet satyldy».

VI

Ýapylaryň ýüzünde
Ine-gana ornaşyp,
Oýunçylar hakynda
Otyr millet gürleşip.

Ýolbars diýýär şagala:
«Oýnarmykan çal möjek?
Şoňa men-ä şepe jan, Ýüňi
ýeten zor diýjek».

Eşek diýdi arkadan:
«Şol ýaş inerçe barmy ol?
Hemme kişiň dilinde, Şeýle
çakgan zormy ol?»

...Sudýa tilki duýdansyz
Jürlewügi jürletdi.
Hemmeleriň ünsüni
Meýdança alyp gitdi. Gaýyp
gezdi ala top, Taýyp gezdi
ala top. Oýunçyny üýşürip,
Soňam ýazdy ala top.

Janköýerler gygyrýar,
Gaýtalaýar zol gezek:
«Uruň, uruň derwezä, Gol
gereg-ä, gol gerek!»

Şol barmana çal möjek Edip
tilki tilsimin,
Topa saldy şowhunly Ala
topuň ilkisin.

Ahli möjek begenip, Zyňyp-
gapdy çagasyn. Ýere bakdy
düýeler, (Nätjek eýsem dagy
sen?)

Ýene gaýdy ala top, Pök-
pök etdi, düwdedi. Oýun
bolsa suslanman, Gaýta
barha möwjedi.

Janköýerler gygyrýar,
Gaýtalaýar zol gezek:
«Uruň, uruň derwezä, Gol
gereg-ä, gol gerek!»

Ýöne welin düýeleň Bu gün
işi tersine.
Bugra bilen düz ýerde
Bolýan işi görsene!..

Bugra büdräp ýykyldy, Başy
bilen süsdi ýer. Öňündäki
pökgini Talap gitdi
möjekler...

Hüwwe galdy mähelle,
Kimler ýumdy gözlerin.
Äkitdiler Bugrany,
Soňra ony görmedim.

VII

— Oň ornuna kim girer?
— Kim tutar oň
deregin? Ähli düýe
gamlanyp, Diňledi öz
ýüregin.
Diýdi köşek özüne,
— Sen girmeli deregne.
Sudýa tilkä ýalbaryp, Düşdi
onuň ýüregne.

— Ala pökgiň dosty men, Kän
düşdüm oň yzyna.

Oýnap biljek her kesçe,
Göwnüm ýetýär özüme.

Sudýany kän çekeläp,
Aýtdy oňa adyny.
Soralanda görkezdi Alan
razrýadyny.

Köşegiň dabanlary Şol gijäp
dur, gijäp dur. Oýun bolsa
durdukça Barha gyzyp, güýjäp
dur.

Ahyr oýna goşdular, Diýdiler:
«Bar, selpe sen!..» Pökgi diýdi
köşege: «Howlukmawer ilki
sen!» Ony görüp möjekler,
Batlandyrdy gülküsin. (Ähli
düýe närazy Sudýa bolýan
tilkiden).

Ile belli ýaltany —
Diýip nirden tapdylar?
Güle-güle möjekler,
Aýaklarny kakdylar.
Ellerini somlaşyp,
Köşege at dakdylar.

Möjekleriň gülküsi
Düşensoň il ýüregne.

Bir at turup gepledi,
Hemmeleriň deregne:

— Goýsaňyz-la gülkini,
Oýun gyzsyn, güýjesin.
Oýun tamam bolansoň,
Soň sanarys jüýjesin!

VIII

Garpyz garyn ala top Täsin
«ýumak» bolup ýör. Mahal-
mahal guş bolup, Al-asmana
galyp ýör...

Uzyn satan düýeleň Barha
gyzdy dabany.
Aldy ahyr olaram Oýnuň
aby-tabyny.

Ner düýe ahmallykdan
Peýdalanyp bada-bat,
Tora saldy pökgini, Uly-kiçi
boldy şat.

Göge ösdi «gol» sesi, Alkyş
ýagdy Ner düýä. Geňirgendi
möjekler:
— Sany deňläýdi büý-ä!
— Ýeser boldy, baý, büý-ä!

Janköýerler gygyrýar,
Şol bir sözi zol gezek: «Uruň,
uruň derwezä,
Gol gereg-ä, gol gerek!»

Oýun barha gyzyşýar,
Herýan gezýär ala top.
Oýunçyny üýşürip,
Ýene ýazýar ala top.

Köşek derläp ugrady,
Tutdy barha zoruna.
Basym özün tanatdy
Janköýerleň baryna.

Möjekleriň gülküsi Ýitdi
kem-kem erinden. Ähli
düýe el çarpdy,
Öz oturan ýerinden.

Derwezeçi çal möjek
Çyksa-da oň öňünden, Ala
pökgi al bilen Geçdi gitdi
deňinden.

Kän etse-de möjekler
Tilkileriň alyny, Düýelerçe
ýok eken, Olaň oýun
tälimi.

Oýun barha möwjeýär,
Hemmeler batdy dere.
Sekuntlaram ylgaşyp,
Bolup barýar eňňere.

Janköýerler gygyrýar,
Gaýtalaýar zol gezek:
«Uruň, uruň derwezä, Gol
gereg-ä, gol gerek!»

IX

Ussat on bir oýunçy
Seçildi şu oýunda.
«Çempion» at dakyldy
On bir sany oýunça.

Boýnunda gülden halka
Pökgiň dosty köşegiň.
Alkyşlady mähelle:
«Ýeňijiler ýaşasyn!
Hezil futbol ýaşasyn!»


ÜÇ
MURTLAK
KAPITAN

## ÜÇ MURTLAK KAPITAN ERTEKI

Obaň bir çetinde,
Çolaja jaýda,
Ertekiçi pişik —
O-da şu taýda
Erteki otarýar
Gijä diň salyp.
Peçde-de ot ýanýar,
Ot ýanýar «lyp-lyp»,
Bar zada ynanyp,
Bar zady geňläp,
Otyr üç pişijek Erteki
diňläp.

Erteki diňlände Üç
dogan hernä, Özlerini
görýärler Gahryman
ýerne.

Gahrymanyň bolsa
Aladasy kän:
Döwi bir ýol bilen Ýeňmeli hökman.

Gitmeli, näbelli
Ile gitmeli.
Ýetdirmeýän menzillere
Ýetmeli.

Halamaýan barmy, Erteki
bolsa.
Gije-de işinden Sypynyp
bilse,
Gyzykly erteká O-da
hyrydar.

Gije, gijelerne Gapy
diňleýär...

Bar zada ynanyp,
Bar zady geňläp,
Otyr üç pişijek Erteki
diňläp.

## GÜNEŞDE

Üç pişijek güneşde
Bolmajysyn bolup ýör.
Basa düşüp bir-birniň
Aýagyndan alyp ýör.

Ýatyr olaň enesi,
Bir çetde oýna bakyp.
Ogullarna guwanyp,
Guýrugyn ýere kakyp.

Pişijekler başagaý, Tozan
turýar daşarda. Üstün
çykjak, saýlanjak Hersi
olaň başarsa.

Ýatyr olaň enesi,
Bir çetde oýna bakyp.
Ogullarna guwanyp,
Guýrugyn ýere kakyp.

Öz tilsimne, güýjüne
Göwni ýetýär hersiniň.
Diýişýärler: «Basylýaň,
Näçe ykjam dursaňam».

Ýatyr olaň enesi,
Bir çetde oýna bakyp.
Ogullarna guwanyp,
Guýrugyn ýere kakyp.

Üç pälwanyň bir öýden
Döräp gelýänne bakyp,
Guwanmasyn neneň ol,
Guýrugyn ýere kakyp.

## OÝUN

Eziz, Hommat hem Ýusup, Üç
kiçijik — üç pişik. Garagolluk
etdiler Olar bir gün üçleşip.

Bir göläni kowalap, Obadan
saýladylar. Guşlaryň
höwürtgesine Daş baryn
aýladylar.

Zähresini ýardylar Otlap
ýören owlagyň.
Bu gün olar görnenok
Gyrasynda gowlugyň.

Towuklaram gapyda Boluşyp
ýör zir-zöwran. Aslyşdylar
sygyrlaň Guýrugna öwran-
öwran.

Ahyr goňşular üýşüp,
Ýüze berk diýdiler şuny:
— Indi şeýle boljakmy
Günümiz günüň güni.

Kaýyllygy hiç kimem
Özüne rowa görmez.
Goňşy gozgalsa göçer,
Göçer, uzagna durmaz.

Üç dogan oýa batdy, Diňläp
goňşulaň sözün. Soň bolsa
ýerli-ýerden Diýdi olar: —
Ýa, sizem...

Siz gitseňiz, ýerňize Bilýän,
oňly zat gelmez. Ýaşaberiň
goňşular, Göçmeden oýun
bolmaz!

Goýýas beýle oýny biz,
Göçse, bulutlar göçsün.
Eger siz bolmasaňyz,
Nädip günümiz geçsin.

## ÜÇ MEŇZEŞ

Biri-birine meňzeş,
Üç dogan üç pişijek.
Gezelenje hemişe
Çykýar olar tirkeşip.

Meňzeş geýen donlary,
Hemmesiniň murty bar.
Ýöne olaň birisi
Ogurlykdan habardar.

Saçagy depeleýär,
Bir-de döküýär süýdi ol,
Asylgy duran eti Ugrun
tapyp iýdi ol.

Aňtap ýörüs biz ony,
Tutaýsak, temmi berjek.
Ýogsam, bu meňzeşlikde
Muny haýsyndan görjek?

## ILKINJI DUŞUŞYK

Bir syçanjyk gybyrdyklap,
Goňşulara barýan çagy.
Oýnap ýördi üç pişijek,
Hommat, Ýusup, Eziz dagy.

Syçanjygy gören çagy
Oýunlaryn zyňdy olar.
«Bu kimkä, bu kim?» boluşyp,
Ýerli-ýerden eňdi olar.

Begendiler pişijekler,
Bu enaýy zady görüp. Seretdiler
orta alyp,
Üç tarapdan, kese durup.

Hommat, Ýusup gözün öwdi,
Gulajygny öwdi Eziz.
Munuň ýaly gowja zady
Görmändiler olar heniz.

Ýylgyryp dur pişijekler,
Bu enaýy zada garap.
Uçar öýdüp, guşdur öýdüp,
Pişijekleň haly harap.

Üç doganlar-pişijekler,
Ýapdy durdy uly ýoly.
Syçan bolsa ýygrylyp dur
Uly günä eden ýaly.

Syçanlar köp agzalardy, Gürrüň
bolsa ondan-mundan.

Geçirerdi bar gürrüňi Olar gulak
gapdalyndan.

«Diňläň» diýip, «biliň» diýip,
Nygtap-nygtap aýdardylar. Olar
bolsa enelerni Emer ýörers
öýderdiler.

Şoň üçinem bu şatlyga Uçradylar
olar, ine.
Şatlyk näme, tans etmeseň,
Goýýarmy nä öz günüňe.
Eziz pişik, Hommat pişik, Ýusup
pişik üçünjisi,
Murtun çilip, çar tarapdan Tansa
geldi hemmejesi.

Busa-busa ahyrsoňy,
Wagt gelenin bildi syçan.
Şu arada,
Çaň-tozanda
Gürüm-jürüm boldy syçan.
Pişijekler bökjekleşýär,
Bökjekleşýär ýerli-ýerden. Şatlyk
bolsa henizem kän, Üç-dört
bolup gutarardan.

Sumat bolsa bolubersin,
Indi syçan nämä gerek?
Eziz, Hommat, Ýusup daga — Üç
meňzeşje, üç dogana Şatlyk galdy
oňa derek.

## ÜÇEKDE

Geýip meňzeş eşijek,
Üç dogan — üç pişijek,
Öýde galmazdan birsem
Jaýa münýärler irden.

Soň üçleşip, ötene At dakarlar
ýetene.
— Gyzyl Gün, takyr kelle,
Biz bilen otur gel-de! Ýüzüňe
ütük gerek,
Kelläňe pitik gerek.

— Alaşa, ak alaşa,
Indi çapmarsyň daşa.
Şu eýäňe gelip sen,
Ýükçi eşek bolupsyň.

— Sygyrym — süýtli
meşik, Meşiginde dört deşik.
Üçüsini ber bize,
Birni äkit öýňüze.

— Gara garga, jüýje sen,
Bir bölejik gije sen.
Jandan halys iripsiň,
Ýene turba giripsiň...

## HOR SYÇAN

Bir syçanjyk tutmaga
Doganlar höwesli diýseň.
Olar arzuw ederdi
«Syçanjyk tutup iýsem».

Ine, bir günden bir gün,
Olar maksada ýetdi. Çeme
salyp üç dogan Ahyr bir
syçan tutdy.

Syçan juda hor eken,
Muny iýmekde gep bar.
Iýiljegem bir syçan, Haýsy
birine ýok bor?

Semretmeli syçany
Üçe-de ýeter ýaly.
Biraz pikirden soňra
Munuň tapyldy ýoly.

Ýel berdiler syçana Üç
dogan ýerli-ýerden. Syçan
pile öwrüldi, Abanyp dur
bir görsem.

Ýene biraz ýel berseň,
Bulutlara ýetjek ol.
Üç pişik — üç dogany
Mynjyradyp ötjek ol.

Sandyrady gorkudan,
Pil ýasanlar ýel berip.
Soňam ondan özleri,
Zordan sypdy ýalbaryp.

## SANAWAÇ

Mele pişik,
Çişik pişik.
Mele pişik,
Geýmez
eşik.

Sowgy-zady
Duýanok ol.
Üşärin-ow
Diýenok ol.

Bir gün ahyr
Ele salyp,
Geýindirdik
Köplük bolup.

Arkasyna
Güpbi ýapdyk.
Kellesine
Telpek tapdyk.

Seretmedik
Düýrügenne

Jorap sokduk
Guýrugyna.

Aýaklaram
Hezil etdi —
Hemmesine
Ädik ýetdi.

Täsin zada
Meňzedi ol.
Üşemese —
Bolany şol.

## RADIO HEM ÜÇ PIŞIK

Habar berýär radio,
Habar berýär ol her gün.
Pagta ýygymnyň barşyn,
Obanyň täzeligin.

«...Doňuz ýygdy ýüz kilo
Jojugy zady bilen»
Bilýär — gyş-gar uzak däl — Bu
gün her pele gelen.

Şagal ýygdy altmyşy,
Güjügem ýygdy esli.
Eşek bolsa düýnküden Üç
kilo yza tesdi.

Möjek elli bäş kilo,
Ýetmiş göläň ýygnany.
Ýüz on biri dükletdi,
Goýun bilen dogany.

Pyşbaga hem tijendi Kyrky
ýygyp şu günden. Düýe-de
kömek berdi Güýjüniň
ýetdiginden.

Günem bize guwanýar, Ol
ýylgyrman ötenok. Kömek
berjek hut olam Ýöne
partyk ýetenok».

Pagta ýygýar hemmeler, Iş
bolsa hemmä ýetik. Diňe
üçler — pişikler Günün
ötürýär ýatyp.

Radio gürlän çagy
Olaram gulak salýar.
Öz atlarny olaryň
Diýseň eşdesi gelýär.

Näçe arzuw etse-de,
Pişikleňki bolanok.
Radio bikärleriň Adyn
dile alanok.

Oýnara-da ýoldaş ýok, Oba
gugaryp ýatyr.
Üç doganyň keýpi ýok,
Böwrün diňleşip otyr.
Maslahatym bar diýip,
Hommat Ýusuba bakýar.

Eziz bolsa pallaýar,
Guýrugyn ýere kakýar.

Ahyr maslahat bişdi,
Üç dogan gitdi pele.
Aldylar bedre, partyk Bir
uly halta bile...

Agşam ýene radio
Hemmeler gulak gerdi.
Agşam ýene radio Täzelik
aýdyp berdi.

Her ýygymçyň adyny
Ýekme-ýek aldy dile.
Üç pişigiň adynam Tutdy
ol guwanç bile:

— Ýusup ýygdy on kilo,
Eziz on dördi ýygdy.
Hommat pagta daşady,
Hemem haltany bogdy.

# PIŞIK BIKE TOÝA BARÝAR

## I

Pişik bike toýa gitdi,
Irden münüp araba.
Gyrat biraz derlese,
Gün gyzmanka barar-a.

Barýar ejesi bilen Ýusup,
Hommat, Ezizem. Şatlyk
bilen ýylgyrýar Olaň ýüzi
henizem.

Gezelenç bir hezil zat,
Çar ýana garamaly. Hasam
hezil gezelenç, Onda-da
arabaly.

## II

Ýolda gyrat büdredi,
Ýygrykdyrdy aýagyn.
Oňa soň kär etmedi
Haýyşlaram,
Taýagam,

Hyrçyn dişläp ahmyrly,
Tutdy durdy aýagyn.

Orta ýolda galyndy,
Indi nätmeli eýse?
Ýolda goýup bolarmy
Mährem ejänem, heý-de?

Üç dogan towsup düşüp,
Şeýle hyýala mündi.
Nä, bir atça bolmazmy, Olar
birleşse indi.

Üç pişik — üç at bolup,
Sökdi belendi-pesi.
Otyr dünýäni synlap,
Arabada ejesi.

## TOÝ

Pişik bike toý tutýar,
Üç toýy bile goşup.
Üýşdi onuň öýüne
Gara-ala bar pişik.

Bugarşyp dur gazanlar,
Galpak toýuň şanyna.
Üzüm, gawun goýuljak,
Palaw, kebap ýanyna.

Bu toýa pişik bikäň Şir
agasy gelmeli.
(Has wajyp köpler üçin,
Ana, şonuň gelmegi.)

Biziň ilde adat bu,
Hemmeler bilýär muny.
Daýy syrýar ýegeniň
Galpak — ilki saçyny.

Arzuw edýän kän şiri
Golaýjakdan görmegi.
Mümkin, onuňam gopup,
Tansa galybermegi.

Daýysy ýegenlerniň Saçyn syrar
ýek-ýekden.
Il bolsa arzuw eder,
«Saçlar össün, gür çyksyn!.. »

Dabaraly, bolýar toý, Ýakynyň-
ýadyň gelse. Dabaraly bolýar
has,
Daýyň dagam şir bolsa.

## SYÝAHAT

Üç dogan hyýala mündi,
Üçüsem başagaý indi.
Olar syýahata gitjek,
Görülmedik ile ýetjek.

Görülmedik ýerler oňat,
Eziz, Ýusup hemem Hommat
Matros papak hersinde bar,
Ýüpek lenta pasyrdaýar.
Ýok olaryň hiç kem zady, Düýe
olaň parahody.

* * *

Ak çägelik daş-töwerek Akýan
tolkunlara derek.
(Kim synlasa Garagumy,
Ýok onuňam deňiz kemi).

Gämi bolmaz düýe ýaly,
Giňiş gämi — dünýe ýaly.
Bar üstünde saçak, çörek, Ýene
kän zat, ýola gerek.
Gök çaý içip, batsaň dere,
Dutaram bar hiňlenere.

* * *

Gämiň ýetjek öwrüminde,
Ýoly synlap günde-günde
Ýatan otuz syçan bardy.
Ötenleri talaýardy. Düýe-
gämi görlen wagty Garakçylaň
çüwdi bagty.

Gylyç syryp ýerli-ýerden
Gämä çozdy bary birden. Ine,
şeýdip, otuz syçan, Daşyn aldy
gelip üçüň.

Bir-birine durup arka,
Üç doganam «şarka-şarka»
Galkan tutup, gylyç saldy. On
syçanam ýesir aldy.
Ýok egninde oňly eşik,
Dur ýesirler ligirdeşip...

* * *

Üç deňizçi, batyr pişik, Ýerli-
ýerden geňirgenşip, Iýmän-
içmän uzakly gün Dürbüleýär
töweregin.

# GANATLYLAR

## *(Poema) ILKINJI GÜNLER*

Ýazgeldem hakyky
Esgerdi indi.
Postda-da durardy
Ol häli-şindi.

Başynda ýyldyzly
Telpegi bardy.
Aýagynda ädik
Ýalpyldap durdy.

Egninde şineli, Gelşip
dur görseň. Ýyldyzly
kemeri Görkezýär
merdem.

Gijäniň, gündiziň
Parhyna bakman.
Nyşana atylsa, Urardy
hökman. Aýdymam
aýdardy Belent heň
bilen.

«Duşuşarys, asman,
Ýene seň bilen!»

Höwesli garardy
Samolýot galksa. O-da
gulluk edýär Desantçy
polkda.

Esger Ýazgeldiniň Bir
kemi bardy. Boýy
kelteräkdi, Ligirdäp
ýördi.

Ýoldaşlary käte
Degýärdi oňa: «Ogul,
ösmek gerek Entekler
saňa!

Bilýäs, öwrederis
Ösmegiň tärin.
Kaşa symyşlamak
Bolsun baş käriň.

Häzir palta getir,
Goş jaýa git-de.

Soň özge işlere
Geleris hötde.

Ziňňirt Lugowkiniň
Artygrak boýun Saňa
bölüp bersek,
Towlama boýun!..»

Degişmä, gülüşmä
Ýazgeldem boýun.
Ýöne käte çyna
Ýazaýýar oýun.

Şeýle waka boldy Belli
bu polka. Kähalat
ýatlaşyp, Gülüşýär
halk-a.

Towusmaga gitdi Şol
gün hemmeler.
Uçarlar galkynşyp,
Yzda galdy ýer.

Arkada paraşýut,
Şlýomlar başda.

Bulutlar ho-ol pesde,
Galdylar daşda.

Ýazgeldem şu ýerde,
Otyr bir çetde.
Süýji hyýallary Öwrüp
niýetde.

Diýip öz-özüne:
«Bu gezek böksem,
«Otliçnik» nyşany
Döşüme daksam...

Soňra mekdebmize
Ýazylan hatyň Ýanyna
goşular Esger
suratym!..»

Böküşmek başlandy
Tizdenem, ine.
Oglanlar asmandan
«Ýagdylar» ýere.

Aşakda bulutlar Ak
harman kileň.

Ýazgeldem doljakdy
Gujagna olaň.

Ol gapa topuldy
Ýetende gezek.
Çekdi oň çigninden
Birden el uzap.

Diýdi hem: «Oglanjyk,
Hany, sen nirä?
Bu ýer oýun ýer däl,
Ýeriňe ugra!..»

Nätanyş maýordy
Oň ýolun saklan.
Ony bir garagol Oglan
diýip çaklan.

Samolýotlar gökde
Edip ýör öwrüm.
Otyr Ýazgeldi-de
Diňläp öz böwrün.

Bellidi bu bölüm
Batalýon, polka.

Indi sebäp bolýar
Degişmä, gülkä.

## *HARBY OKUWDA*

«Söweş» dowam edýär Iki
gün bäri.
Toplaň tumşugyndan
Kükeýär däri.

Batga jolkuldaýar Ädik
astynda. Goh-galmagal
gopýar Ýeriň üstünde.

Ownuk ýapylara Tirsegin
diräp,
Toplar ot açýarlar
Gümmürdi düýrläp.

Sarsýar giden tokaý,
Sarsyp gidýär ýer.
Başagaý ýaraglar,
Esger ýigitler.
Kä öňe çozýarlar Özlerin
tijäp.

Gündizden çyksalar,
Sümýärler gijä.

Ýefreýtor Ýuranyň
Ertirden bäri Dar
görünýar gözne
Zeminiň şary.

Ol keýtikläp gelýär,
Maňlaýynda der.
«Giňiş ädik gerek
Ýola, şepeler!»

Aýagny gypdyklap,
Ýaýdanyp basýar.
Duýdurmajak bolup
Dişini gysýar.

Topy çekýänleňem
Biridi özi.
Ýoluň geler ýerde
Gelenok yzy.

Ýollar sapak bolup
Dolýar gözlere.

Tokaýdan çykarýar,
Eltýär düzlere.

Ýazgeldi duýansoň
Ýuranyň halyn,
Yzyndan ýetdi-de,
Kesdi oň ýolun.
Ýene iki oglan
Ondanam başga.
Diýdiler: «Näm üçin
Aýtmadyň başda?

Bar, ädigňi çykar,
Täzeden dolan.
Gapdaldan ýöräber,
Soňra biz bilen».

Ýuranyň Ýazgeldä
Düşende gözi,
Gozgalaňa düşdi
Özünden özi.

Gyzyl reňk ýüzüne
Çaýyldy birden.

Munuň sebäbi bar,
Gürrüňin bersem.

Şeýle pikir bardy
Ýurada häli.
Diýerdi Ýazgeldä:
— Liliput ýaly.

Diýipdi ilkiler:
— Sözüme gülmäň,
Munuň bize duşak
Boljagyn bilýän.

Rota masgara bor
Munuň derdinden.

Ýa-da maýyp bolar,
Hany görsünler.

Eger komandirler
Diňlese meni,
Nan bölýän goýmaly
Diýerdim ony.
Ýazgeldini görüp,
Ýatlansoň şuny,

Pikiri uýaldyp,
Derletdi ony.

...Bolsa-da batgalyk,
Çyksa-da ýapy,
Ýigitler güýç jemläp,
Çekýärler topy.

## *ÝOLDA*

Okuw hem gutardy,
Ýollaram göni.
Süýnüp barýar öňe
Maşyn kerweni.

Barýar maşynlarda
Ýadaw esgerler.
Köýnekler sowaýar
Sowuldykça der.

Töwerek ümsümlik,
Serlipdir tümlük.
Gözler uka çekýär,
Birsyhly ýumlup.
Soldatlara göýä Enäň
hüwdüsi

Hatarlanşyp barýan
Maşynlaň sesi.

Diňe sürjüleňki,
Şulaňky çetin.
Çyra bilen okap
Garaňkyň hatyn.

Ýadawlyk, argynlyk...
Hiç birne bakman, Ýoly
aman-esen Geçmeli
hökman.

Maşyn kabinasy
Paýyna düşen.
Sypyryp egninden
Ýaragyn, goşun,

Barýardy Ýazgeldi
Meýmiräp çala,
Öz sürji şepesi
Lugowkin bile.

...Aýylganç silkende
Maşynyň öňi,

Ýazgeldi düýş görüp
Başlapdy ýaňy.
Wah, uky, wah, uky,
Topulýaň giçläp.
Lugowkin sowlupdyr,
Hatary taşlap.

Ähli polk daýandy
Aýazly ýolda. Ýaňlandy
komanda Sagda hem
solda.

— Çyksyn kabinadan
Sürjüleň bary.

Barlaň, komandirler,
Galmasyn biri!

Aşak — derýa inip,
Buzuny döwsün.
Sowujak suw bilen Ýüz-
gözün ýuwsun.

Ürküzdi sürjüler
Ukyny şeýdip,

Ýene-de sargaldy:
— Irkilmäň gaýdyp!..

Bolsa bolubersin,
Tükeniksiz ýol.
Indi her zat edip,
Irkilmeli däl!

Diýse-de Lugowkin
Özüne şuny.
Uky ýene horlap
Ugrady ony.

Ýene-de motordan
Ýyly dem ösdi.
Oň bolsa telpegi
Ruluny süsdi.

Ýazgeldi duýansoň
Dostunyň halyn,
Gözledi ukyny
Kowmagyň ýolun.
Netijä gelensoň,
Goşlaryn dökdi.

Konserwa, yzyndan
Gaty nan çykdy.

Ýene tapdy gözläp
Birnäçe gandy.
Hany, uklap bilseň
Ukla sen indi!?

Soňam ýekme-ýekden
Bulaň hersini Dostunyň
agzyna Äberdi göni.

«Gäwşäber, gäwşäber
Assa-assadan.

Uklamajak bolsaň,
Yzyn kesme sen!.. »

Boýun bolaýmasaň, Alaç
ýok başga. Lugowkin
gantlary Tüketdi başda.
Lugowkiniň garny
Dönýär çelege.

Ol şeýdip meňzedi
«Hajymelige».

Maşynlar sag-aman
Gelensoň polka.
Oglanlar bat berdi
Ýene-de gülkä.

Bir «myş-myş» ýaýrapdy
Töwerek-daşa. «Rýadowoý
Lugowkin Düşenmiş aşa!.. »

## *DYNÇALYŞ*

Kazarmanyň içi
Durşuna esger.
Ýaňlanýar birsyhly
Şadyýan sesler.

Kim ýaka tikinýär
Akja matadan.
Ýaňlanýar käbirniň
Eden «hatasam».
Çaň siňen ädigi
Süpürseň, ine,

Geýseň lowurdaýar
Aýakda ýene.

Ýazgeldimiz bolsa
Hat ýazýar çetde.
Tans edýä galamy,
Pikiri hatda.

Setirleň yzyndan
Ýene-de setir.
Şol düzülip otyr,
Düzülip otyr.

«Tokaýda pyntyklar
Köpelýär her gün.

Nemandan buz akýar,
Seredip durdum.

Barýan oň boýuna,
Täsin jemaly.
O-da eziz maňa
Murgabym ýaly.
Eger düşüp ýörseň
Ýodaň yzyna.

Örän hezil bolýar
Tokaý ýazyna.
Görkezýär güllerin
Ýeke-ýekeden.
Belka şişka zyňýar Saňa
depeden.

Gülleň geriljeşip
Açylşy täsin.
Diýseň oňat görýän
Landyşyň ysyn.

Lezzetli tokaýyň
Injiri-hozy.
Her ýyl özi bişip,
Sowulýar özi.

Sag boluň, maňa-da Indi
wagt boldy.
Gwardiýanyň
Ýefreýtory Ýazgeldi...»

## *GANATLYLAR*

Gar ýagýar tokaýa,
Alaň, düzlere.
Gar ýagýar köllere,
Ele-ýüzlere.

Barýan esgerleriň
Telpeginde gar. Ötegçi
gyzlaryň Gulpagynde
gar.

Reňkini meňzedip
Mermer daşyna,
Öýe girjek ýaly
Süýşýär işige.

Biziň soldatlara Şeýle
etmek däp: Gezýärler
sowugy, Gary depeläp.

Ýeri urýan ýaly Bir
topar taýak, Sarsgyn
berýär buza Goşulýan
aýak.
Şeýle pikir eder

Olara bakan:
— Depe-depe doňy
Owratj akmykan?
Bu günem uçarlar
Sykylyk çalyp.
Galkdy oglanlary
Gujagna alyp.

Diýmäň beýle äpet
Bolýan eken gar.
Ol gar däl, asmandan
Desantlar ýagýar.

Ýazgeldi hem iýndi
Özgeler deýin.

Gurap depesine
Paraşýut öýün.

Meňzeşip, müňzeşip
Bulutlar geçýär.
Ýa-da Ýazgeldiden
Ürkýär-de, gaçýar.
Ol hiňňildik uçýar
Ýeliň badyna.

Gaplap bulutlary
Paraşýutyna.

Uçup ýör Ýazgeldi
Dostlary bilen.
Neneňsi uçmasyn
Ganaty bolan!

# POSSUNLY PARAŞÝUTÇY

## I

Biz esgerler düz meýdana
Geldik ýene hatar bolup.
Tizden uçars asmana biz,
Paraşýuty arka alyp.

Pikirme-de gelmändi meň Bu
gün şeýle bolar diýip. Bize
ýoldaş bolmak üçin, Goňur aýy
geler diýip.
Ol aýyny özi bilen Alyp geldi
komandirmiz. Haýran bolup
üşerlişdik, Tegelendik daşyna
biz. Tanyşdyrdy komandirmiz,
«Mişa» eken ady bolsa. Köpler
diýdi ynanmanrak: «Biziň bilen
böküp bils-ä?..»

Arkasyny sypaladyk,
Kä agzyna saldyk gandy. Soňra
Mişa biziň bilen Samolýoda
gelip mündi.

## II

Depämide mawy asman,
Aşagmyzda ýaşyl dere. Gözler
Mişa gözläp barýar, Mişa bolsa
bakýar ýere.

Ne gorky bar oň ýüzünde,
Ýanynda ýok aljyramak.
Bökmegi hem başaraýsa,
Paraşýutçy boljagy hak.

...Samalýotda operator
Başagaý öz işi bilen.
Ol surata aldy bizi,
Paraşýutly Mişa bilen.

## III

Samalýotyň giň garnyndan
Ýagdyk ýere ýekme-ýekden.
Men Mişanyň yzy bilen Oňa
gözläp, aşak bökdüm.

Gorkmady ol, batyr eken,
Galgap barýar tüýli possun.

Paraşýutda gaýmak hezil,
Goý Mişa-da hezil etsin.

IV

Aýy bilen bökmek hezil,
Şatlyk berdi Mişa bize.
Gitsek ýene bökmek üçin
Aljak ony ýanymyza.

# TOKAÝA GITJEK ÝENE

*(Orsýet goşgylar toplumy)*

## DERÝADA

Bu gün başagaýlyk
Derýanyň içi.
Geçip barýar ondan
Buzlaryň göçi.

Döwülen buzlaryň Hersi
bir harsaň. (Senem
ýüzýän ýaly Seredip
dursaň.)

Gämä meňzeş hemem
Olaryň bolşy.
    Üstüne mündürip,
Bir bölek gyşy.

Ýüzüp barýa buzlar, Olar
şeýle kän.
Guşlar oňa gonup, Bolýar
kapitan.

## ŞADYÝAN ÇEŞME

Çeşmejik akyp barýar,
Akmak onuň hoşuna.
Barýar ol öz arzuwnyň,
Deňze — aňry başyna.

Şahalaň aşagyndan, Barýar
sümülip-süýşüp. Kä ýerde
hanasyndan Çykýar ol
dolup daşyp.

Kese duran köklerde
Aslyşyp hallan atýar.
Tolkunlarny gaçyryp,
Soňam kowalap ýetýär.

Açyklyga çykanda, Synlap
asmany, Güni... Anyklar
özüniň,
Gelip, nirden çykanny.

# TOKAÝ

Sosna, ýel, berýoza...
Ýitirdim sanym. Otyr
tanaýanym,
Tanamaýanym.

Synlamsoň tokaýy,
Şuny bildim men.
Üýşülse-hä tokaý
Bolunjak eken.

## BAGA ÇYKYP BILÝÄNIŇ

Belka baglaň üstünde,
Gezip ýör ondan oňa.
Guýrugny, kä tumşugny,
Görkezip gidýär maňa.

Hozdur şänik çakyp ýör, Ol
ýokarda köp zat bar.
Maňzyn iýip, gabygny Ýere
— maňa oklaýar.

Şişka zyňýar birde-de,
Aljagmy bilýär duşsa.
Baga çykyp bilýäniň,
Boluberşem bir başga.

## ORDEKLER

Ýoluň gyrasy bilen Ördekler
gelýär üýşüp. Bir-birlerne
guwanşyp, «Go-go-go-go-go»
diýşip.

Ýöräp gelýän mahalam,
Ýüzýäne meňzeş olar. Köle
baryp ýetseler,
Ýene hezillik bolar.

Ýol kesmeli bolanda,
Durdular sabyr saklap.
Maşyn ötüp gidensoň
Geçdiler hasanaklap.

# ESASY ZAT

Bir gün Sergeý baba bilen
Çeňňeklije köle gitdim. Uzyn
ýüpli çeňňegimi Arzuw bilen
suwa atdym.

«Jülp» etdi-de çümüp gitdi,
Suw düýbüne çeňňejigim.
Balyklary daşna ýygnap,
Ol köp gürrüň eder bu gün.

Ynanýaryn men bu kölüň
Balygyna-baýlygyna.
Garaşýaryn towlanjyrap,
Çykjak altyn balygyma.

Howlugamok,
Kejigemok,
Oýlansam-da balyk hakda.
Balyk bolar,
Esasy zat
Tutjaklygňa ynanmakda.

## «KÖMELEKLI» ÝAGYŞ

Ýagyş goýan dessine,
Tokaýa gitdim ýene.
Haýran boldum şonda men,
Kömelekler birgiden. Ysgasaň
ysy parym. Begenip, tapyp
ýörün. Gözläberseň ýene kän,
«Kömelekli» diýilýän Ýagyş
hakyt şol eken,
Ony bilip goýdum men.

## AK GUW

Ol moýmuldap geldi-de,
Çykarman köwşün, donun,
Girdi-de gitdi suwa,
Oýny başga ýüzýäniň.

Gaýyk bolup gezdi ol,
Gidip aýlanyp geldi.
Tolgunyp, ony synlap, Kölem
owadan boldy.

## TOKAÝ SIMFONIÝASY

Aýdym aýdýar çeşme,
Akyp — şildiräp.
Agaçlar pyşyrdap,
Asmana garap.

Otlaryň hem pessaý
Parym sesi bar. Bulutlar
ner bolup, Esireşip ýör.

Uçaryň sesi,
Onuňkam bir heň.
Hiňlenjiräp barýar, Otly
ýol bilen.

Şemal çybyklara
Hereket berip.
Dirižorlyk edýär,
Bir ýanda durup.

# JOJUK

Sygnap dur näme berseň,
Köp iýse-de, az görýär.
Öňüne näme goýsaň,
Dessine ýalmap berýär.

Iki bedre galyndy,
Içdi ýuwundy çaly.
Ýene diýdi: «Hork, hork, hork —
Berjek zadyňyz barmy?»

Çörek getir,
Suw getir,
Näme getirseň gidip,
Iýýär gözlerin ýumup,
— Hork-hork — heziller edip.

## ÜMSÜMLIK

Örtüpdir tokaýy,
Agyr ümsümlik.
Baglaryň egninde,
Ol bir mähnet ýük.

Agaçlar oýaly- —
Ukuly gernip,
Onuň aşagynda
Otyr ýegşerlip.

Oýnaýana meňzeş
Hemme dymmaşak.
Häzir şişkalaram
Gaçanok aşak.

Ýaýrap-ýazylyp dyr,
Hemme göwünde.
Uçup otyr tukat
Hiňňildiginde.

## ŞIŞKALAR

Gaçyp dur şişkalar
Şahadan tänip.
Dursaň gapdalyňa,
Ýa depäňe «güt».

Şişka gaçýar käte-de,
Gapdalyňa «şpat» gelip.
Ýatýar soňam bir gowy,
Gundagly bäbek bolup.

Gök kürteli tokaýyň Bu
gün ýene giň göwni.
Töweregne ýaýradyp,
Otyr hemme gowlugny.

## TOKAÝ ÝAGYŞY

Ýagyşyň tokaýy Sulhy
alypdyr.
Ol islän mahaly,
Gidip-gelip dur.

Berse-de gelende
Biraz kem ünji.
Soňundan tokaýa
Sepýär ol hünji.

Ýuwup garry duby,
Sypalap, siňňin.
Ýeňledýär her gezek
Onuňam süňňün.

Syrdam berýozalar,
Dünýä ýaraşyk.
Ýuwundy olaram
Gerinjireşip.

Lipalar hem ýagşyň
Duşuna düşüp,

Durlar kert gaýada,
Galkyjaklaşyp.

Her gezek gelende
Ýagmaga — ýene.
Agaçlar beslenşip
Düşýär bir güne.

## DAŞDEŞEN

Gurçuk gözläp daşdeşen,
Ýene uçdy daň bilen.
Dubuň gapysyn kakdy:
— Öýdemisiň, gurçuk sen?

Içerden bir ses geldi:
— Ol-a joralarynda.
— Tyk-tyk-tyk-tyk, sag
boluň, Özüm taparyn onda.

Onuň bolaýjak ýerni —
Tapdy ol berýozany. «Tyk-tyk...»
— kakdy gapyny, Öýňüzde
gurçuk barmy?

— Eý janlarym, bu kimkän?
— Daýza, bu men, daşdeşen.
— Gurçuk bize gelenok,
Sosnalykdan gözle sen!

Sorady ol soňundan,
Sosnaň gapysyn kakyp.
Jogap berdi olaram:
— Gitdi, ýaňyrak çykyp.

...Ýene-de bir ýerlerde
Daşdeşeniň sesi bar.
Gapy kakyp: «Tyk-tyk-tyk...» Ol
gurçugy gözläp ýör.

## BIR GUÝYNYŇ BAŞYNDA

Nury tokaýy gezip,
Oba gaýdyp gelýärdi.
Onuň geçer ýolunda
Telim bir guýy bardy.

Saklandy ol guýulaň,
Birisiniň deňinde.
Görse, guýdan suw çekip,
Dur gyzjagaz öňünde.

Egninde çitje köýnek,
Mährem gözler gülüp dur.
Bedre bilen gyzjagaz Itek-
çomak bolup dur.

Görse-hä kömek gerek, Nury
dessine duýdy.
— Sen birýanrak dur hany,
Çekişeýin men! — diýdi.

Gyzjagaz yza tesip, Garaşdy
sabyr saklap.
Hem Nuryny synlady, Uýalyp,
ýylgyrjaklap.

Bedreleri dolansoň,
Birisin başa çekdi.
(Suw ýakadan dökülip,
Yzarlap, aşak akdy.)

Suwdan ganyp, bedreleň
Hersin bir ele alyp.
Olar ýola düşdüler,
Gürleşip, iki bolup.

Ýat obada hemme zat Oňa
täsindi, geňdi. Ugratdy
Nury gyzy Soňra öýlerne
çenli.

## BERYOZOWIK-KÖMELEK

Berýozowik berýozaň
Gapdalyndan çykyp dur.
Synlap töwerek-daşyn,
Gözegçilik çekip dur.

Plaşy bar egninde, Çyglylyk
geçirmeýän. Duýdurýar onuň
şeýdip, Durjakdygy şindem
kän.

Şlýapasy başynda,
Halap geýýän, eý görýän.
(Ýogsam, ahmal boldugyň,
Şişka depäňe berýär.)

Ýol gözläp dur kömelek,
Geýinip ykjam-gaýym.
Yzyndan gelindigi,
Ugrap gitmäge taýyn.

## TOKAÝ ÝODASY

Egrerlip ýöremäni
Ýodajyk gowy görýär.
Tokaýa ugran wagtyň,
Öňüňde ýelpäp barýar.

Tokaýyň bar ýerine
Hemmelerden belet ol.
Oba bilen tokaýy
Birikdirip duran şol.

Parç otly giňişligi
Görkezmegi söz berip,
Alyp gidýär sürini Her
gün yzna düşürip.

Gezmek gowy tokaýda,
Diňşirgenip her sese.
Gezdirýär ýoda şonça,
Kim näçeräk islese.

Tokaýçyň hem agtygnyň
Her gün yzyndan gidip,
Alyp gelýär mekdebe,
Aýdym aýdyp, tans edip.

# BAGLAR TANS EDENDE

Şemal ýolkalaryň
Bilinden tutdy.
Göçgünli agaçlar Ýene
tans etdi.

Çaldy sazyny hem
Sykylyk bilen.
Şemal — ýigit boldy,
Ýolkalar — gelin.

Hemmeler keýpihon,
Elesleşdiler.
(Pyrlanyp ugrady,
Gobsundy-da ýer).

Baglar tans edende,
Synlasaň ony.
Olar has owadan
Bolýan ekeni.

## LENA AÝDYM AÝDANDA

Lena bilin guşap,
Çykandan öýden,
Her gezek başlanýar
Ýakymly aýdym.

Däne sepip, Towuklarny
hoş edýär. Soňam ol
sygrynyň Ýanyna gidýär.
Berýär onuň Suw
paýyny, otuny.
Naharlaýar söýüp, Bulka
— itini. Jojujagam
Lena örän eý görýär.
Maňlaýny sypalap,
Süýt guýup berýär.
Dessine süpürýär Ol hapa
görse.
Nirede iş bolsa,
Lena şol ýerde. Ýaňlanan
mahaly Aýdym her
gezek. Lenaň işleýänin
Bilýär töwerek.

## Yene gitjek tokaYa

Tokaýda bolup gaýtdym,
Arçaň ýanynda boldum.
Berýozany eý görüp,
Biline golum saldym.
Gowy gören gülümden,
Döşüme-de dakyndym.
Tokaý juda giň eken
Meniň dagy çakymdan.
Kömelegem kän eken,
Men olardan almadym.
Zäherlisem bolýamyş,
Tanamasaň, bilmeseň.
Ýöne welin köp aldym,
Şişkasyndan, hozundan,
Oty bolsa tokaýyň
Kükregiňden,
Dyzyňdan.
Ýagyş diňip,
Gün çykyp,
Bolsa gowluk-bahana,
Ýene gitjek tokaýa,
Meňzeş tokaý bahara.

# LITWA GOŞGULARY

## LITWA

Gül-gunçalar töwerekden
Bakýar agzyn aça-aça.
Otursaň-da kir bolanok,
Hemme ýerde gökje keçe.

Demir çüňkli daşdeşenler
Bir-birlerne sesin goşup,
Syrdam-syrdam agaçlary
Deşip ýörler bileleşip.

Ýüň balakly belkajyklar
Basga düşüp ýörler ýene.
Häli-şindi büdreýärler
Kömelekleň telpegine.

Eýläňem gül, beýläňem gül,
Gülden doly alaň, pesem.
Aýdym aýtsaň, ýere gaçman,
Baryp güle gonýar sesiň.

Bulut telpek geýen tokaý,
Ýatladyp dur äpet dagy.
Litwa atly bu ülkäniň
Hemme ýeri seýil bagy.

## ALDONANYŇ SURATLARY

Partadaşym Aldona gyz,
Görüp geldi Aşgabady.
Gürrüň berdi, köp ekeni
Onuň gören täsin zady.

Köpetdagyň gaýalarna
Çykypdyr ol telim ýola.
Senem atly bir gyz bilen
Bolupdyr ol şonda jora.

Dag süňňünden syzan çeşme
Gandyrypdyr Aldonany.
Görüpdir ol Pöwrizäniň Täsin
ýedi doganyny.

Saýlap gülleň al-elwanyn, Olar
baglap täsin çemen,
Goýupdyrlar Magtymgulyň
Heýkeline Senem bilen.

Alyp gelen suratlary
Bezedi bir uly zaly.
Bolduk bizem surat synlap,
Garagumy gören ýaly.

## ÇAKYLYK

Meni görmäge,
Garry eneme Salam
bermäge, Bar
garyndaşlar,
Ýakyndan-daşdan,
Gelip duruň siz!

Daş obadaky Garryja
mama, Ýüz sen
Nemanda, Mündejik
gämä. Uzyn
gamyşlaň Içinden
ötseň, Äkel
gamyşdan Tüýdüjek
etseň!

Kaka, jan kaka,
Uzakda ýören,
Köp gezek gije
Düýşüme giren;
«Kakaň komandir,
Geler» diýýärler.
«Seni gujagna Alar»
diýýärler.

Garaşyp ýörün,
Garaşyp ýörün,
Suratdan bezäp
Öýmüziň törün.
Sowgat gerek däl,
Geläý boram-boş.
Barybir, men-ä
Borun örän hoş.

## REÝKLAÝTES BILEN EJESI

— Eje, beräý lyžamy,
Gardan doly beýik-pes.
— Otur, ýyljak
içerde, Üşärsiň sen,
Reýklaýtes.

— Possunymy
geýeýin, Elimde ýyljak
ellik.
— Öýde otur, jan
oglum, Şoldur gowy,
hezillik.

— Garda towşan yzy
bar, Goýber, men yz
çalaýyn.
— Ýitiräýsem men
seni, Nirden tapyp alaýyn?

— Meňzeşje yzym
galar, Garda lenta mysaly.
— Dolanmarsyň
wagtynda, Düýnki köseýşiň
ýaly.

## KÄN AGLADY BIR PIŞIK
***(Litwa ertekisi esasynda)***

Gür tokaýlar eşitdi,
Gök ýapraklar diňledi.
Kän aglady bir pişik,
Diňer ýerde diňmedi.

Serçelerdir torgaýlar Gelip
iki-ýekeden, «Maw-
mawlaýan» pişige Seretdiler
depeden.

Pişik şindem aglaýar:
— Meň maňlaýym şor eken. Üç
çagajyk dogurdym, Üçüjigem
kör eken...


BIR
BAR
EKEN

## TÜRKMENISTAN HAKYNDA GOŞGY

Depämizde giňiş asman
Dünýäň ýüzi has üýtgeşik.
Pagta-bugdaý, gül-gunçalar,
Ösüp otyr bileleşip.
Giň gujagy çogdur ýyly, Parlap
otyr türkmen çöli.

Süri, süri, süri mala,
Az duşmarsyň munda bolsaň.
Öter gider samolýotlar
Asmanyňa nazar salsaň. Asman
ýere albaý bular,
Al asmany çagyrar ýer.
«Eziz çölüm» diýýänsiň sen,
Iller «Türkmen çöli» diýer.

Birçak suwlar eýeledi Yssyň
köne külbesini.
Indi guşlar ýygjamladar Biziň
ile gelmesini. Gurluşygna
gutarma ýok, Zähmet joşýar
ähli ýerde.

Gezim edýär ak gämiler,
Kanal atly köçelerde.
Ähli zatda günüň eli —
Eriginde, üzüminde...
Bar, şol günüň bir bölegi
Gor çägäniň düzüminde.
Biz «Garagum» diýýäs muňa,
Guwanýas oň barlygyna.
Bagtyýar meň ilim-günüm,
Meňzeýäs biz Nurly güne.

## BIR BAR EKEN

Düýe her gün derýada
Ýüzýär taňňyra girip.
Tä özi ýadaýança
Ýüzmekden aryp-irip.

Balyklar ýöriş edýär
Edil esgerler ýalak.
Öňden barýar komandir,
Uzyn murt — lakga balyk.

Käte bolsa bu ýerde Hezillik
bolýar diýseň.
Ana, onsoň gök-akdan Iýiber
haýsyn iýseň.

Iki gala özara,
Tersleşýär-de kä ýarym,
Gaýgyrman bir-birinden
Gawun, garpyznyň — baryn,

Topa salyp atýarlar,
Pomidory, üzümi.
Agzyň açsaň, bir zat «hap»,
Pugta ýumup gözüňi.

Sygyrlaryň hem munda
Ullakan ganaty bar.
Uçup gidip asmana,
Olar buldy otlaýar.

S onuň üçinem
süýdüň,
Bolsa-da şol — süýt ady.
Ak däl-de, ýaşyl bolýar
Uçýan sygyrlaň süýdi.

Gije hem gelýär her gün,
Bu zatlary görmäge.

## KOWLAN IT

On obadan kowlup,
Göwni galan it,
Gorkdy on birde-de,
Diýler öýdüp: «Ýit!»

On birinji oba
Ýogsam — gözýetim.
Aýagy çekmedi Ol
ýere itiň.

Siňdi ol jeňňele,
Nätsin çekinse?
Möjek bolup çykdy
Ondan çykanda.

## IL GÖRSÜN

*(Moldowa ertekisiniň äheňinde)*

Goja bir getirip,
Atyn bazara saldy. Deger-
degmez bir baha Ony
satarman boldy.

Bazara bolsa hernä,
Her hili adam gelýär.
Boldy şolaryň biri,
Bu ata hem hyrydar.

Sorady: — Aýt, ýaşuly,
Ýorgasy barmy atyň?
— Wah-eý, içimi
ýakma, Mundan gowudyr
item.

— Künde çekişi niçik,
Başarýarmy şony bir?
— Eger sähel ýadasa,
Toýnak salyp durandyr.

— Belki, ýyndamdyr atyň
Çapan çagy ýyldyrym?

— Eşek bar-a, çapyşsa,
Ozýan däldir şondanam.

— Beýle aty bazara
Salmalam däl ekeniň!
— Goý, il görsün
kimligin, Meniň dişim

## YAGŞY SÖZ

Düýe ýolda çökäýdi,
Bir ýerlerden geldi-de.
Ol hem käte ýadaýar,
Näçe güýçli bolsa-da.
Ýoly tutup ýatyr ol,
Özem juda arkaýyn.
(Tebigaty şeýleräk,
Asla edenok oýun.)
Sygyr görüp käýindi:
— Il, sen munuň bolşun
gör! Tapmadyňmy ýatmaga,
Ýatjak bolsaň başga ýer!
Hyňranyp durdy güjük Onuň
alkymna gelip:
— Hany, ugra şu ýerden,
Kölgäňem ýanňa alyp!

— Biziň bilen, gowusy,
Düýe, sen etme oýun.
Kran tapyp götäris... — Mäläp
janykdy goýun.
Bir pişik howlukmady,
Käýinip nalynmaga.

Diýdi: — Bizi bir geçir,
Gobsun-da, düýe aga!
Çagalarmyz garaşýar,
Düşünewer bize sen?
Aýlanyp geçere-de
Mümkinçilik ýok eken.
Ýogsam, şeýdip durmaly
Sagdan-soldan kim gelse!
Düýe turdy çaýkanyp:
— Geçäýiň beýle bolsa!

## TÄSIN HATYŇ MANYSY

Alyp ýeriň,
Suwuň tabyn,
Togarlandy
Torly gawun.

Eşdip onuň
Tory hakda,
Hem gögeren
Ýeri hakda,

Ençe alym
Gelip ýetdi.
Kelle döwüp,
Pikir etdi.

Diýişdiler:
«Gadymy hat,
Çaklama däl,
Tüýs hakykat.

Nädip düşen,
Ol bu ýere.

Hat degişli
Şumerlere[1]»...
Biri diýdi:
Häzire çen
Beýle hata
Duşmandy
m men.

Çen tutulsa
Ýazylşyndan,
Çykar ujy, Çynma-
Çyndan[2]»

Şol golaýda Düýe
bardy.
Ol jedeli Eşdip
durdy.

Hatyň aslyn Bolsaň
tapjak, Gürrüň
juda Ula sapjak.

*1. Şumerler–gadymy halk.*
*2. Çynma-Çyn–Hytaýyn köne ady.*

Diýdi düýe:
— Dostlar, duruň.
Maňa-da bir Gezek
beriň!

Sypyndygym Şu ýan
gelýän.
Bu haty men Okap
bilýän.

Okady soň Syrly
haty.
Hemme bildi Syrly
haty.

«Dostlar, bişdim,
Meni iýiň! Ekene-
de «Sag bol!» diýiň.

Adym gawun,
Süňňüm — baldan,
Tagamymy Günden
aldym»...

Ähli alym
«Bäh» diýişip,
Sag bol aýtdy
Düýä üýşüp.

Soradylar
Soňam ondan:
«Öwrendiň sen
Haty kimden?»

Düýe diýdi:
«Kän-ä bilýän.
Hat hatdyr-da,
Näme bilmän.

Geň görmäň siz,
Dostlar, meni.
Düýäniň her
Üçünjisi

Boşansa, şu Ýere
gelýär.
Bu hatlary Okap
bilýär.

Iýmelidir —
Diýip — muny,
Dilimledi
Soňam ony.

Paýlaşdyrdy
Töweregne:
— Okamaga
Geliň ýene!»

Diýip, düýe
Haýyş etdi.
Gelenler
hoş Bolup

## BIZIŇ KROKODILIMIZ

Nirede ýaşaýar krokodiller?
Elbetde, Afrika belli mekany.
Ýaşaýar her derýasynda ol ýeriň
Äpet krokodilden iki ýüz sany...

Ýok, olar ýeke bir Afrikada däl,
Başga ýerlerde-de ýaşaýany bar.
Indi köpden bäri olardan birsi,
Aşgabatda biziň bilen ýaşaýar.

Futbol oýnalanda ol derwezeçi,
Äkidýärler ony bileje kino.
Gowy görýän zady doňdurma onuň,
Hezil edip iýýär, berseň «eskimo».

Bir gün Töre atly oglanjyk ony,
Salyp otlyň kupelerniň birine.
Özi bilen oba äkidäýipdir, «Gezdireýin»
diýip, mamalaryna.

Howsala doldurdy şol gün şäheri,
«Krokodil gürüm-jürüm bolanmyş!..»
Birem diýdi: «Ony alyp gitmäge
Afrikadan agalary gelenmiş».

Tukatlandy şonda hemme oglanlar,
Gözlediler gidip ýaýladan, kölden.
Ulular olara göwünlik berdi,
«Çykar bir ýerlerden, uçan-a däldir».

...Obaly çagalar begenşipdirler,
Aýlapdyrlar mündürip gök taýhara. Ol
hem ele alyp bir kesmen nany,
Oglanlara goşlup, gidipdir jara.

Bir kiçijik çaga akan mahaly,
(Şuny köp ýatlaýar indi oba has.)
Krokodil özün suwa urupdyr,
Akan oglanjygy edipdir halas.

Obanyň ilersi çöl-baýyr eken,
Krokodil çopan goşna barypdyr.
Garmykan öýdüpdir pagtany bolsa,
Ony elne alyp, ysgap görüpdir.

Bir hepdeden gaýdyp gelipdir ýene,
Söýgüli şäheri Aşgabadyna.
Şondan bärem diňe «Krokodil» däl,
«Syýahatçam» diýýärler bir adyna.
Bärde onuň azary ýok hiç kime,

Gaharly zyňanok awuna bakan. Ýeri,
ol başga zat iýip nämetsin?
Bu ýerde bal ýaly gawunlar barkan.

Çagalaryň dosty,
Ünsünde iliň.
Beg güni bar munda krokodiliň.

## BIR AMADY GELENDE

Pişik, syçan hem eşek
Gürrüňçilik bolanda,
Hersi biraz öwündi,
Bir amady gelende.

Syçan diýdi: «Pil atly
Hindistanda agam bar.
Hezilmişin Hindistan,
Meni myhman çagyrýar».

Pişik diýdi: «Gaplaňyň
Babadaşy hut özüm.
Oglum ogluna meňzeş,
Gyzyna meňzeş gyzym».

Eşek diýdi: «At inim,
Ýaryşlardan gelenok.
Häzirem bir ýurtda ol,
London, Pariž.., bilemok».

Bardy pyşdyl hem düýe
Gürrüňiň bir çetinde.
Olaram şuny diýdi
Nobatlary ýetende:

Düýe diýdi: — Düýeguş,
Biziň inilermizden.
Wah, asmanda ýandak ýok,
Ýogsam, uçman ýörmezdim.

Pyşdyl diýdi: — eý, dostlar,
Bilýändir synlap gören.
Şol meniň uçan oglum,
Gün bolup, gezip ýören.

## ÇAÝ BAŞYNYŇ DERDINMESI

Düýe diýdi: «Tomus
Ýürege düşdi.
Tendi köşejigim,
Butlarym bişdi.

Ýyndam bolmasa-da
Bu ilde menden,
Men gaçybam, sypyp
Bilmedim Günden.

Her ýyl tomus gelse,
Maňa dar öýüm.
Günüme goýanok
Çybyn gögeýin.

Çöl ýaly giň dünýä
Barmy nä başga?
Şu-da dar, göksiňek
Söbügme düşse».

Düýäň derdinmesin
Eşidip bir guş,
Aýak çekenmiş-de,
Şeýle diýenmiş:

«Gadyrdan, sen beýdip,
Käýinip ýörmän,
Aýdýandyr-a öýtme Ol
ýeri görmän.

Bir uçara mün-de,
Uç sen deňize.
Ol ýerde serginlik
Syçraýar ýüze.

Daş-töwerek bolsa Gül-
gunça — solmaz. Ol
ýere bir barsaň,
Gaýdasyň gelmez».

Düýe ony diňläp,
Ser salyp aşak,
Soňam ýylgyranmyş
Ýeňsesin gaşap:

«Wah, men ol illere
Giderdim, guşum.
Ýöne onda ýandak
Bitmeýärmişin».

## AWÇY TILKI

Tilki elewräp ýör
Obaň daşynda.
Hyýaly keteklеň
Towuk-guşunda.
Sanaýar ol ýoluň
Öten-geçenin.
Hasaplaýar Çyralaryň
öçenin. Gyzyl kekeç
horaz, Towugam
bolsa,
Itleň gözlerine
Güýdüşip bilse.
Ketege girmekçi,
Talaň salmakçy.

Gabady gelene Eýe
bolmakçy.
Bilýär, hezillik bor,
Bolar şatlyk-toý,
(Gije edýän işiň
Görýän barmy, heý?)
Towuklyja palaw
Onuň hoşunda.
Tilki köwsarlap ýör
Obaň daşynda.

# HÜWDI

Ukla, balam,
Ýat, balam,
Gül ýassyga
Ýet, balam.
Pişik diý-de, özüň
Göz öňne getir!
(Pikriň seni islän
Menzilňe ýetir.)
Murtuňy käte bir
Sypalaşdyryp, Indem
ýatyrsyň sen, Süýji
düýş görüp.

Ukla, balam,
Ýat, balam,
Süýji uka Bat, balam.
Indem sen çaga däl,
Bir gowja köşek.
Saňa akyllymyz,

Güýçlimiz diýjek.
Guýrujagyň seniň
Bolsa-da kelte,
Boýuň uzyn, gelsin
Deňeşjek bolsa!

Ukla, oglum,
Ýat, oglum,
Süýji uka Bat,
oglum,
Bir süsejik guzy
Indi bolsa sen.
Gaty süser öýdüp,
Gorkýarlar senden.
Süsüşdiň tut bilen,
Bardyň-da bärden.
Indem sen güjügi
Kowalap ýörsüň.

Ukla, balam,
Ýat, balam,
Süýji uka Bat,
balam.

Gijäň oý-hyýaly
Ýene-de bizde.
Ýyldyzlar üýşüşýär
Dik depämizde.
Uklap dynjyň alsaň
Tä dogýança Gün,
Ýene oglanjyga
Öwrülersiň sen!

## BARÝAR, BARÝAR PYŞBAGA

Pyşbaga ýola düşdi,
Arkasynda gazany.
Ilerligne barýar ol,
Tirkäp aýak yzyny.

Barýar, barýar pyşbaga,
Gün bilen gürleşmäge.

Gün bolsa togarlanyp,
Gidip barýar ýokardan.
Pyşbaga hut şol günüň
Alkymyndan
çykarman.

Barýar, barýar pyşbaga,
Gün bilen gürleşmäge.

Ýetdimi ol, ýetenok —
Heniz bilýän ýok muny.
Günde bir pyşdyla bar,
Oýlandyrýar şol meni.

Gidipdi şol pyşbaga Gün
bilen gürleşmäge.

## ÇÖL PARADY

Synladym men ýapa çykyp,
Paradyny bir gün çölüň. Geçdi
saýdan ilki bolup,
Süri çopan iti bilen.

Ýz ýanyndan sarsgyn berip,
Peýda boldy uly gäle.
Geçdi olar tozan turzup,
Dolup-daşyp, sygman ýola.

Bir salymdan geçdi tilki,
Hemme zada müňkür bakyp.
Soňam meni synlady ol,
Şol ýerden, bir çöpe bukup.

Seňk-seňk edip geçdi şagal,
Şatrym-şallak süri gulan.
Çölden gelýän bir çopanam
Geçip gitdi şol ýol bilen.

Zemzen geçdi garnyn süýräp,
Pyşbagany garyp çaňa.
Keýik sürsi uçup geçdi, Gorky
bilen gözläp maňa.

Ters öwrüldi bir suwlugan,
Bilmän nirä ötjegini.
Synlaýaryn çöl paradyn,
Günem synlap otyr meni.

Düýeler-ä bir-ikem däl,
Şol ýol bilen geçdi ençe.
Dowam etdi çöl parady,
Tä garaňky gatlyşýança.

## AKPAMYGYŇ AÝDYMY

Tigirlen sen çörejigim,
Dag-dereden aşyr meni!
Tigirlen sen, tigirlen sen,
Agalarma duşur meni!
Doganlarma duşur meni.

Gör, dünýäde bu gün ýagty,
Ýollarynda bar höwesim.
Synçy bolup durdum sähra.
Torgaý guşlaň diňläp sesin.
Synlap sähraň belent pesin.

Ýeňil ganat kebelekler,
Galgaşyp ýör ondan oňa.
Ynanýaryn, owsun atýar,
Ýaşyl ýaýlam meňzeş maňa,
Meňzeş ýaýlam bu gün maňa.

Çeşme suwy ýoluň kesse,
Geç ondanam badyň bilen.
Gez, ýodalaň yzna düşüp,
Aýlan-öwrül çaňna bulan,
Ýoldaş bolup ýoda bilen.

Doganlarym pikirimde,
Ýedi sany çynar aga.
Hudaýjanyň beren bagty.
Akpamyga baýrynmaga.
Ýedi sany çynar aga.

Agalarmyň dogan mährin,
Barýan küýsäp didaryny,
Höwes bilen gözläp tapyp,
Bar etmäge men barymy,
Doganlarmyň didaryny.

Tigirlen sen — çörejigim,
Dag-dereden aşyr meni!
Nirde bolsa tigirlende,
Doganlarma duşur meni!
Kökejigim-çörejigim,
Tigirlen sen ýürejigim.

## SUW ATLARY

SUW ATLARY

Sarsgyn berýär kenaryna,
Çal deňiziň güwwüldisi.
Ol güwwüldi suw atlarnyň —
Şol atlaryň toýnak sesi.

Ol tolkunlaň at kemi ýok, Dur
sagrysy gümmezekläp. Galýar
atlar çarpaýasyn, Asmanyna
nazar dikläp.

Ol atlaryň,
Suw atlarnyň,
Ýok olaryň dyzmaç kemi.
Tutýar ýene Gün ýüzüni Bulut
bolup atlaň demi.

Giňiş deňiz,
Syrly deňiz
Meňzeş bu gün agyr ýygna.
Suw atlary çapyp ýörler,
Ýallaryny dküp egne.

## TOLGUNDY DEŇIZ

Üýşüşipdir deňze,
Hemmeje balyk.
Birsi barmak ýalak,
Birsi el ýalak,
Şuka,
Çapraz,
Doka,
Her hilisi bar.
Deňziň gujagynda
Dänjireşip ýör,
Çagalarny synlap,
Tolkundy deňiz —
Tolgundy deňiz.

## BALYJAK

Balyjak ýaşaýar
Gabyň içinde.
Oňa gökden gaçýar
Iýmit gaçanda.

Balyga şoň üçin
Gündiz-u-gije,
Agzyn göge tutmak
Bolupdyr pişe.

Ýüzmek uzakly gün
Onuň bar işi.
Suw içende görýär
Görende düýşi.

Şol ýerde elewräp,
Aşyram atýar.
Çykyp bilmejegne
Oň akly ýetýär.

Her gün onuň daşy
Oglandan doly.
Olaň elem açyk
Ýüzleri ýaly.

Balyjak olardan
Edenok kine.
Wah, bir zady olar
Ýatlanok ýöne.

Onuň balykdygny
Ýada salýan ýok.
Onuň arzuwlarny
Syzyp bilýän ýok.

Oňa ulalmaga Maý
berenoklar. Ony
kit bolmaga
Goýberenoklar.

## IŇ SOŇKY BALYK

Bu wakanyň özüm
Şaýady boldum.
Hiç alamat ýokdy Ol
mahal ýelden.

Gözýetim o ýüzde
Ýatyr keserip,
Deňiz guşy bolup,
Ganatyn gerip.

Gün ýok, ýogsa o-da
Asmandan gelip,
Deňze çaýylardy
Lowurdy bolup.

Otyryn kenarda
Çeňňegim bilen,
Ýok henizem meniň
Habarym alan.

Ahyrsoňy geldi
Şatlyk pursady.
Ýüregim dar görüp,
Urdy gursagy.

Çeňňegimde balyk,
Göçgünim ýetik.
Bagtly boldum ony
Arkama atyp.

Şowly gün bolarly
Meniň bu günüm.
Ikinji balykda
Ýüregim meniň.

Deňiz üýtgeýänçä
Şemala uýup,
Gaýtmaly bolýançam
Kenary goýup,

Oturyp   garaşdym,
Turup    garaşdym,
Hyýalymda   balyk
Görüp garaşdym.

Seret, indem munuň
Boluberşine, Agdar-
düňder boldy Deňiz
durşuna.

Äpet-äpet gomlar,
Hersi dagça bar.
Özlerni kenara
Ýüzin taşlaýar.

Deňiz deňelýän zat
Giňe dünýäde.
Deňiz üýtgemeýär,
Şeýle bir zada.

Soramsoň özümden
«Deňze näm boldy?»
Şonda şeýle pikir
Kelläme geldi.

Galan däldir, belki,
Bu suwda balyk.
(Göwnüme şu balyk Iň
soňky ýalak).

Belki-de, şeýledir,
Soňky balykdyr.
Onda deňziň menden
Göwni galypdyr.

Balygymy deňze
Gaýtaryp berdim.
Goý, onuň ýüregi
Ýerine gelsin.

Deňiz geler ýene
Öňküligine.
Begenýän balygyň
Şoňkulygyna.

Beýle kiçi bolman,
Bolsun dag ýalak.
Nämä gerek maňa
Iň soňky balyk.

# BÄŞINJI «A» SYNP

## MEKDEP HOWLUSYNDA

Mekdebiň howlusynyň
Gujagyny dolduryp,
Ýatyr agşam düşen gar,
Begendik ony görüp.

Soňam biz ýerli-ýerden
Onuň daşyna geçdik.
Gar zyňyşyp oýnadyk,
Kowalaşdyk hem gaçdyk.

Gyzlaryň zyňan gary
Telim bir degdi maňa.
(Gar paýyňy almasaň,
Geçere ýol ýok saňa).

Howludaky bar gary,
Çaşyrdyk biz şeýdibem.
Düşer ýene şu güne,
Ýagaýsa gar gaýdybam.

## AÝDYM

Aýdym sapagy gelse,
Her gezek iki bolup,
Aýdym aýdýas: «Azaşyp,
Ygyp ýör akja bulut...»

Mugallymam halaýar
Sesimiziň ýakymyn.
Bizi diňläp oturýar Soň
bir gyra çekilip.

«Azaşan buldy» hemmäň
Eý görýäni örän hak. Has-
da ony Gül bilen Ikimiz
goşup aýtsak.

— Azaşan akja bulut
Bölejik süri bolup,
Uly sürini idäp,
Barýar gökden yz salyp...

Diňe, Garla haýran men,
Gaşlary çytyk ýene.
Gül bilen aýdym aýtsam,
Düşäýýär ol bir güne.

Aýdym aýdýas biz bolsak,
Bäri-bärlerde durman.
Aýdym aýdýas ses goşup,
Hiç zada üns bermän.

## GOŞGY

Mekdebiň gazetiniň Şu
gezekki sanynda Meniň bir
goşgym çykdy, Suratym hem
ýanynda.

Taryplapdym pişigi, (Ýogsam,
tema-da kändi.) Okap beren
mahalym, Özem erbet
görmändi.

Arakesmede ony Okady
mekdep üýşüp. Taryplanam
tapyldy,
«Şahyr bolar şu» diýşip.

Gyzlaram ony okap,
Aýlaşyp maňa gözün,
Pyşyrdaşyp durdular:
«Şol oglan şuny ýazan...»

Görsem-de men, bar zatdan
Habarsyz bolan bolýan.
Guwanýaryn özüme,
Gazete golaý gelmän.

Güjügme-de goşgymy
Gelemsoň okap berdim.
Diýdi o-da ýalmanyp,
«Ýazylşyn gowy gördüm».

Soňam diýdi: «Bir bellik,
Goşgyň temasy pişik.
Näme gowluk etdikän,
Biz — itlerden üýtgeşik?

Ýadymda ýok meniň-ä,
Artykmaç eden zady.
Seniň goşgyňda bolsa,
Ol iliň göwünşady».

Asylly it hemişe,
Örän sypaýy bolýar.
Düşündim men, onuňam
Goşgy bolasy gelýär.

## JANYŇ ÝANÝAR

Dutar alsam elime,
Ejem diýýär: «Goýsana,
Şol ýürege düşdini Çalyp
başlady, ana!»

Kakamam diýýär görse:
«Goý, taryny üzersiň.
Ýaş bolýarsyň entek sen,
Ony çalyp-düzerden!»

Höwesim ýok diýjek däl,
Dutarly düýş görýän kän.
Käte bolsa dostlarma Birki
heň çalyp berýän.

Ejem dutardan bizar,
Kakam ony çalanok.
Ol atamyň dutary,
Wah, atam jan,
Wah, şol ýok...

Görýär onuň hözirin
Daşynyň mahmal gaby.
Ine, meniň sazanda
Bolmajagmyň sebäbi.

## WETERAN BILEN

Duşuşyga geldi
Goja weteran.
Onuň ordenleri,
Medallary kän.

Ol biziň synpyň Bu
gün gelşigi.
Ilki gürrüň berdi
Ýesir alşyny.

Getirensoň onuň
Baglap goluny.
Dowam etdi ýene
Söweş ýoluny.

Geçdi derýalardan
Köprüler gerňäp.
Gyrdy duşmanlary,
Tokaýy derňäp.

Garymdan garyma
Süýrenip geçdi.
Duşmanyň üstüne
Ýene ot açdy.

Bizem barýas onuň
Yzyna düşüp...
Gabadyk Berlini
Biz bileleşip.

## KÖMELEK

Dostum Durdy ikimiz,
Bir gün irden gol aşdyk.
Şol gün biz kömelegiň
Ýene boluna duşduk.

Wah, duz alman ekenik,
Iýäýjekdik, bolmady.
Ýöne ony başga-da
Beresimiz gelmedi.

Dilleşdik biz şol ýerde,
Erte gelip iýeli.
Öýe bolsa hiç zadam
Tapylmady diýeli.

Hezil edip doýaly, Şorawja
kömelekden. Bardyr
bolaýýan wagtam, Isläp,
bolsady ekseň.

Ertir ýada düşse-de,
Ýygşyran kömelegmiz,
Okuw, sapak sebäpli
Sypynyp bilmedik biz.

Üç gün aradan ötdi,
Bardyk şol ýan tirkeşip.
Ähli kömelek harap Bolan
eken gurt düşüp.

## ZÄHMET SAPAGY

Her gezek bolanda
Zähmet sapagmyz,
Bir atyza baryp
Işleýäris biz.

Ýer depýäris,
Birde joýa çekýäris.
Ýaz aýlary Ekin
baryn ekýäris.

Öwrenýäris şeýdip,
Biz ýeriň tabyn. Güýz
bolsa ýygnaýas
Pomidor, gawun...

Mugallymyň özem
Pil alyp ele,
Hars urup işleýär
Herne biz bile.

Bir özi gutarjak Işiň
baryny.
Ol şeýdip ýörensoň
Durup bolýarmy?

Kolhoz haýsy işin
Berse-de bize.
Ynanýarys indi
Başarjagmyza.

## ARAKESMEDE

Ýadap arakesmä
Çykanda klas.
Aýsona tans etse,
Hezil bolýar has.

Kimedir birine Hut
sargalan dek.
Tapylaýýar dutar,
Ýa bolmasa, dep.

Ol tans etse klas
Alýa-da beleň,
Tans edip başlaýar
Aýsona bilen.

Ýöne Aýsonanyň
Oýny üýtgeşik.
Saçlaram dur onuň
Egnine düşüp.

Birde ol kebelek
Göterlen gülden.
Birde-de tez jeren,
Tazygan ýelden.

Hezillikden gözüň
Aýryp bolanok.
Tansdan özge hiç zat
Kellä gelenok.

Ýeke-täk arzuwy,
Köpçülik — käniň.
Uzagrak bolmagy
Arakesmäniň.

# DOST

Sözümiz azaşdy
Nurnazar bilen.
Ol az-kem günäkär,
Azajygam men.

Şondan bärem indi,
Men pikire gap.
Oýurganyp ýörün,
Böwrümi diňläp.

Akyl berdim birde
Öz-özüme men.
Duşuşjak bolmaly,
Beýdip ýörenden.

Bilýän düşünşmäge
Tapylar bir ýol.
Ýogsam, beýdip ýörmek,
Hiç göwne jaý däl.

Indi gaýra goýman,
Ýaraşmaly Sen!
Şolary niýetläp Çykdym
men öýden.

Beýder diýen pikir
Hiç ýokdy mende.
Görsem, ol öýmüziň
Töwereginde.

Garaşýan ekeni
Çykarma meniň.
Düşündim dostuma
Ony göremden.

«Dost hem dosta gerek»
Diýlen gürrüň hak.
Aňsat däl ekeni Dostsuz
ýaşamak.

## SPORT MEÝDANÇASYNDA

Ine, giňiş meýdança,
Gidip dur türgenleşik.
Düwdenekläp ýör pökgi,
Ýene-de öňe düşüp.

Kim ylgap ýör,
Kim böküp,
Her gelen bir höwesde.
Bar turnikde aýlanýan,
Kimse synlap dur pesde.

Haçan gelsem meýdança,
Mende-de şu höwes bar.
Sebäbini bilemok,
Ylgasym geliberýär.

## KIM NÄMELI GELÝÄR MEKDEBE

Başlygmyzyň ogly
Ir bilen günde,
Gelýär kakasynyň
Gök lökgesinde.

Bir ýa-da iki däl,
Kän ahyryn kär.
Brigadiriň ogly
Motorly gelýär.

Eýsem nä, müner-dä
Her kim tapanyn.
Eşeklije gelýär Ogly
çopanyň.

## ŞADYÝAN HOWLY

Biziňem howlymyzda,
Tüýdük çalýan daýy bar.
Mahal-mahal ol bize
Tüýdügni çalyp berýär.

Öwretjegem öwrensek,
Bize hem ugrun çalmaň.
Aýdym aýdyp, tans edýäs,
Biz bolsa durup bilmän.

Üýşýär eje, kakamyz,
Hemmeleň gözi gülýär. Biz
şatlansak, tüýdügem Has-
da göçgünli çalýar.

Döreýär bir hezillik,
Şeýdibem häli-şindi.
«Tüýdükli howly» diýen
Adymyzam bar indi.

Ünsün çekýäs hemişe,
Töwerekden görýäniň.
Sowulýar bizi görüp,
Käte geçip barýanam.

# IKILIK ALAN GÜNÜM

Ikilik alan günüm, Meniň
mazam bolmady.
Okuwdan soň öýmüze
Dolanasym gelmedi.

Oňa-muňa güýmenip,
Ýolda telim oturdym.
Agyr eken ikilik,
Öýe zordan getirdim.

## SONA GELDIYEWA

Sona Geldiýewa —
Klasdaşymyz.
Ony tüýs ýürekden
Hormatlaýas biz.

Sesi mylaýymdan
Gelen ýakymly. Hem-ä
ol görmegeý, Hemem
akylly.

Keşde çekmekde-de,
Ol her kimçe bar.
Mekdebe-de mydam
Arassa gelýär.

Haýsy köýnek geýse
Gelşip dur oňa.
Onuň ýylgyrmasam
Ýaraýar maňa.

Käte-de ol eli
Çemenli gelýär.
Şonda dagy has-da
Owadan bolýar.

Hemme gowulygy
Deňeýäs şoňa.
Biz — oglanlar has-da
Guwanýas oňa.

## ÇAKYLYK

Bu gün mugallymymyz
Klasa gelip,
Oturansoň biraz Bize ser
salyp.

Diýdi maňa «Garly!»
Turup diýdim «Men». —
Häzir direktoryň Ýanyna
bar sen!

Oýlandyrdy bu söz Meni
dessine.
Soraglar üýşüşip,
Geldi üstüme.

Näme edäýdimkäm? Men
ünji çekdim.
Her hili pikiriň Içinden
çykdym.

Ähli eden zadym Ýadyma
düşdi.
Diýlen bolsa gerek: «Kän
ýakalaşdy».

Şamyradyň Aýagyna
kakypdym. Sonanyň
depderne Pişik
çekipdim.

Belki, ýamanlandyr
Gyzlaryň biri.
Üstümden arz edip,
Barandyr Çary.

Ýada düşdi Durda Azar
berenim.
Gar togalap,
Mugallymy uranym.

Ýatladykça barha,
Galdym men müýne.
Garagolluk bolsa
Çykyp dur ýöne...

Biraz ýaýdandyrdy, Şu
zatlar meni. Barybir,
syr bermän, Bardym
men göni.

Başga-da oglanlar Bar
eken bärde.
Başa näme gelse,
Görmeli bor-da...

Onýança-da diýdi
Direktor bize:
«Meniň ynamym bar,
Oglanlar, size...

Şäherde göreşiň
Ýaryşy boljak.
Ýatda bolsa öňem
Çempion bolduk.

Hökman saklamaly
Öňki abraýmyz.
Unutmaň, mekdebiň
Abraýysyňyz!.. »

Ony diňläp biraz
Ýeňledi derdim. Başga
adam bolup, Gaýtdym
ol ýerden.

çakylyk
Bolup göwnüň gümany.
Meniň mazmunyma
Goşdy köp many.

# HARMAN DÄLIMIZ

Gyzlara meňzäp geýse-de eşik, Nursoltanyň
bolşy biraz üýtgeşik.

Ýatlaman, özüniň esli gyzdygyn, Kowalaşar
ýörer biz bilen her gün.

Göwnüň garagolluk isläýen çagy,
Işiň gaýdar oňa degäýseň dagy.

Serenjam berensoň durup saçyna, Futbolam
oýnar-da, geçer hüjüme.

Kiçijik mahaly gurjak oýnaman,
Oglanlara goşlup oýnardy hökman.

Aşyk oýnap utup, utduryp gezdi,
Bolsa-da zor eken, ejizlemezdi.

Gyz diýip göwnüne degjek bolanlar, Ondan
mazalyja hakyn alandyr.

Görki-görmegi hem «Men» diýerçe bar, Gülse
dagy hasam owadan bolýar.

Çen-çak tutup Nursoltanyň bolşundan, Oňa bir
mynasyp lakam tapdym men.

Indi köpden bäri Nursoltana biz,
Diýýäs serkerdämiz — «Harmandälimiz».

## TÖRÄNIŇ DOGLAN GÜNI

Ýaş toýuna çagyrdy,
Ol synpyň hemmesini.
Öýlerinde jemlenşip, Üýşüp
gutladyk ony.

Hezil bolýan ekeni,
Gowulyga üýşeňde. (Soňam
öýde bir gezek, Gördüm ony
düýşümde).

Uzak ýaş arzuw etdik, Garry
baba bol diýip. Gutlan çagy
duýdansyz Ony ogşaýdy
Keýik.

Sowgadyny berende,
Juda öwdi Aýsenem.
Şeýdip etjek täze ýyl
Doglan günümi
menem

# GOŞHALTA

Klas daga gidende Oň
hem gidesi gelip,
Haýyş etdi Çakandan,
Aldy ol, razy bolup.

Gerek boljak zatlardan
Saldylar, ýogsam boşdy.
Şeýdibem ol il bilen,
Höwesli ýola düşdi.

Ýokarlygna ýöremek Kynlaşdy
minut saýyn. Göwnün böldi
şonda ol: «Aý, gowsy men
gitmäýin!»

Sojap, egninden çekip, Durdy
ol, synlap Güni... Goşhaltanyň
— Çakany
Alyp galjagy çyny.

## GEZELENÇDE

Gezelenje çykdyk biz,
Oglan-gyz topar bolup.
Ugratdyk soň ot ýakyp,
Asmana çalja bulut.

Gazanmyzy ataryp, Bişirdik
üýşüp nahar. Hemmämizi
çagyrdy, Çorba bişensoň
Bahar.

Dadyp görse, tup-turşy,
Ýanyk ysam bar biraz.
(Bu zatlary hasaba Alýarmy
nä, gülli ýaz?)

Gülşüp, degşip otyrys,
Bar aýdym-saz, dürli heň.
Nahar iýeňde şeýdip,
Gülşüp,
Üýşüp iýäýseň.

## BÄŞINJI SYNP

Bäşinjini gutardyk,
Ýadanlygmyz duýulýar.
Eger ýatlap otursaň, Edilen
iş esli bar.

Doldy telim bir depder
Mysaldyr meseleden.
Matematika bilenem Men
şu ýyl «keselledim».

Dünýä giňeýän eken,
Geografiýa başlasa.
Köp ekeni derýalar,
Murgabymdan başga-da.

Her taryh sapagynda
Gadym zamana göçdük.
Bäşinji «A-lar» bolup, Kir*
bilen paltalaşdyk.

Haýsy birin aýdaýyn, Bolan
zat kän bu ýylda.

**** Kir II – Gadym zamanda eýran patyşasy.***

Bäşde okamak gowy,
Sapagyny kim bilse.

Ýadanyňam duýaňok,
Höwesli okap ýörseň.
Illerä-hä bilemok, Menä-
hä oňat gördüm.

Haýsy birin ýatlajak,
Gürrüňi kän bäşinjiň.
Öňde altynjy synp bar,
Altynjy meniň ünjim.

# ORAZGELDIŇ GÜJÜGI



## ORAZGELDIŇ GÜJÜGI

Howlymyzda çapyp ýör
Orazgeldiň güjügi.
Hezil oýun tapyp ýör
Orazgeldiň güjügi.

Gulaklaram selpije, Özem
nakys-görmegeý. Onuň
ýaly gowuja,
It barmyka asla heý?

Eýesini görse-hä Hasam
hezil edýär ol. Çapalaşyp
oýnaýar, Nirik gitse
gidýär şol

Mydam oýun höwesli,
Orazgeldiň güjügi.
Hem aýagňa çolaşyp,
Halys ýakýar içiňi.

Tumşujygy melemtil,
Maňlaýjygam ak onuň.

Dostun tapsa bolany
Başga pikiri ýok onuň.

Mekdebede kä ýarym,
Gitjek bolup görýär ol.
Orazgeldiň yzyndan Köçä
çenlem barýar ol.

Garap galýar yzyndan,
Orazgeldiň güjügi.
Hem aýagňa-da çolaşyp
Halys ýakýar içiňi.

Towuk, horaz bolşuna, Ol
hemişe geň görýär. Olar
oýna bolanok Kürsäp
ketege girýär.

Onuň bolsa keýp edip,
Juda oýnasy gelýär.
Ýöne oýun hemişe Dosty
gelensoň bolýar.

Ýakalaşyp iki dost
Hezil edip ýörendir.

Hezil tapýar olaryň
Boluşlarny görenler.

Buýsandyrýar hemmäni,
Orazgeldiň güjügi Hem
aýagňa-da çolaşyp Halys
ýakýar içiňi.

## GARLAWAÇ, GELSENE

Garlawaç, gelsene,
Elewräp ýörmän.
Ynanaý, men seni
Erbed-ä görmen!

Ýasan höwürtgäňi,
Söýlän ýeriňden.
Tumşugna kakarys,
Pişikleriň-de.

Ählimize ýer bar,
Giň biziň öýmüz.
«Gowujamyz» diýeris,
Çagalarňa biz.

Nirde bolsaň, bol sen,
Al-asmanda gez! Çagalaň
biz bilen, Ýekesiremez.

Gaçyp ýörsüň, bolşuň
Maňa ýakanok.
Il-ä biziň ýaly Dogan
tapanok.

## TOWŞAN BOLASYM GELÝÄR

Öňünde käşiri,
Jamynda suwy,
Towşan bolup bolsa,
Bu diýseň gowy.

Isleseň-ä iý sen,
Islemeseň, ýat.
Okamalam däl sen,
Ýazmaly däl hat.

Towşan bolup görmek
Pikri bar mende.
Çalyşmazlar şonda
Köýnegim günde.

Bir bolup bolaýsa,
(Işem şunda bar.)
Ýöne bolup bolsa,
Hezillig-ä bor.

# GAZLAR SUWA DÜŞDÜLER

Ýagyş ýagdy paýrap,
Meýdan öl boldy.
Damjalar oýtaga Üýşüp
köl boldy.

Gazlar ony görüp,
Gagyldaşdylar.
Üýşüp baryp köle,
Suwa düşdüler.

— Oňatmy, eý gazlar,
Kölüň kak suwy?
Gagyldaşdy gazlar:
— Go-go-go-gowy

## SALGY BERSEM

Dostum, eger bize
Gelesiň gelse,
Has-da tiz gelersiň
Taýharyň bolsa.

Ony gaňňalapjyk,
Gerşine bas-da,
Geliber günorta Sen
assa-assa.

Daşyňa öwrülse
Baýyrlaň bary,
Görünip ugrasa,
Daglaryň gary,

Çen tutup Murgapdan,
Seredip Güne,
Eşejigňi onsoň Gyssaber
ýene.

Jeňňel görünende Baksaň
soluňa,

Sagyňdan abansa
Daglar ýoluňa,

Selçeň tutluk çykar,
Soňundan gernip. Hem
ýatan giň düzlük
Öňüňde serlip.

Jaryň köprüsine
Ýeten badyňa,
Saga ýwrülmäni
Düşür ýadyňa!

Oba çykar öňden
Ady Marçakdyr.
(Şäher bolanmyşyn
O-da birçaklar... )

Biziňem köçämiz
Obada belli —
Sürüber sen onsoň
«Bäşbela» çenli.

Üç uly mellegi Sana
sen başdan.

Soňam Suhanlaryň
Öýünden geçseň,

Haçan gelseň garşy
Almaga taýyn.
Kak sen gapysyny
Bäşinji jaýyň.

# ÄPET GARAGUMUŇ BIR KÜNJEGINDE

Äpet Garagumuň Bir
künjeginde,
Üç it bir sürini Saklaýar
munda.

Iň läheňi olaň Bir
daýaw gaýyň. Ikinjisi
Akbaý,
Hut ýolbar deýin.

Garagözüň bolsa,
Gözi ýiti has.
Olar eýesine
Görkezýär yhlas.

Mesgeniň şol bolsa
Möjegem daş däl.
(It bilen möjegi Duşuşýar
ykbal.)

Bu günem hut şeýle,
Günleriň biri.

Dur aýak üstünde,
Itleriň bary.

Möjekler azm edýär:
— Ýoldan sowul, bar!
— Golaý gelseň,
möjek, Soň özüňden gör!

— Hä, şeýlemi onda,
Ine, bermeseň.
— Menem it däldirin,
Seni sermesem.

Üç köpek üç ýerden
Garpyşdy gitdi.
Kimisi dişleşdi,
Kim hile etdi.

Gaplaň ilki olaň Birisin
ýeňdi.
Ýene birin Akbaý
Uçutdan zyňdy.

Garagözüňkidi
Hemmeden kyny, —

Üstüne topulan
Möjek üç sany.

Ol gaçyp uruşdy,
Tasadyp ganyn.
Hemem wagtyn utdy
Köplük duşmanyň.

Görüp çal möjekler
Edilýän oýny, Gaçdylar
unudyp Guzyny-goýny.

...Äpet Garagumuň Bir
künjeginde.
Üç it bir sürini
Saklaýar munda.

Habaryny alýar
Daşdan geleniň.
Temmisini berýär
Möjek bolanyň.

## SERHETDE

Serhetçiler diňne galyp,
Durlar göge golaý bolup.
Daş-töwerek, çäge-alaň...
Gözýetimi dürbi bilen
Golaýjaga getirýärler,
Onam syndan ötürýärler.

Bulutlaram ýetik bärde, Hut
bir süri gargaň bar-da!
Serhetçileň gallap daşyn,
Gezip ýörler gaýmalaşyp.
Serhetçiler durlar munda
Dünýä olaň hasabynda.

## ATAMLARYŇ OBASYNDA

Baýryň eteginde,
Giňiş jülgede,
Irden güneý ýerde,
Öýlän kölgede Otyr
küren oba,
Ol eziz maňa.
Atamlaň obasy Diýýän
men oňa.
Ol ýerde ulular,
Kiçem hasapda.
Iki güzer bolýar Her
akýan ýapda.
Bir güzer oglanlaň Köp
bolýan ýeri. Beýlekisi
bolsa Gyzlaň güzeri.
Bu ýerde asman giň,
Çägi ýok ýeriň.
Eşek çapyşyp ýör
Kiçijiklerem.
Oglanjyklaň goýun
Bakýannam gördüm.
Özem ata münjek
Başarsa her kim.

Obanyň üzümi,
Gök-agam ýetik.
Heziller edinýäň
Bir bolsa ýetip.
Bu ýerde kakamy
Tanaýanlar kän.
Kakam şu obaly A,
men bolsa däl.
Ençe zatlar görýän Her
gezek gelsem. Derbent
ýapmy, kölmi, Gamyşly
jeňňel. Şindem ýaban
towuk Bar munda olar.
Her säher oň sesi
Işikden geler.
Şagallar gohlaşsa,
Sebäbin bilýän.
Şol günüň ertesi
Oňat gün bolýar.
Şäherde mahalym,
Pikrimde gelip,
Uçýan men obada
Kebelek bolup.

## ATAM BILEN OTA GITDIK

Ot ormaga gitmekligi Gepleşdik
biz ilki, öňden. Atam bilen ýola
düşdük, Soňam bu gün —
aladaňdan.

Otyr eken ýap boýunda, Ördek-
gazlar topbak — üýşüp. Synladylar
olar bizi, Boýunlarny uzadyşyp.

Üýrüp çykdy gapdalmyzdan, Itler
duýup telim ýerde. Tanansoňlar
sesin kesdi,
Geçip barýan biz-dä, görse.

Töwerekde bolsa daňyň Jana
parym şemaly bar. Arabanyň
tykyrdysam, Yzymyzdan galman
gelýär.
Ot ýatyrdyk çemenlikde, Towlap-
towlap etdik bede. Güne serip
goýanlarmyz,

Gurandan soň bolar küde.
Ellerimde ot şiresi,
Otuň ysy süňňümde bar.
(Duşsam häzir gölämize,
Otdur öýdüp, meni ýalar.)

Ýatlan çagym goýunlarmyň Hezil
edip ot iýjegni. Begendirdi pikirim
meni, Unutdyrdy ýadawlygmy.

Atam diýdi: «Berekella,
Daýhan çykar oglum, senden. Sen
bolmasaň, munça işiň Gelmezdim
men hötdesinden.»

Arabany otdan ýükläp,
Dag süýşen deý bolup geldik.
Ýaýlaň hoşboý — ot ysyny
Obamyza alyp geldik.

## ÖÝ

Otyr ak öý başa
Keçe bürenip.
Ep esli meýdany,
Eýemsirenip.

Bezenýär gelinleň,
Bezelşi ýaly.
Törüne görk berýär
Owadan haly.

Öý köneden galan —
Gadym bir gala.
(Gorapdyr ol her hal
Sürnende bela.)

Gorapdyr yssydan,
Sowukdan, gardan.
Doly oň gujagy,
Mähirden, nurdan.

Oтursa tüýnükden,
Göterip tütün. Türkmen
agaň göwni, Rahat hem
bitin.

## KÜÝZE

Çeşmä suwa gitdi
Bir gezek öýden.
Ötmeli ötükden,
Dag-daşly saýdan.

Sowuk çeşme suwun,
Içäýsem diýýän. Öýde-de
ol küýzä Garaşýanlar kän.

Syndy ol birdenem,
Gaçdy-da elden.
Suwy dagam onuň —
Baldandy - baldan.

Wah, höwese görä, Ykbal
bolmady.
Küýze suwa gitdi, Gaýdyp
gelmedi.

Suw küýzesi,
Suwda syndy şeýdibem.
Şeýdip tamam boldy,
Onuň aýdymam.

## PALAW

Her ýeten palawy
Bişirip bilmez.
Bişirjegem bolsa,
Bary bir bolmaz.
Ussatlygy
Talap edýän tagam ol.
Gowy aşpezlere Syr
berýändir ol.
Ol aşpezler welin Çermese
golun,
Bu tagamy sazlap Bişirse
welin.
Et, sogan her zadyn
Ýerinde goýup,
Suwuny deň-derman —
Geregin guýup.
Alyşyp bir-birine
Tagam berensoň,
“Bal-balyna” bolar,
Ol palaw onsoň.
Ondan iýip-iýip,
Doýup bilmersiň. Keýpiň
kök bor, esräp

Duran bir nersiň.
Men oňa jadyly
Tagam diýerin.
Döw dursun öňünde
Palaw iýeniň.

## HAÝWANAT BAGY

Haýwanat bagyna,
Baralyň ýörüň.
Maýmynlaň bökşüp
Ýörşün bir görüň.

Çigit, hoz bermeseň
Dodak çöwürer.
Syrtyna şapbatlap
Ýüzün öwürer.

Toty guşam
Owadanlaň biridir.
Tumaklydyr özem,
Hondan bäridir.

Jojujyklar gördügi.
Ylgaşyp geler.
Horkuldaşyp bir zat
Tamakin bolar.

Tanatmakdyr özün,
Eşegiň göwni.
Zat bermeseň aňňyr
Eder eşekligini.

Dur köşek enesne
Deňläp egnini.
Görkezip gowlugyň
Nirededigni.

Köşejigiň çöle Gidesi
gelýär. Erkinligiň
gadryn Ol gowy
bilýär.

Hemmäň ünsün çekýär
Haýwanat bagy. Gidesiň
gelenok,
Bir gelseň dagy.

## DEMIR TAHÝALY BOLSAŇ

Emedekläp barýar
Pyşdyl pyşdyldap.
Depesinde tahýa -
Demir deý bek gap.

Gorkyny-ürkini
Bilmän barýar ol,
Nirede ot bolsa,
Özün urýar ol.

Başyňda şeýle Demir
gap bolsa Ot söndüriji
bolmak Kynam däl
çölde.

# BUZ

Gyş ähli buz - garyn,
Orta çykardy.
Hezillige döndi,
Buzuň ýokarsy.

Oglan-gyzlar onda
Taýyşyp ýörler.
Göýä kebelekler
Gaýyşyp ýörler.

Synlap duramdan soň
Biraz daşyndan. Buzda
taýýanlara Menem
goşuldym

Gülkidir şatlygam Ile
keýp goşup.
Uçup ýör biz bilen
Kebelekleşip.

Hezillikden doly,
Gyşyň ýokarsy,
Buz bu gün bar kişä
Ganat çykardy.

## YAGYŞ YAGANDA

Garaşýarlar oňa,
Mydam bar ýerde.
Eý görülýär ýagyş,
Ganatyn gerse.

Tamşanýar Garagum,
Onuň nemine.
Onsoň ähli ýerde
Pyşyrdy ýene.

Ýagyş ýagsa köp-köp
Hezillik bolýar.
Çöl üstünden sowjak
Ýeller öwüsýär.

Çöli endireden,
Öňki howurlar.
Dargarda ýok bolup
Gidýär sowurlyp.

Owsun atyp hemem
Ýalpyldaýar çöl, Uçjak
durna deýin
Galpyldaýar çöl.

## GIJE

Busup uzakly gün,
Çuň gowaklarda.
Diýdirip özüne «Ol ýok
hiç ýerde»...

Diýdirip: «Bar ýere
Agnapdyr kölge».
Daglaryň ýüzüne
Baglapdyr gemre.

Garalyplar
Gelýän ýaly kömürden
Ol şeýdip ýüklenip
Gelýär aňyrdan.

Her gören zadyna Eýe
çykýar ol Gara suwly
derýa, Bolup akýar ol.

Gije garran çagy, Şeýdip
haçan-da Dünýä
pallaberýär Onuň içinde.

## TAMDYR HEM ENEM

Elbetde tamdyry
Görmedik barmy?
Nanly edýän şol-da
Obanyň barny.

Her tegelek hamyr,
Tamdyra gelip,
Çykýar oň içinden,
Gün-çörek bolup.

Ol çörekden iýip,
Doýup bilmersiň.
Diýersiň gutarsa:
«Ýene-de beriň!».

Tamdyrdyr enemde
Nanyň ysy bar.
(Ähli gowy zatlar,
Çalymdaş bolýar).

Haçan barsa enem
Tamdyr ýanyna.
Onsoň garaşyber,
Ýyljak nanyna.

## DÜNÝÄ GÜÝZÄNDE

Dünýä güýzeýär Bar
zat başgaça, Höwesler
gursakda, Ýene başda-
da.

Töwerek saralýar,
Ýapraklar-gämi.
Ýagşyň ýagmajak
Gümany barmy.

Damjalar goşulşyp,
Döredýär köli.
Onda hezil edip,
Ýüzüler ýaly.

Akja damjalarnyň
Häsiýeti şeýle. Ýaprak
gämä münüp Gidýärler
seýle.

Al asmanyň bolsa
Durnasy bardyr.
Baksaň gykuwlaşyp
Barmasy bardyr.

## PIKIRIMDE

Gitdim ýene
Bulutlaryň ýanyna.
Bu ýerde serginlik,
Hezil janyňa.

Gujagyna dolup
Päkize bulduň.
Men şadyýan boldum,
Bagtly boldum.

Ýatyryn aýagmy Çilşiren
bolup.
Alyp barýar meni Ak
keçe — bulut...

## ŞATLYK

Täzeje köýnek aldy Bir
gün ara ejesi.
Ana, onsoň ýatmady
Onuň şatlykly sesi.

«Eý güller,
Köýnegimi görüň siz.
Ejem aldy. Täzeje,
Gutlugyny beriň siz!»

Köýnegini görkezdi Ary
hemme güllere. Uçdy
ýördi, wagtynda Gonup
bilmedi ýere.

## AGAM GÜRRÜŇ BERDI

Agam gürrüň berdi
Irden düýşüni.
Hemmeler gyzygşyp,
Diňledi ony.

Ynanmadyk oňa
Öýmüzde bir men.
Aldajak adamňy
Tapypsyň-da sen!

Bir gezegem oňa Hä-de
bermedim. Onuň
gören düýşün Men-ä
görmedim.

Ýogsam, ýatdym ahyr
Menem şol ýerde.
Görerdim-ä menem, Ol
bir zat görse.

## JANKÖÝER

Nurly gürrüň berdi Bir
üýşmeleňde: «Tebigata
uly Söýgi bar mende.

Daglara aýlanyp,
Ýygýan böwürslen.
Güni-de hemişe Gowy
görýän men.

Suwa düşsem ýapda,
Tolkunlar gelip,
Görüşýärler meniň
Daýzalam bolup.

Bürgüt bolup,
Bag üstüne oturdym.
Dürbüläp uzagy Ýakyn
getirdim...»

Obaň gumak ýolun,
Öwdi garpyzy.
(Kim hasap edýärkän
Asla ol bizi!?)

Geň galdyrdy gürläp
Hemmäni Nurly.
Bu zatlary gowy
Görmeýän barmy.

## YOLBARS

Getirdiler ol iti Çölden,
çopan goşundan. Indi ötýär
oýtarlap,
Geçen onuň duşundan.

Towuklary kowalap,
Etdi ol gyran-jyran.
Saýgaranok kim duşman, Kim
dost bolup, ýal beren.

Ala göle boşansa,
Howla girip bilenok.
Düýnki dalanan pişik,
Şindem öýe gelenok.

Göwnüne ýakmadygyň Bada-bat
işi gaýdýar. «Ýolbars, ýolbars»
diýilse, Özün şomukamuşym
öýdýär.

## GIZLENPEÇEK

Jojujaklar gizlendi,
Jork suwly batga baryp.
Ördek-gazlar gizlendi,
Özlerni suwa urup.

Guşlar baglara siňip,
Boldular gürüm-jürüm.
Köweklerde gizlendi
Hemmejesi itleriň.

Kengurujyk towsaklap,
Öýlerne golaý bardy.
Soňam ol ejesiniň
Towsup, öňlügne girdi.

## ÝAGŞYLYK ÝARAŞMAZ EKEN PIŞIGE

Ýagşylyk ýaraşmaz eken pişige,
Asla üns bermez eken eşige.

Bir ýerde goýýamy gezegen aýak,
Ol laçjany basyp geläýdi baýak.

Legene saldyk-da jigim ikimiz, Sabynlap
birkemsiz ýuwduk ony biz.

Geýindirdik soňam täzeje eşik,
Geýen geýmem galdy oňa gelişip.

Ýöne ýokuş gördi ol ýuwulanyn, Bizden
gaçyp gezdi soňam telim gün.

Gezegenje gylygynam goýmady,
Guýrugyny gumda süýräp oýnady.

Bizem soň bolmadyk azar berjegem,
Bilýäs, ýuwsak onuň gaty görjegin.

Ýagşylyk ýaraşmaz eken pişige, Gürrüň
ýeten çagy egin-eşige.

# BIR GÜNDEN BIR GÜN

Bir gün menem ulalsam, Iş
ýetik bolar onsoň...

Ýetik bolar maňa-da,
Hysyrdysy bir öýüň.
Saklaryn düýe, köşek, Bäş-
üçem tokly-goýun.

Ondanam başga ýene
Horanja ala göle,
(Saklamaly saklasaň
Onam enesi bilen).

Jaýyňam aladasy Bilýän,
bolar başymda. Suwap,
aklap, reňk çalyp,
Öwrülerin daşynda.

Bazara hem gatnaryn,
Bişende gawun-garpyz.
Üzümem kän iýmeli,
Peýdasyny bilýäs biz.

Sallançak satyn alsam,
Ýatar onda kiçimiz.
Käte gideris kino,
Gelnim, oglum üçimiz.

Ýöne bu zatlar entek,
Arzuw-hyýal — gowy päl.
Kim boljagy gelnimiň, Entek
o-da belli däl.

...Çagalarmy üýşürip, Alyň,
iýiň diýerin.
Olar-a köp iýerler,
Men az-azdan iýerin.

## GEŇ WAKA

Mekdepden soň hiç ýerede
Gitmedi ol başyn alyp.
Hiç kim bilen uruşmady,
Görogly beg-merdan bolup.

Okuwyndan çykdyk bada,
Öýlerine gaýtdy göni.
Garagolluk, söýýän oýny,
Eglemedi bu gün ony.

Heý, bu ýagdaý görlen zatmy,
Bolýan zady bir görle sen! Ony
gören haýran galdy, Günem
dogar özge ýerden.

Köçäň ugry agyn ekin,
Sary erik — «buldur-buldur».
Gözi gidýär görenleriň,
Özge bal ýok, özi baldyr.

Amangeldi göz gytagnam
Aýlamady oňa bu gün.
Garanjaklap, aşmady ol
Gädiginden haýatlaryň.

Bu ýagdaý heý, görlen zatmy,
Bolýan zady bir görle sen! Ony
gören haýran galdy, Günem
dogar özge ýerden.

Bir tomaşa görmek üçin,
Ýoluň daşyn saýlamady.
Itlerem öz günne galdy,
Ýeke daş hem aýlamady.

Üsti-başam täp-tämizje, Salam
berýär garry görse. Heý, ejesi
tanarmykan, Geýimlerni
ýyrtman barsa!

Bu ýagdaý heý, görlen zatmy,
Bolýan zady bir görle sen! Ony
gören haýran galdy, Günem
dogar özge ýerden.

## DÜÝE

Düýe ýer sürüp ýör,
Ýygyp ýör pagta.
Hemişe atyzda — Gün
dogsa-batsa.

Giçlik ot alansoň
Sygyrlaryna.
Öýüne ugrady,
Bu günem, ana.

Horjunnyň gözünde,
Bar torly terne.
Ertse güýmenje bor
Köşejiklerne.

Daşa çykyp ony,
Düýnküsi ýaly.
Ýene garşy aldy,
Ogly, aýaly...

Kaka öýde bolsa,
Hezillik bolýar.
Gaharjaň eje-de Gül-
gül açylýar.

...Ertir orak-pilin Alyp
eline.
Gitdi ol ýene-de Atyz
— peline.

## ÇYNARYŇ ÜSTI

Otyrdy ýap boýunda
Äpet çynar hellewläp.
Guşlar üýşüşerdiler,
Onuň üstüni belläp.

Bir gün mündüm dyrmaşyp, Şol
çynaryň üstüne. Ýakynladym
şeýdibem, Asmana, çogly Güne.

Ýerde öwüsgin ýokdy,
Bu ýerde bolsa ol bar. Ýapraklar
gazda-ganat, Diýseň uçasy
gelýär.

Bulutlar yraw-daraw, Ýüzüşip
ýör howlukman. Golaý gelse
ilişer Olar çynara hökman.

Çykyp çynar üstüne, Dünýäň
synçysy boldum. Hiç neneň-ä
däl eken,
Biraz ýokarda bolsaň.

## SIRKDE

Saz başlady ilki,
Oýunlaň başyn.
Üşerildi sahna
Töwerek-daşym.
Syçraşyp çykdylar,
Ak atlar telim.
Bir atyň üstünde
Görmegeý gelin,
Başyna geýipdir
Jowur ak telpek.
Atlar bolsa barýar Hut,
ýyldyrym dek. Görkezdi
eýeriň Üstünde ýatyp.
Garnynyň astyndan
Geçdi soň atyň.
Yzyndanam maýmyn,
Çykarman sesin,
Görkezdi märekä Öz
derejesin. Masgarabaz
bolsa Öýkündi köpe,
Itden gorkup gaçdy,

Syrylşdy ýüpe.
Mündi ol aýyny
Gyratdyr öýdüp,
Berdi bir gülküli
Aýdymam aýdyp.
Görkezdi soňam ol
Telim bir oýun.
(Dogan ýegenimiş,
Ol jadygöýüň.) Göwnüm
ýetdi meniň Her
görenime. Atamy-da
alyp,
Geljek men ýene.

## PIŞIK

Pişik hini garamlap,
Otyr daňylan deýin.
Diýip: «Syçanjyk çyksa, Ony
tutup iýeýin».

Garaşdy ol bir sagat, Ýene-de
wagt geçdi kän. «Bu
deýýuslar bu gün nä,
Çykman oňjaklarmykan?»

Oturmakdan ýadansoň,
Gaharlandy, düýrükdi.
Soňam lapy keç bolup, Elin
salgap daş çykdy.

Gaharlanma, pişigim! Syçan
görnenok diýip. Seniň özüň
tüketdiň, Olary tutup-iýip.

# DÜÝE BARÝAR PATANAKLAP

Düýe barýar patanaklap,
Hiç bir zada üns bermän. Soradyk
biz saklap ony:
— Sen howlukmaç nirik barýaň!

Uzaklara seredensoň,
Diýdi düýe: «Geljek basym,
Ynjalamok wagtal-wagtal,
Gidip çöli göräýmesem».

# JIKJIKI

Şahalara münüp-düşüp,
Jik-jik, jik-jik, jik-jik, jik-jik,
Çotun kakyp, hasabyny Ýöredip
ýör jikjikijik.
Töweregiň agaçlarny Ýekän-
ýekän sanap çykdy.
Ýapraklaryň öl-gurusyn «Jik-jik,
jik-jik» çota kakdy.
Uly bolsun,
Kiçi bolsun,
Ýoldan öten bolsa, barny «Jik-
jik, jik-jik», sanady ol, Başga nä
oň işi barmy?
Menem iki sanady ol,
Eýläk geçsem — beýläk geçsem. San
bilýän bir özi ýaly Diýýär: — Geläý,
jikjikleşseň!

## SÄHER-SÄHERLER

Yza çekildi kem-kem,
Gije öýleň öňünden. Gerinşip
çykdy tutlar,
— Goňşy, salam, bärde men!

Çykdy horaz howlugyp,
Depesine ketegiň. Pasyrdadyp
kakdy ol,
Öz ganatyn etegin.

Dünýä barha durlanýar, Tizden
gün hem dogmaly. Gündizlik öz
keşbine Ýene eýe bolmaly.

Gözüň düşýär çal daga, Durup
alsa bakaňda.
Monça bolup dur ol hem
Garaňkydan çykanna.

## ŞOL GEZEK

Guşagma gysdyryp,
Ýiti oragmy,
Torba salyşdyryp,
Azyk — çöregmi,

Gitdim ot ormaga,
Ýaýla bararyn. Bilýän
bu gün Ot baryny
orar yn.

Çapyşdym birsalym
Çeşmejik bilen. Otyr
indem giň köl
Ýolumda meniň.

Asmanda jan edip,
Saýraýar bir guş.
Ýeriň ýüzi bolsa Gök
haly tutuş.

Owsunşyp oturan
Otlar bir gowy.
Görenleriň ýene
Görmek arzuwy.

Dözer dagy ýaly
Däl ol ormaga.
Bir gowy meýdan ol
Gezip ýörmäge.

Gowsy men yzyma
Öýe gaýdaýyn.
Otlar ösüp, kemsiz
Goý, alsyn boýun.

Barsam geçim mäläp,
Öňden çykar, gör!
«Gyşa ot ýygdyňmy
Birneme?» — diýer.

Ala sygrym o-da,
Ýanyma gelip,
Gider ysgaşdyryp,
Habarmy alyp. Aýtmaly
bor hiç zat Gizlemän
ondan. Bilýärin
tumşaýyp, Öýkeläp
menden. Pikir edip
durkam, Gördüm
ýylany...

Tisgindim, nä ondan
Gorkmaýan barmy?
Ýazylyp, ýygnanyp
Tolkun atdy ol.
(Otlukda aýna deý,
Ýalpyldanam şol.)

Ony synlap, bada
Tutuldy dilim.
Soňam gaçdym ýoluň
Ýakyny bilen.

Sürünmek ýerine
Dübläp üstüme.
Onuň özem çöpe
Siňdi dessine.
Bol bolsa-da, baryp, Ot
ormadym men.
Şol otdan hiç kime
Getirmedim men.

## HOWSALA

Ertir irden oýanyp,
Güjüjegmi tapmadym.
Onuň bilen yz çalyp,
Oýnamakdy maksadym.

Kän garaşdym, gelmedi,
Ne eşdildi «jöw-jöwi».
Bir ýerlerden güjügim Çyksa
häzir, ne gowy.

Ketekleri barladym, Ýataklary
barladym. «Jöw-jöw» itim
jöwürde, Heý, bir ýerde
barmysyň?!

...Al ...Al — diýip gygyrdym,
Gygyrsamam gelenok. Öňkim
ýaly sygyrdym, Sygyrsamam
gelenok.

Goňşulardan soradym,
Ötegçiden soradym.
Indi onuň gözlegni
Başlasamkam nireden?

* * *

Ak alaňa ýetemde Begenäýdim
birdenem. Begenmenmi «jöw-
jöwmüň» Aýak yzny görsemem?

Ýene öňe ylgadym,
Syryp çölüň ýodasyn.
Arkan düşüp çägede Dynç
alýaryn ýadasam.

Yzda galdy birtopar, Çägeligiň
seňňeri.
Şemal duşup, lak atdy: «Niräk
barýaň, sen ýeri?»

Diýdim oňa: «Öt şemal,
Sykylygňy ýitir sen!
Sen-ä derrew möňňirdiň,
Güjügiňi ýitirseň.

Şemal gynajak boldy,
Monça tutup özüni.
Ýalap gitdi güjügmiň Çägedäki
yzyny.

* * *

Ak çägede oýnasak, Şony
gowy görerdi. Meniň bilen
çapyşyp, Togarlanar
ýörerdi.

Gitdimikän ol çöle,
Ümdüzine tutduryp.
Belki-de ol enesin
Tapandyr goşa baryp.

Çykdym beýik seňňere, Öz
arzyly ornuma. Gözme
doldy ýezgenler, Ysy
doldy burnuma.

Ýylan billi çakyçlar,
Bar ekeni birgiden.
Men otyryn beýikde,
Oturşy deý bürgüdiň.

Asmanyma seretdim,
Uzaklara gözledim..
Bir garany göremde, Has
ýiteldi gözlerim.

Belki, şoldur güjügim, Göge
galdy şatlygym. Howlukdym
ýitäýmesin, Tiziräjik
ýetmesem.

...Şemal bilen çapyşyp,
Inip barýan beýikden. Şatlyk
meni nädäýdi?
Indi ýyndam keýik men.

* * *

Şol ekeni güjügim, Ýanynda-
da çal guzy. Nireden peýda
bolduň sen, Maňa tanyş däl
guzy.

Sypjyrlypdyr ýüz-gözüň,
Teniňde gan, görsene. Nirde
tanşyp ýörsüňiz, Hany aýdyp
bersene?

Otlamaga geldiňmi,
Ýa geldiňmi azaşyp.
Çalja guzy, çal guzy,
Gürlesene azajyk?

Çopan-çoluk gözledim,
Soň eýleden-beýleden.
Ýatyr eken bir bürgüt,
Bokurdagy çeýnelen.

Uzyn-uzyn ýelekler,
Çaşyp ýatyr çägede.
Topulandyr ol guza,
Goý, dagasyn dagasa.

Mälim boldy hemme syr,
Tiz dolandym yza men. Öz
batyrja güjügmi,
Gujakladym täzeden.

## BEDEWIŇ

Bedew aty gowy
Görer ekenler.
Onuň hyzmatynda
Durar ekenler.

Sebäp oňa münen Dik
tutup başyn. Hondan
bärsi bolup,
Eselermişin.

Tanamazmyş onsoň
Ata-babasyn.
Özüni eý görýän
Garry mamasyn.

Başga görünermiş Bar
zat gözüne. Göwni
ýetik bormuş Hemem
özüne.

Hut şonuň üçinem,
Hemme uruşda,
Atlylar sap bolup,
Durupdyr başda.

Köp bolsa-da çozup
Geleniň sany.
Paýhynlapdyr olar
Barça duşmany.

Sebäp diýseň atlyň
Gözüne goşun Hatda
peşeçe-de
Görünmezmişin.

Ugruna bolarmyş
Hemme edeniň.
Şeýleräjik oýny
Barmyş bedewiň.

## SAPAK

Toplap küreniniň
Giňiş törüne,
Möjek sapak geçýär
Çagalaryna.

Mysal üçin, tutup
Kimsäniň adyn.
Taryp etdi etiň
Tagamyn-dadyn.

Aýtdy ala geçiň
Owlagy hakda.
Garny doka dünýäň
Gowlugy hakda.

Sorady soňam ol
Çagalaryndan:
— El-hal — diýşip, sürä
Çozsaňyz mundan.

Nädip alarsyňyz,
Siz öz awuňyz?
Indi şu soraga Jogap beriň
siz!

Tokarja möjejik Ygtyýar
alyp,
Gepledi ýuwdunyp,
Garsyna galyp.

— Men aýtsam, eje jan,
Etjegim bardyr.
(Bilmeli, sürüleň Goragy
zordur.) Duýdurman
bararyn, Hatyrjem bolup...
— Otur, bäş, sen awuň
Bilersiň alyp!

Ikinji güjügem Soňra ör
galyp,
Jogap berdi,
Gözün süzüp, ýalmanyp.
— Eger itler duýsa,
Salmaly aly.
Etmeli sürüden Daşlaşar
ýaly.
Özüm ýetmesem-de, Islän
ýerime, Mümkinçilik dörär

Özgelermize...
— Berekella, dörtlük,
Seňkem bir hasap. Her
ýerde özüňçe Bilmelidir
tap.

Üçünji güjüge Ýetende
gezek,
Diýdi goly bilen
Ýeňsesin gazap:

«Men-ä siziň bilen Razy
däl birjik.
Göni çopanlaryň
Üstüne sürjek.

Ýüregi ýarylar,
Meni görenden, Şeýdip,
tutuş sürä Eýe borun
men...»

Oňa bir zat-bir zat
Boldy-da diýjek.
Daldalady elin,
Howlukmaç möjek.

— Hany, lal bol, samsyk,
Otur sokulyp.
Hiç zat öwrenmänsiň, Saňa
ikilik!
Näçe düşündirdim, Diýýän
zadyn gör!
Saňa biajalja Öljek diýerler!

Diýdi soňam: «Belläň,
Şu dört amaly.
Öýde-de şolary
Gaýtalamaly!»

## ERBETJE

Gün geçdikçe,
Ulaldykça,
Ala güjük barha-barha, «Gyr-r-
gyr» edip, yrsarady, Goňşularny
nirde görse.

Towuklary «Wak-wakladyp»,
Etdi ýördi gyran-jyran. Gaçmak
bilen buky ýere, Ýolda-yzda ony
gören.

Dagdy boldy ondan eşek,
Ördeklerem etdi dady.
Aglap gürrüň berdi pişik,
Özi bilen bolan zady.

«Ak depäniň yk taýyndan, Semiz
syçan tutan günüm, Alajanyň
gözi düşüp, Söbügime düşdi
meniň.

Tutup, soňam myjalady, Oýnady
ol pökgi deýin.

Gözüm ýetik boljak zada, Zyňdym
awum, wah, nädeýin? Sagja bolsun
aýaklarym,
Şolar meni halas etdi. Samanhana
sümülemsoň,
Ol öwrülip yzna gitdi... »

Alajanyň gylygy erbet, Goňşy-
golam edýär dady. Alajadan
erbetjä-de Tiz öwrüldi onuň ady.

«Dynmak gerek erbetjeden!»
Goňşy-golam şeýle diýşip,
Bir maslahat etdi olar,
Çola ýerde gizlin üýşüp.

Maslahatda diýdi sygyr:
«Bir ýerlere gitmek gerek, Azalt
diýip azaryňy,
Ýa-da haýyş etmek gerek!»

Geçi diýdi: «Ýok, doganlar,
Ýalbarmakdan hiç iş bitmez. Päli
azan güjükdir ol, Barsaňyzam
diýen etmez.

Harlarsyňyz sözüňizi,
Mundan başga ýol hem bar-a.
Gaçmaly biz ol ýamandan, Açmaly
tiz ondan ara!

At hem ara gürrüň goşdy:
— Şuň diýýäni ugrunda bar.
Ýogsam, how, ol howla sygman,
Töwerekde guduzlap ýör!

Towuk diýdi: «Gaty dogry,
Ýekeligiň elne berseň,
Öz-özüni ýigrener ol,
Goý, bu derdi çekip görsün!»

Unadylar maslahaty,
Gitmeli ýol söke-söke.
Öz garagol gylygy bilen Goý,
erbetje galsyn ýeke!

* * *

Garaňkylyk garaguş deý,
Gonan çagy baga, jaýa,
Erbetje hem irkilensoň,
Synçy bolup çypar aýa.

Belleşilen düz meýdana,
Şundan soňra geçi, eşek,
Jüýjelerni sürläp towuk,
Pallap, uky büren köşek,

Goýunlaram olar bilen, Ýelk
ýasady ördek, pişik.
Daraklygna basa-basa, Gitdi
olar ýaltaklaşyp...

* * *

Gün lowurdap galan çagy,
Baýyrlaryň depesine.
Oýun isläp, gözün dikdi,
Erbetje il gapysyna.

Kowalasy gelip towuk, Golaý
bardy keteklere. Olar-a ýok,
soňam gidip, Aýlandy mal
ýataklara.

Göle, düýe, goýun, geçi,
Towuk, pişik, ördek, eşek...
Barsy ýere giren ýaly,
Hiç biri ýok, üp-üýtgeşik.

Meýdan tukat,
Asman tukat.
Erbetje-de tukat örän.
Goňşulary ýatlap otyr,
Indi bolsa öwran-öwran.
Igenýär hem öz-özüne:
— Olar barka ala-ýazdy.
Howlymyzda,
Işigmizde
Hoş owazdy,
Aýdym-sazdy.

Nirde bolsa Tapmaly men.
Ýogsam, meni gaýgy bürjek.
Erbetligi goýjakdygma
Çynlakaýdan sözem berjek...

Ýatyp gördi, ynjalmady,
Ygyp gördi saga-sola.
Goňşulary ýatlap soňam
Gözleg salyp, düşdi ýola.

* * *

Säher-säher daş-töwerek
Garaşýarka nurly Güne,

Erbetje-de ýöreý-ýöreý,
Ahyr ýetdi dag etegne.

Şol barmana bir tanyş ses
Gelip ýetdi bir ýerlerden.
«Ü-ü-ü-ü-eý, Gün dogan,
Nirde bolsaň, çyk indi sen!»

Ýaňky sesiň yzyn alyp,
Erbetje-de gidiberdi.
Bir salymdan giň gowagyň
Alkymyna ýetip bardy.

Ine, görse bar goňşusy, Ýaşap
otyr şu gowakda. (Kän alada
eden eken, Tebigatam olar
hakda.)

Hol aşakda giňiş dere,
Otyr ýaşyl owsun atyp.
Dag çeşmesi basga düşüp,
Şatlyk bilen ýatyr akyp.

Goňşularny tapanyna Begendi
ol tüýs ýürekden.

Diýdi soňam: «Gaýdalyň, ýör, Sizi gözläp köp gezdim men.

Ynanyň siz sözlerime,
«Tok» diýmäýin towugňyza.
Hyýanatsyz goňşy bolup,
Ýaşaýyn men indi size!»

Erbetjäniň sözlerini Ölçäp-döküp daş-töwerek,
Bir karara geldi ahyr: «Yzymyza gitmek gerek».

— Ynanalyň soňky gezek,
— Şu gezeg-ä munuň çyny.
Baryp, ile gowuşalyň,
Ýalbartmalyň artyk muny.

Ine, şeýdip, olar ýene Yzlaryna gaýdyp geldi. Erteki-de hut şu ýerde, Toý-şatlykly tamam boldy.

## GAR HÄSIÝETI

Gar geldi üst-başyn ak tozga edip,
Ýene töweregiň eýesi boldy.
Garry bol sen,
Ýaş bol — daşa çykanyň,
Ýene-de aýagnyň ölçegni aldy.

Ileri tarapdan geldi gelende, Öňden
belli onuň gylygy maňa. Ol
hemmäniň aýagyny ölçeýär, Ýöne,
köwüş getirenok hiç kime.

## AK PARAŞÝUT

Gyşyň desantlary
Bosuşyp iýndi.
Agyn, ak paraşýut
Töwerek indi.

Dünýä doňup ýatyr,
Undup adyny.
Ýapynyp, ak gyşyň
Paraşýudyny.

## GUZYGUÝRUK

Guzyguýruk diýilýär,
Ol uly kömelege.
Meňzeş guzyň guýrugna,
Meňzeş hemem elege.

Köýtene gelseň ýazda, Hol
ýapyda durandyr. (Olam
seniň gelenňi Bireýýämler
görendir.)

Ony baryp alaňsoň,
Oýlanýaň synlap, durup.
Haýsy guzy gitdikän,
Guýrujagny galdyryp?

## GÄMILER

Hatarlanşyp durlar
Olar kenarda.
(Bu gün gämileriň
Hemmesi bärde.)

Olar äpet-äpet Dag
boluşyp dur. Olar
gyşy
Gyşlamaga gelipdir.

Gary, doňy bilen
Geler gyş basym.
(Ýyljak bolýar gyşy
Üýşüp gyşlasaň.)

Özlerni ýuwaşja
Suwda yralşyp,
Otyrlar gämiler
Gysmyljyraşyp.

## OGLAN BILEN ERIK

— Geldim senden datmaga,
Erik, meni diňle sen!?
— Bilim omurlyp gelýär,
Kem däl maňa ýeňlesem.

— Seni nädip alyp bor,
Ýokarda el ýeterden?
— Çyksaň, gaçmagyň ahmal,
Syryk tapyp getir sen.

— Kakdym, gaçdyň paýyrdap,
Bar gaplary pürledim.
Galdy ýene bir şahaň,
Ony welin bermediň?

— Galsa galsyn ýekesi,
Halamaryn kakany.
Ol şahada goýdum men
Guşjagazlaň hakyny.

## GÖK TAÝHARY ÝUWDUK BIZ

Gök taýhary üýşüşip,
Suwa salyp ýuwduk biz.
Gyrat bolup ýalpyldar Diýip,
ony öwdük biz.

Her aýagna bir oglan, Menem
sagdan topuldym. Şol arada
bir ýerden Kir sabyn hem
tapyldy.

Begenşip ýuwup durus,
Höwes bolsa bar häli.
Taýhar gowja ýuwunsa,
Bolar ýüzi aý ýaly.

Birden sypyp gaçdy ol,
Tas basypdy aýagym.
Indi oňa kär etmez,
Sykylygam, taýagam...

Belli boldy suw bilen
Arasynyň ýoklugy.
Özem diýdi aňňyryp:
— Ýuwmasaňyz has gowy.

Suw iç diýseň, içeýin,
Ýogy bolmaz taýharyň!
Ýöne welin ýuwsaňyz,
Ýene gaçyp gaýdaryn.

## GÜN BILEN TIRKEŞIP

Gün gördi guşlaryň
Mähellesini.
Baglaryň gök ýaprak,
Gök hüllesini.

Ýatyr it, hut düýnki
Ýatan ýerinde.
Pallap ýör, keýpi ýok
Pişikleriň-de.

Otyr düýelerem
Çölüme gelşik. Uýalşyp
dur olar,
Bir gowy bolşup.

Ýetik töwerekde
Sygyrlaň sany.
Duýulýar atyňam
Kemlik edýäni.

Anha-da, gök taýhar,
O-da bu çakda Juda köp
oýlanýar Eşeklik hakda.

Pagtaň gozalarnyň
Hersi bir çyra.
Göz aýlaşyp otyr
Olar daglara.

Gören zatlarymyň
Tutdum adyny.
Gün bilen synlaýsaň,
Synlan zadyňy.


ŞADYÝAN
HARPLYK
Aa
Zz
Hн
Bв
Dd
Şş

## «A» ÝAZÝAN

Tanaýan «A»-ny,
Ýazýaryn «A»-ny.
Barha köpelýär
«A»-laryň sany.

Galamym bilen
Depdere ýazdym.
Hekim bilenem
Köp ýere ýazdym.

Maşynyň köne
Tekerne ýazdym.
Öýüň basgançak
Çykarna ýazdym.

Kyn däl «A» ýazmak,
Ünsli bolsaň,
Hekiň bölegni Eliňe
alsaň,

Eýläk bir aýak, Beýläk
bir aýak, Biline bolsa
Keseje taýak.

# «A» ALAŇYŇ ÜSTÜNDE

Ýol gyrasynda telegraf sütünleri hatarlanyşyp otyrlar. Olaryň alaň üstünde oturan birisi goşalanyp oturşy bilen «A» harpyna meňzeýär. Aga gyzyklanyp, onuň golaýyna bardy. Dogrudanam, ol «A»-nyň hut özi. Aga «A» bilen bir wagtdan bäri tanyşdy. Ilkinji gezek geçen ýyl «A» bilen Agany çagalar bagynda mugallym tanyşdyrypdy. Hatda oňa öz Aga adynyň hem hut şu «A» harpyndan başlanýandygyny-da mysal getirip aýdypdy. Häzir «A»-nyň alaň üstünde yzyny gözläp, bolup durşy kimdir birine garaşýana meňzeýärdi.

— «A», sen bu ýerde kime garaşýaň? — diýip, Aga onuň bilen gyzyklanyp sorady.

— Doganlaryma garaşýan.

— Hany, nirede onsoň olar?

— Olaram indi, hä diýmän yzymdan ýetip gelýän bolmaly.

«A» şeý diýdi-de, boýurganyp ýene yzyna gözledi.

Soňra ol «A» Agany hem öz duran alaňynyň üstüne çagyrdy.

Birsalymdan olaryň gözleşip duran gözýetiminde harplaryn ýodajygy yzarlap, hatar gurup gelýänligi göründi.

Aga dostlarny görüp begendi.

# B

## BULUTLAR

Irden kölüň gujagyndan
Topar bulut çykyp gitdi. Öl-
suw bolan geýimlerni
Üstümizde sykyp gitdi.

## BE... BULARY

Täsinlik bar ýerde bar,
Goç hem muňa ynanýar.
Haçan görseň «Be...» diýip, Be-
bedre, be-bede, be-bugdaý...
Aýlanyp, geň galyp ýör.

## BUÝSANÇ

Daş töwerek agyn baýyrlyk. Ol baýyrlaram çöküp oturan düýelere meňzeşdiler. Düýeler hem çöken wagtlary hut şol baýyrlara meňzeýärdiler. Köşejik hem indi birki aýdan bäri şu baýyrlaryň arasynda ýaşaýar. Çöl çöl ä, ýöne Köşek şeýle-debolsa, bu ýerde birjik-de ýekesiremeýär.

Eýsem, töweregiňde özüňkiler, özüňe meňzeşler barkan ýekesiräp näme? Köşejigiň özi-de indi çöken wagty töwerekdäki şol baýyrdepeleriniň birine meňzeýär. Elbetde, ony bu baýryrlara meňzedýän onuň şol arkasyndaky depe bolup oturan örküji. Köşejik özüniň örküjini diýseň eý görýär.

Seredip - seredip, ondan doýup bilenok. Asla guwanmazça hem däl, sebäbi köşejigi örküji diýseň görmegeý, diýseň syratly edip görkezýär.

Günlerde bir gün köşejik özüniň arkasyndaky örküjini görkezmäge oba, mamalaryna görme - görşe gaýtdy.

Elbetde, mamasy-da onuň arkasyndaky örküç baýyrjygy görüp begendi, oňa: «Köşegim iner çykyp- dyr» — diýip buýsandy.

## ÇAPYŞARYN TÄZEDEN

Ç

Taýçanagym ýüwürdi,
Menem düşdüm yzyna.
Ylgamakda meniňem
Göwnüm ýetýär özüme.

Çaňa gardym Çaryny,
Ylýas, Çemenden ozdum.
Taý bolmansoň özüme,
«Men ýyndam» — diýip gezdim.

Ýöne taýym ozaýdy,
Ýyndamlygy zor eken.
Türgenleşip, has gowy
Çapyşaryn täzeden.

## BIZDEN SORAYAR

— Oglum, bu gün haýsy harpy öwrendiňiz? — diýip, bir gezek ejesi Çarydan sorady.

— «Ç»-ny geçdik - diýip, Çary göwünli-göwünsiz dillendi.

— Keýpiň ýok-la, oglum nämä kejigýäň? — diýip,
ejesi ýene onuň bilen gyzyklandy.

— Mugallymymyzalaý...

— Hä, näme üçin?

— Geçjek harpyny onuň özi bilenok-da her gezek tagta ýazyp: «Şu haýsy harp?» — diýip, ony bizden soraýar.

— Şeý diýsene — diýip, Çarynyň ejesi oglunyň gepine myssa ýylgyranyny hem duýman galdy.

## ÇARY ÇOPAN

Çary mekdepden gaýdyp gelýärdi. Şemallyja sergin günleriň birisidi. Çary derýanyň üstünde gernip duran köprä ýetip ol ýerde aýak çekdi. Derýanyň üstüni häzir tolkun örtüpdir.

Tolkunlaryň hümerlenişip baryşlary, çopan öňüne düşüp barýan sürini Çarynyň ýadyna salýardy.

Çopan bolmak Çarynyňam arzuwydy. Ýöne entek ol kiçijik bolansoň, ony çöle-de äkidenokdylar, oňa süri- de ynananokdylar.

Ol derýanyň ýüzündäki sürini höwes bilen syn- lady. Häzir derýanyň üstüne göterilen ümürem hut süri geçende göterilýän ýukajyk çaň-toza meňzeýärdi. Şol barmana, Çary özüniň şu süriniň çopanydygyna ynandy. Süri bolsa, tozanlap henizem geçip durdy. Bölünip gapdala sowuljak bolýanam ýok, agsap-togsap yza galjak bolýanam. Derýanyň olumy bilen lagambir sürlenişip geçip barýarlar.

Gör, çopan tejribeli bolanda süri nähili bolýar!

# D

## DAGLAR

Daglaň hersi raketa,
Depesinden ýagýar nur.
Kimdir birne garaşyp,
Uçjak-uçjak bolup dur.

## DAŞDEŞEN

Eý, daşdeşen, daşdeşen,
Çüňküň seniň dişiňdir.
Tapdym hol gün deşik daş,
Şolam seniň işiňdir!

## DOGANLAR

Döwran aňyrdan gelşine gapylarynyň öňünde aýaklaryny gezekli gezegine howlukmaç silkişdirdi-de, köwüşleriniň hersini bir tarapa zyňyp goýberdi. Olaryň birisi daş işikde galsa, beýleki birisi zyňylyp hol ýeňsä düşdi. Köwüşler iki dogandylar, olar hemişe bileje bolmagy gowy görýärdiler. Mekdebe-de bileje giderdiler.

Ylganlarynda hem bilediler. Futbol oýnalanda olaryň birisi, topy göterip, - çeme alyp berse, beýlekisi

ony depip, derwezä salardy. Agşam ýatanlarynda hem köwüşler bir-birlerine höwür bolşup, gysmyljyraşyp bileje ýatardylar.

Köwüşleriň bu gün Döwrandan göwni galdy. Has-da gapdala atylyp düşen çep taý köwüş ondan gaty gördi. Ol şol gün gijäniň bir wagtyna çenli bir egninden beýleki egnine agdarylyp, ynjalyp bilmedi. Gije goňşynyň iti Alabaý köpek seýlini edip töwerekde aýlanyp ýörkä, şol köwşe duşdy. Ysyrganyp dessine ony tanady.

— Ih, köwüş, bu senmi?

— Hawa, mendirin, goňşy...

— Sen gijäniň içinde bu ýerde näme işläp ýatyrsyň?

— Zyňdylar...

— Onda gerek dälsiň-dä!

— Mümkin... diýip, Döwrandan göwni galan köwüş gamgyn bolup uludan demini aldy.

— Beýle bolsa, ýör, onda meniň bilen! Belki, geregiň çykar...

Ertir Döwran mekdebe gitmekçi bolanda, näçe gözlese-de, töwerekden köwşüniň çep taýyny tapyp bilmedi.

Köwüşleriň beýlekisi hem dogany ýanynda bolman-

## EZIZIŇ PÖKGÜSI
***(Kiçijik erteki)***

Bir oglanjyk ýaşar eken,
Ezizmişin onuň ady,
Galýarmyşyn onda-munda Ele
alyp oýnan zady.

Oň «Gün» atly pökgüjigi, Bir
gün daşda galan güni, Şemal
gelip, al-asmana Äkidipdir
üfläp ony.

Öz geleňsiz eýesinden Ol
«Gün» gaty görenmişin.
Şondan bärem bulutlardan,
Düşüp bilmän ýörenmişin.

## ERTEKI

Erkin düýş gördi. Düýşünde ol ite mündi. It ony toýa getirdi.

Olar toýçular bilen goşulyşyp oturdylar. Olaryň ikisine bir ýalaga nahar guýup getirdiler. It işdä bilen nahar iýip ugrady. Erkin welin, nahara elinem uzatmady.

— Näme otyrsyň, iý-dä! — diýip, it bir ýola oňa baş atdy.

— Sen iýiber! — diýip, Erkin çytylyp ýuwdundy.

Ol henize çenli it ýalagyndan naharlanyp görmändi.

Şonuň üçinem oýkeläp, toýdan göwün etdi. Soňundanam ol ýerden turup gaýtdy. Ýöne toý bagşysynyň aýdan bir aýdymy welin, soň-soňlaram onuň gulagyndan gitmedi.

— Ugramankaň bir ýere,
Barjak ýeriňi bil sen!
Ýalak geler öňüňe,
It bilen toýa gelseň.

# Ä

## ÄLEM

Ýyldyzlar asmandan
Gol-gola berip.
Synlaýarlar ýeri,
Gujagyn gerip.

Hersiniň ady bar,
Hersiniň orny. Zöhre
eýelemez, Ýedigen
ýerni.

Marsy, Ýupiteri, Hersi
bir ýerden Seredýär,
göz aýryp Bilenok
ýerden.

Gije garradykça Barha
joşýarlar, Elýetere
çenli Golaýlaşýarlar.
Yzlap ýörseň tapyp,
Ak maýaň ýolun.
Daşynda aýlanýar,
Şonda giň älem.

## ÄDIGIM

Beýle täzeje ädik Mundan öň
mende ýokdy. Geýdim welin
begenip, Ylgap daşaryk
çykdy.

## GÄMILER

Ejesi oýarsa-da, wagty bilen Ärnazaryň turasy gelmedi. Ýorganyň ýylysyny duýup, onuň enteklerem ýatasy gelýärdi. Ejesi ikinji gezek gelip oňa mekdebe gitmelidigini ýatladansoň Ärnazar alaçsyz, yraň-daraň turup geýmäge durdy.

Saçak başyna baryp, çalak-çulak garbandy. Soňundanam sumka-torbasyny alyp, göwünli-göwünsiz öýden çykyp mekdebe ugrady.

Daşarda düýn-öňňinki ýagan gar dünýäni eýeläp - ak deňiz bolup otyrdy. Jaýlar onuň içinde tüsseleşip, bir ýerlerden gaýdyp gelýän gämilere meňzeýärdiler. Ärnazar birsalym gämiler bilen gyzygyp, töweregini synlap durdy. edil ýoluň gyrasy bilen Äşeleriň jaýy — gämi bolup ýüzüp gelýärdi. Ärnazar aýak çekip, şol ýerde onuň öz yzyndan ýeterine garaşdy. Onuň niýeti

mekdebe Äşe bilen bile şol gämide ýüzüp barmakdy. Ol mekdebe gelende bu ýerde indi bireýýämden bäri sapak gidip durdy.

— Bu nä boluş? - diýip, mugallym ony görüp çytyldy.

— Men öýden-ä wagtynda çykdym. Ýöne gämiler wagtynda gelmediler.

— Ol nähili gämi? — diýip, mugallym bada-bat hiç zada düşünmän, egnini gysdy.

— Ana, şol parahod — gämiler-dä — diýip, Ärnazar penjirä elini uzatdy. Mugallym «Ol ýerde nähili gämi bolup bilýärkä?» diýip, penjireden sereden wagty, töwerekde jaý-gämileriň tüsseleşip, ak deňizde ýüzüşip ýörenlerini gördi. Mugallym birsalym daşaryny synlap duransoň, yzyna öwrüldi. Soňundanam:

— Diýseň-diýmeseň meňzeýär — diýip, ol hem Ärnazary makullap ýylgyrdy.

# F

## FUTBOL

Düýe top depip ýör,
Ertirden bäri,
Futbol oýnap ýörmek
Halaýan käri.

Ýagyş ýagyp,
Meýdanlar çyg çekende,
Düýe aýdym aýdýar,
Futbol hakynda.

## SYNAG

Synp öz futbol komandasynyň kapitanyny saýlamakçy boldy. Elbetde, synpda gowy oýunçylar az däldi. Şeýle-de bolsa, kapitan saýlamak çekeleşikli boldy. Şonuň üçinem mugallym bu ýygnanyşygy soňa goýup, okuwçylara ertire çenli ymykly pikirlenmegi maslahat berdi.

Şol günüň ertesi synp ýene-de öz futbol komandasyna kapitan saýlamak üçin sapakdan soň maslahata üýşdi.

— Salyh oňat oýnaýar. Şony özümize kapitan

belläýeliň! - Aşyr ilkinji bolup öz pikirini aýtdy.

— Ondanam bir kapitan bormy. Hol günem alňasap, topy öz derwezämize saldy - diýip, Ýusup oturan ýerinden oňa garşy çykdy.

— Onda Nepes kapitan bolaýsyn!

— Nepes gezip ýören ýerinde irkilip ýör-ä, ondanam bir kapitan bolarmy? - diýip, Ýusup ýene-de hemmeden öň oňa-da garşy çykdy.

— Çary hem gowy oýnaýar. Goý, onda kapitan şol bolaýsyn!

— Sen näme, futbol oýnaýaňmy? Bir zat diýmeli diýseler, ýöne gepläberýäň. Çara biz belet, utulyberse, gyzyp aýaga depýär — diýip, Ýusup bu gezegem ör turup, ony görkezen gyzyň al petinden aldy.

Synp Ýusubyň bolşuny geň gördi. Şu arada nädip tarsa ýerinden turanyny Çarynyň özi hem duýman galdy. Soňundanam ol Ýusuba ýüzlenip:

— Näme, synpda özüňden başga dilli ýokdur öýdýärmiň? Hemmäni garalap otyrsyň-la sen! — diýip, Ýusuba çytylyp seretdi. Ýusup Çarynyň bolşuny synlansoň, köpmanyly gülümsiräp, ýene-de ör turdy.

— Ýoldaş mugallym, Çary bize kapitan bolup biljek ekeni...

Soňra ol synpa özüniň bu günki geň hereketleriniň sebäbini düşündirdi. «Düýn men öýde özümize kapi- tan saýlamakçy bolýanymyzy atama gürrüň berdim.

Ol-da maňa kapitan edip öz mertebesini gorap bilýän oýunçyny saýlamaklygy maslahat berdi. Men atamyň öwredişi ýaly hakyky kapitany tanamak üçin synag geçirdim» diýdi. Ýusubyň pikiri hemmeleriň göwnün- den turdy.

Synp Çaryny öz futbol komandasynyň kapitan- lygyna saýlady.

# G

## GARPYZ

Garpyz güne çoýundy,
Suwdanam içdi doýup.
Indem garnyn sypap dur,
Matros maýkasyn geýip.

## GÜJÜGIM

Güjügimiň ysgaw it Boljagy
eýýäm belli. Meniň ýiten
köwşümiň Taýyny tapyp
geldi. Şeýdip, ol sag bol
aldy.

# GAWUN BÄBEK

Biýaralaryň arasynda gawunlar togarlanyşyp ýatyrdylar. Olar gundaglyja bäbejige-de meňzeýärdiler. Bir ýola, mekdepden gaýdyp gelýärkä, Garlynyň gözi şol gawunlara düşdi. Ol dessine elindäki kitap-depderli torbasyny ýerde goýdy-da, baryp bir bäbejik-gawuny alyp ony gujagyna göterdi. Şol arada ýeňseden, kimdir biriniň ýuwaşja ardynjyramasy eşidildi. Garly gaňrylyp ýeňsesine sereden wagty, bu ýandaky tuduň kölegesinde ýaplanyp çaý içip oturan ýaşulyny gördi.

— Salawmaleýkim, baba!

— Näme tapdyň, oglum?

— Bir gowuja bäbejik ýatyr ekeni. Ejem bäbejik alanda, men ony, ine, şeýdip göterjek.

Garly gujagyndaky gawuny eýläk-beýläk yralady.

Sakçy baba ony diňläp ýylgyrdy.

— Bar, onda, oglum, bäbejigi öýüňize äkit. Goý, ejeň ony sallançaga salyp üwresin. Ýogsam, ol ýene-de ukusyny alman oýanar!

Garly iki bökende bakjadan çykdy.

H

## HAT

Öwrendik her harpy
Ýekänme-ýekän Indi
ähli harplaň Adyny
bilýän.

Bir günem bir bukja
Kakamdan aldym.
Agama hat ýazyp Şol
bukja saldym.

Serhetçi agama Ýeter
ol baryp. Agamam şat
bolar Hatymy görüp.

“Kaka, eje” ine,
Bar ýazan sözüm.
Iki sözüm bolsa Ýazan
meň Özüm.

# HAKYKY IT

Hydyrlaryň goňşusynyň iti güjükledi. Şundan soň, Hydyryň ol gowuja güjüjekleriň töwereginden aýry- lasy gelmeli. Bir-de ol goňşularynyň gyzy Häsiet bilen güjüjekleri naharlasa, ýene bir-de söýüp-sypap olaryň täsin hereketlerine guwandy. Bu mahal heniz gözi oňly açylmadyk güjüjekler soňundan möjeklere garşy durup, garpyşyp biljek, garadangaýtmaz it bolup ýetişjege asla meňzemeýärdiler. Olar itlere däl-de, çöl ýerlerde ýaşaýan nakys tumşuklyja sykylykçy alakalara has meňzeşdiler. Wagt geçip durdy. Güjüjekler ers-mers bolşup her-gün ulalýardylar. Bir gezek Häsietiň kakasy, Hydyr bilen onuň kakasyny güjüjekleriň arasyndan özleri üçin saýlamak üçin çagyrdy. Hydyryň kakasy gele-gelmäne güjüjekleriň haýsydyr birini almaga howlukmady. Ol ilki güjüjekleriň gapdalynda çommalyp oturyşyna, olaryň hereketlerini ünsli synlady. Diňe bir salymdan soň, güjüjekleriň biriniň gulagyndan tutup, ýokary göterdi. Ol güjüjek gorkup, ýygrylyp, näderini bilmän, çyňsap düşdi bir güne. Hydyryň kakasy şonda ony bir gapdalda goýdy-da, güjüjekleriň ýene birini şeýdip ýokary göterdi. Ol güjüjek eserdeňlik bilen tumşugyny howada gezdirip, dessine özüni ýerden göteren eli ýalamaga synanyşdy. Hydyryň kakasy ony-da gapdalda goýdy. Üçünji geze- kde onuň gulagyndan tutup, ýerden göteren güjüjegi

welin, özüne degilmegini halamady. Urnup-urnup, dişlerini syrtartdy, özüni ýerden göteren eli dişlemäge synanyşdy. Hydyryň kakasynyň bu güjüjege göwni ýetdi, ol güjüjegiň arkasyny sypalap, ony ogluna uzatdy.

— Oglum, ine, şu saňa gowy it bolup biler. Hydyr güjüjegi eline alyp: «Kaka näme üçin güjüjekleriň başga birini saýlaman, aýratyn şuny saýladyň?» diýen manyda onuň ýüzüne seretdi. Göräýmäge welin güjüjekleriň hemmesi-de gowujady. Kakasy ogluna düşünip ýyl- gyrdy:

— Bilýäňmi, oglum, itiňem, adamyňam gorkagy, ýaranjaňy halanylýan däldir. Gördüň-ä, ilkinji ýerden göteren güjüjegimiziň sandyrap, çyňsap boluberşini. Beýle güjüjeklerden dörän it gorkak bor. Howp aban- dygy atylyp ýaga depmegiň ýerine, gaçyp özüne girere deşik gözlär. Maňlaýy sakar ikinji güjük bolsa töweregiňe aýlanyp duran ýallaky bor. Seniň güjüjegiň, gördüň-ä, özüne degilmegini halamady. Häzirden ol öz mertebe- sini bilýär. Hakyky öz adyna mynasyp itler, hut şeýle güjüjeklerden ösüp ýetişýändirler.

Kakasynyň şu gürrüňinden soň, Hydyr özüniň elýetmez güjüjege eýe bolanyna ynandy. Güjüjegi ba- gryna basyp, öýlerine ýetmäge howlukdy.

# ITIM ÖŇÜMDEN ÇYKDY

I

Gijöýlänler men ýene,
Mekdepden gaýdyp geldim.
Itim öňümden çykdy,
— Illi, näçelik aldyň?

«Bäşlik» diýip, pert aýtdym,
Edil öňünde öýüň.
Itim diýdi ýalmanyp,
— Getir, ýalap göreýin?

# ÖZÜŇ IÝMESEŇ

Şamarady. Illi işikleriniň öňündäki sekiden aýagyny sallap otyrdy. Birden onuň nazary gapdaldan gybyrdyklap, howlukmaç geçip barýan kirpijige düşdi. Kirpijigiň kimdir birine görünmejek bolýan ýaly bolup, bukdaklap barşy Illiniň ünsüni çekdi. Ol towsup sekiden düşdi-de, ylgap baryp, onuň öňüni kesdi. Kirpijik özüniň öňünden çykylmagyny asla halamady. Ol şundan soň dessine düýrügip, tikenli garaja pökgä öwrüldi.

— Niräk howlugyp barýaň kirpijik? — diýip, Illi oňa golaý durup habar sorady. Kirpijik welin, şundan

soň jogap ýerine has-da düýrükdi. Illiniň şol barmana kirpileriň almany gowy görýäni ýadyna düşdi. Ol ylgap gitdi-de, sekide duran almaly jamdan bir almany getirip, ony kirpijige hödürledi.

— Gowy alma. Al, iýip gör! «Dogrudanam, gowy alma eken» diýersiň! - Illi näçe hoşamaýlyk etse-de, kirpijik ylygyp, gaýdyp oňa ýüz bermedi.

— Sen-ä kejir ekeniň — diýip, lapykeç bolan Illi ahyr elindäki almany — Al, onda, özüň iýmeseň, äkit- de, çagalaryňa beräý! — diýip, ony kirpiniň tikenli arkasyna dürtdi.

Illi ýanyndan gidensoň, kirpi hem birazdan ýer- inden gozgandy, soňundanam töwerekde hiç kimiň ýoklugyna gözüni ýetirensoň, berlen almany arkasynda göterip, gybyrdyklap howlukmaç ýola düşdi.

## JÜÝJELER

Ýumurtgadan çykanda,
Jüýjelerni geň görüp,
Käkeledi ak towuk Küren
oba ýaň berip:

“Bulaň eýjejikdigni,
Siz bulary bir görüň! Özüm
tapdym, dilemäň, Hiçiňize
bermerin!”

Sekiz sany ak jüýje
Hemmäň ünsüni çekýär.
Sekiz sany ak jüýje Dünýä
geň galyp bakýar.

Käkeleýär ak towuk,
Sesin goýup bilenok,
Çagalarna guwanyp,
Bakyp - doýup bilenok.

## JOJUK

Jojujagy ýuwup, naharladylar
O-da öýkeledi: «Nähili-aýt bular».
Ýuwunmak asyl-ha gerek däl maňa
Köprak iýer-içer getiriň öňe!

Meniň isleýänmem ediň ahyr siz?
Ýuwmaň, men iýeýin näçe diýseňiz!

## ALAJA

Bir ýola ejesi Aýjahany ýanyna çagyryp, onuň goşaryna alaja dakdy. Soňam oňa gözdegme, dildegme diýen belalaryň barlygyny aýdyp, şolardan goranmak üçin alajany aýyrman dakynmagy maslahat berdi.

Aýjahan alajanyň nähili edip ol bela-beterlerden özüni gorajagyna düşünmese-de, ejesiniň diýenini et- melidigine welin düşündi. Eýsem näme, ejeler hemme zady bilýär ahyryn.

Şundan soň Aýjahanyň özi-de alaja iýşip ugrady. Alaja iýşmek şeýle bir kynam däl. Bir ak, bir gara sapak alyp, olar bilelikde aýaňda tow berip iýşseň, ine, saňa alaja bolup dur. Aýjahan ilki iýşen alajasyny öz söýgüli

gurjagynyň boýnuna dakdy. Şondan soň, alaja ýene-de köpeldi. Indi daşarda itdir pişik, göledir owlak dagam boýunlary alajaly gezişip ýörler. Aýjahan gyzyl horazyň boýnuna alaja dakan mahaly ol ilki gorkup, pasyrdap uçjak bolup bir başagaýlyk döredipdi. Indi bolsa öwrenişipdir. Alaja dakynyp, hondan bäri bolup ýör. Aý- jahan ýene-de alaja iýşýär. Indi alaja hasam köpe ýeter.

Sebäbi Aýjahan hemmelere gowulyk bolmagyny isleýär. Uly adamlar ilki itiň, pişigiň alaja dakynyp ýörenini geň hem gördüler. Indi bolsa, gaýtam, olar Aýjahanyň tarypyny edýärler.

— Aýjahan gowy gyz. Seret, onuň alajalary ediberişini. Sebäbi ol hemmelere gowulyk bolmagyny isleýär - diýişýärler...

# Ž

## ŽIRAFA

— Eý, žirafa, sen meniň
Güjüjegmi gördüňmi?
— Nirde gezýär güjügiň, Asmandamy, ýerdemi?
— Uçup bilýän-ä däldir, Gezýän ýeri hem goldur

## TAÝÇANAK

Men çybyk atymy münüp, töwerekde çapyp ýördüm. Hem özümi ýeňilaýak taýçanak hasap edýärdim. Şol barmana, ýeňsämden kimdir biriniň golaýlap gelýä- nini duýdum. Görsem, ine, maňlaýy sakar, bir gowuja taýçanak.

Men süýji iýýärdim, elimde-de ýene onuň birnäçesi bardy. Olary men ýanyma gelen dostlarym bilen bölüşerin diýen pikirdedim.

Dessine taýçanaga şol süýjüleriň birisini uzatdym.

— Al, narpyzlysy saňa!

Taýçanak boýnuny uzadyp süýjini ysyrgansa-da, ony almady. Men taýçanagyň süýjüçil däldigini dessine bildim. Belki-de, ol ejesiniň:

«Süýjini köp iýseň, dişiňi owarra edersiň» diýýän- ine ynanýandyr...

Gapdaldan ýap yňdyrylyp akyp ýatyrdy. Şonuň üçinem soňra men taýçanak suwa gelendir diýip oýlandym. Sykylyk atylanda atlaryň suwy arkaýyn içýänini ýatlap, sygyryp, sürüsini suwa indiren çopana meňzedim. Ýöne, näme üçindir, taýçanak suw içmäge-de howlukmady. Gaýtam ýüzüme bakyp, uzaklara seredip, guýrugyny bulaýlap, maňa üm bilen bir zatlar diýip dur. Ýöne men oňa şol mahal düşünmedim. Bir salymdan taýçanak yzyna öwrüldi-de,towsaklap çapyp gitdi. Diňe şundan soň maňa taýçanagyň maksady belli boldy. Ol meniň ýanyma: «Senem taýçanak, menem, gel çapyşaly» diýip gelen bolsa näme? Ana, indi ol höwesini kowalap, çapyp barýar. Wagtal-wagtalam: «O taýçanak yzymdan ýetip gelýän bolaýmasyn?» — diýip, meni ýatlap, gaňyrlybam yzyna seredýär.

K

## KEÝIGOKARA

«Görsün» diýip
keýikler,
Çykyp dur ol belende.
Buldy sagyp dolduran

## KIRPI

— Eý, kirpijik,
kirpijik, Hany bäriňe
seret! Munça iňňe asyl-
ha, Seniň nämäňe gerek?

— Iňňe ol hemmä
gerek, Sizem şuny biläýiň.
Iňňäň bolsa howply däl
Hatda saňa ýylanam.

# KAPITAN

Indi telim gün bäri kürk towuk samankepbede basa oturyp, ýumurtga basýardy. Käte bir gidip, töwerekde gezmeläp aýagyny ýazyp geläýmese, ol uzakly gün diýen ýaly ýumurtgalaryň üstünden turman oturardy. Akja ýumurtgalary ol enelere mahsus irginsizlik bilen, yhlas bilen basýardy.

Bir gezek towuk aýagyny ýazmaga meýdana çykan mahaly onuň basyp oturan ýumurtgalarynyň birisine jan girdi. Ilki ol gozganyp, leňňer atdy, ýumak bolup togarlanyp giderli göründi. Şonda onuň içinde kimdir biriniň barlygy aýan boldy.

Birsalymdan bolsa ýumurtga jaýryk atyp iki bölün- di-de, onuň aşaky böleginde bir akja jüýjejik peýda boldy. Jüýjejik şol duran ýerinde birsalym geň galyp, daş-töweregini synlap durdy.

Jüýjejigiň duran maýa bölejigi akja gämä meňzeýärdi. Şonuň üçinem ol häzir şol akja gämide bir ýerlerden ýüzüp gelen kapitandy.

Jüýjejik ýene-de birsalym gäminiň üstünde kapitan bolup, töweregi synlap duransoň:

— Bu ýer hem ýaşamazça däl ekeni — diýip, dabara bilen gämiden düşdi.

## LEŇŇEÇ

Ýörän çagy murtlary
Guýruk boldular ýene.
Sebäbi ol hemişe Ýöreýär
öz tersine.

## LEÝLA

Synpdaşymyz leýlanyň
Gülkünç — jotda saçy bar.
Şol saçlary synlasam,
Hut gülkim tutuberýär.

Saçlaryny birjigem,
Öz gününe goýanok.
Saçbogam dakýar oňa,
Gelişmeýär diýenok.

Birde-de ol saçlarna,
Suw çalyp daran bolýar.
Hemem maňa birhili,
Jytdaýlyp garan bolýar,
Näzirgäp garan bolýar.

# LÄLE

Läle bir gezek ýazyň öýüne myhmançylyga geldi. Ol egnine ýakasy keşdeli ýaşyl köýnegini geýipdir. Başynda bolsa şabram-şelpeli gupbaly tahýasy. Ol owadandy. Ýazyň özüne meňzeşdi. Töweregiň gülleri Läläni görüp begençli pyşyrdaşdylar:

— Serediň, läle biziň doganlarymyzyň ýene-de birisi açylypdyr!

— Ol meniň ýanyma gelsedi. Men şonda has owadan bolardym.

— Mümkin, ol läle-gülleriň iň owadanydyr...

— Şoldur.

— Läle iň owadan güldür...

Läle gelensoň gülli meýdan hasam owadan bolupdy. Töwerek mör-möjekleriň sesinden doldy. Häzir olaryň hersi bir ýerden aýdyma zowladyşyp otyrlar. Asmanda, jürläp, torgaý saýraýar.

Läle hem bir salym töwerege synçy bolup duransoň töweregindäki lälelere meňzäp özüniň ýagyş hakyndaky söýgüli aýdymyna hiňlenip ugranyny hem duýman galdy.

Çagyrar ol ýagar-da;
Oýnalyň-a, tiz geliň!
Uzyn bolýar saçlary,
Oýnanyň meniň bilen.
Oýnanyň ýagmyr bilen

Sebäbi töweregi diňläp duraňsoň, aýdyma goşulmazlyk asla mümkin däldi.

## MENIŇ REŇKLERIM

Gyzyl reňkde çeken Günüm
«Ýarty garpyz» diýdir ýene
Hem gündizi elter indi
Towşanlaryň oýlerine.

Gyzyl reňkiň aşagyndan
Sary reňkim ýazdy haly.
Ýup-ýumşajyk onuň üsti,
Guşlar gelip oýnar ýaly.

Keýerip dur keýik ýaly
Mele reňkde çeken atym.
Ýaşyl reňkim tiz örüzdi
Töweregiň terje otun.

Gara reňkim ginse boldy,
Ýyldyzlaram geler göçüp...
Kim uklajak bolsa, indi
Ýatybersin, barik geçip.

## MÖJEK

Möjek bir obanyň çetinden geldi.
Oba daramakdy gaýdanda göwni.
Ysyrgandy, soňam lampa oturdy,
— U-u-u — itleriň baý-baý känligni...

# MÄHEK DAŞ

Bir ýola tilki atyzda ekinlerini suwaryp ýörkä, birden ýabyň suwy kesildi. Gözbaşda ýa-da suwuň ýol ugrunda bir hadysanyň bolandygy belli boldy. «Näme bolaýdykan?..» diýip, tilki ilki jogap gözläp, böwrüni diňledi.Soňundanam onuň sebäbini bilmek üçin ýabyň boýuny syryp, gözbaşa gitdi. Az ýöräp, köp ýörap, ahyr ol daga ýetdi.

Ine, görse, dagyň depesinden togarlanyp gaýdan äpet bir daş keserip, suwuň ýoluny kesipdir. Tilki ony görüp ilki hyk-çok edip,daşy ýoldan aýyrmaga synanyşdy. Emma güýj i ýetmedi. — şundan soň, ol bu daşy bir özüniň gozgap-goparyp bilmejegine düşündi. Oýurganyp çykalga gözledi.

Şol barmana-da aňyrdan her ýerden bir basyp, apaň-sapaň edip gelýän aýy göründi. Tilki aýyny gören mahaly bir emel kellesine geleni üçin birbada ony gör- medik boldy. Aýyny gyzyklandyrmak üçin öňünde ýatan daşyň sagrysyny sypalap, özbaşyna samrady.

— Gözläp gezenje daşym, zordan tapanja zadym...

Aýy tilkiniň dünýäni unudyp, samrap oturyşyny görüp, onuň duşunda aýak çekdi.

— Ýeri, how tilki, gotur daşy gujaklap, bu bolup oturyşyň nähili?

T ilki aýynyň ýüzüne gözläp, ýalmanyp şelaýynsyrady.

— Aýy daýy, bu daş ýönekeý daş däl-dä...

— Hä, ol nähili daşmyş beýle?

— Biler bolsaň, muňa mähek daşy diýilýär. Şeýle keramatly daş hakynda heý, bir mahal eşidipmidiň?...

— Eşidipdim özün-ä... — Aýynyň sözi gowşak çyksa-da, daşyň tarypy barybir onuň bilesigelijiligini artdyrdy.

— Eşitseň, ine, bu, hut şol daş-da. Muny telim günläp dog

anym bilen bile dagdan-daga dyrmaşyp, dabanlarymyzy gyýçak daşlara dildirişip, zordan tapdyk. Togarlap-toga-rlabam, ine, şu ýere getirdik. Öýe ýetirip bolsa, bazarda munuň aşyk ýalysy topaz ýaly altyn turzup dur.

— Şeý diýsene... — Tilkiniň şu taryplaryndan soň aýy gotur daşyň ýöne bir daş däldigine halys ynandy. Içinden bolsa daşyň özüniňki däl-de tilkiniňkidigine gynandy. Ol: «Ýenjip, ony tilkiniň elinden alaýsam-mykam, oňa güýjüm-ä ýetmän duranok» diýibem bir oýlandy. Tilki aýynyň daş bilen gyzyklanyp ugranyny görensoň, haýal etmän, öz tilsiminiň ikinji bölümine geçdi. Gözüni süzüp, alyslara seretdi. Aýa özüniň kim- dir birine garaşýanlygyny mälim etdi. Soňundanam ýalmanyp haýyş bilen oňa ýüz tutdy.

— Aýy daýy, eger sen häzir howlukmaç bolmasaň, bir haýyş bar. Birsalym şu daşa göz-gulak bolup

otursaňyz? Inim häliräk mähek daşy bu ýerden äkitmek üçin oba araba getirmäge gidipdi, şol eglendi, azaşyp dagy ýören bolmasyn. Ýogsam, ol meniň hasabym boýunça bireýýäm bir ýerden görünmelidi. Siz razy bolsaňyz, men häzir gidip şonuň öňünden çykaýyn.

— Arkaýyn gidiber, tilkim. Tä, sen gaýdyp gelýänçäň gözümi daşdan aýyrman oturaryn — diýip, aýy dessine onuň bilen göwünjeň razylaşdy. Öz ýanyndan bu keramatly daşy tilkiniň elinden nädip alyp bolaýarkan diýip oýlanyp oturan aýynyň gökdäki dilegi ýerde gowuşdy.

Tilki gidip bir depe aşansoň yzyna öwrülip şol aşan depesiniň ýeňsesine gizlenip, daşyň başynda galan aýynyň bolşuny synlady.

Aýy ilki tilkiniň garasy ýitensoň, ýaltaklap, töweregini syndan geçirdi. Golaý-goltumda hiç kimiň ýoklugyna gözüni ýetirensoň bolsa ýaňky daşy «homp» etdirip egnine aldy-da, tilki dolanyp gelmänkä bu ýerden daşlaşmak üçin ýegdenekläp, howlukmaç ýöräp ugrady.

Birazdan ýene-de akarda suwuň şadyýan sesi peýda boldy.

## NURYNYŇ GALAMY

Uzyn ýol çekdi,
Gyrasynda - bag.
Ýola abanyp Otyr
gara dag.

Suw gelýär iýnip Ol
dagdan bäri.
Bar kenarynda
Almasy, nary. . .

Baýyrda Akbaý,
Çopan hem çoluk
Otlaýan sürä Otyr,
ser salyp.

Çykypdyr gün hem
Elinde ýaýy, Awlajak
ýaly Batmadyk aýy.

Nuryň galamy
Bolsa-da kiçi,
Dos-doly eken
Suratdan içi.

# NAN

Nazaryň ejesi tamdyra nan ýapyp durdy. Ol häli-şindi eglip, tamdyrdan tegelek Güne meňzeş nanlary çykaryp alýardy.. Nazar bu ýerde, bir gapdalda durup, ejesiniň hereketlerini synlap, her gezek nan ýapylanda özi üçin ýörite kiçijik çöregiň çykarylaryna garaşýardy. Şol gezek ol ejesini synlap durşuna, oňa sorag berdi.

— Eje, näme üçin nany tegelek edip bişirýäňiz-ä?

— Nan Güne meňzeş, oglum!

— Nämüçin, eje, ol Güne meňzeş?

— Sebäbi Gün - Babadaýhan;

Ýerleri öz howry bilen taba getirýän kim? — Gün.

Ekinleriň ösmegine kömek edýän kim? — Gün.

Bugdaý sümmüllerini sypalap-sypalap bişirýän kim? — Gün.

Özümizi sylany bizem sylaýarys. Şonuň üçin nanymyzy onuň hormatyna tegelek edip — Güne meňzedip bişirýäris.

Nazar ejesiniň tamdyrdan çykaryp özüne uzadan kökejigini alyp, ony depesine göterip, Güne görkezdi.

— Gün, seret, meniň çöregim saňa meňzeş!

Ony görüp, Gün — Babadaýhan göwnühoşluk bilen ýylgyrdy.

## «Ň» HARPY

I

Ilki ýazyp «Ň» harpyny,
Ýasadym men ondan «Ň»-ny.
Dakdym «Ň»-yň sag aýagna

Jojujygyň guýrujygny. **gaŇŇa**
Gaňňaladym taýharmy, Boldy at
deý ullakan.
Indem ýola dyzap dur,
Şu gaňňada oýun kän.

## DEŇIZ

Deňiz - ullakan gök ýorgan. Ol gök mahmal ýorgan bolup, owsunyp tolkunýar. Çarlaklar her gün şol gök mahmal deňziň ýokarsynda galgaşyp, uçuşyp gezýär- ler. Olar, bu günem hol-ha, ýene-de hemmelerden ir oýanypdyrlar.

Uçuşyp-gonuşyp ýörler.

Deňiz ýorganyň örtüginiň aşagynda bolsa ente- gem ukuda ýatanlaryň az däldigi bildirýär: balyklar,

leňňeçler, düwlenler... henizem şol ýylyjajyk deňiz ýorganyň aşagynda doganlar bolşup, depişip ýatan bolmaly.

Deňiz ýorganyň aşagy häzir agyn müňňüldi.

## TAŇŇY

Taňňy mekdepden gaýdyp gelýärdi. Ol mekdebe ýaňrak gatnap ugrapdy. —ol barmana, ýolda onuň öňünden bir garryja mama çykdy. Ol Taňňyny tanady. Garryja mama Taňňylara, onuň enesiniň ýanyna ma- hal-mahal oturmaga gelerdi. Mama aýak çekip, Taňňa ýüzlendi.

- Nireden gelýäň, oglum?

- Aý, okuwdan-laý.

- Okuwyňyz eýýäm gutaraýdymy?

- Ýok, ertir ýene-de gelmeli diýdiler.

Taňňy bu sözi egnini gysyp, agyr ýüküň aşagynda galan ýaly, diýseň lapykeç bolup aýtdy.

## «O» HARPY

O

«O» ýadaman mydam tigirlenip ýör,
Özi-de ol juda gadymdan gelýär.
«O» özgeler ýaly garranok hat-da,
Sebäbi ol teker — şol hereketde.

## OTLY

Demir ýolun
Ýalap-ýalap,
Bir heňinem
Şol gaýtalap.

Ýolun öňe
Salan otly.
Barýar süýnüp,
Barýar batly.

Öňde oba,
Şäher kändir.
Köpler oňa
Garaşýandyr.

Ol gyssanýar,
Barha-barha.
Kem däl ahyr,
Irräk barsa.

# ŞAH ÇYKANDA GEL!

Agylda iki sany owlajyk bardy. Olar, käte oýun edişip, bir-birleri bilen süsüşip oýnardylar. Käte Orazam gelip,gapdaldan olaryň oýunlaryny synlap durýardy. Bir ýola bolsa Orazyň hem owlajyklaryň oýnuna goşulasy geldi. Agyly açyp, onuň içine girdi.

Şonda owlajyklaryň birisi ondan gorkup, dessine towsup, baryp enesiniň arkasynda gizlendi. Olaryň ikinji birisi, sakarja owlajyk welin ondan gaçmady. Gaýtam, kellesini aşak edip, onuň bilen süsüşmäge taýynlandy. Owlajygyň kellesinde ýaňyja tümmerip gelýän şahjagazlary bardy. Oraz hem owlajygyň özi bilen süsüşmäge höwesekligini görüp, onuň garşysyna geçdi. Sakarja owlaga meňzäp, kellesini tüňňertdi. Süsüşmäge taýyndygyny mälim etdi.

Süsüşen wagtlary Orazyň gözünden ot paýrap gitdi. Has-da maňlaýy erbet agyrdy. Ol şundan soň uzak durman, maňlaýyny sypalap agyldan çykdy.

— Eý, süsüşjek bolsaň, şah çykanda gel! — diýip, özüni ýeňiji hasaplap duran sakarja owlak onuň yzyndan seredip çekräp goýberdi.

# Ö

## ÖRDEK

Eý ördejik, näme seň
Aýaklaryň ýalaňaç?
— Çemeli bolýar oýnaňda
Töwerekde «Kowdum-gaç!»

## ÖKÜZ

Düýrügip mölemek
Onuň häsiýeti.
Käte ol kowalap,
Süsüp ýör iti.

Başagaý edýär ol
Baran ýerini.
Süsmese, nä ondan
Öküz bolýarmy?

# ÖÝLÄNÇI

Öýlänçi ýene-de duýdansyz geldi. Ýaz günleri bu öýlänçiniň edähedidi. Häsiýetinden çen tutsaň-a, onuň ady «Tiz ýagar» diýen ýaly bir zat bolmalydy. Ýöne oňa adamlar hemişe öýländen soň ýagýanyny göz öňünde tutup, «öýlänçi» diýýärdiler.

Öýlänçi bu gezegem, bada-bat asfalt köçeleri ýala- nan göläniň arkasyna meňzedip ýalpyldatdy. Onuň akja damjalary şagalaň bilen ýapraklaryň ýüzünden syrylyşyp «taýdym-taýdym» oýnadylar. Ýolda ol mek- depden gaýdyp gelýän çagalaryň hem yzyndan ýetip, olary-da süllümbaý ezdi. Ýöne, çagalaram ondan gaçyp bukuljak bolmadylar.

Gaýta bökjekleşip, şatlanşyp hezil etdiler.

Öýlänçi olary ezse-dä ezdi welin, ýöne ol soňundan eden işine ökündi öýdýän. Bada-bat öz ýalňyşyny düzetmegiň ugruna çykdy. «Çagalar geýimlerini serip guratsynlar» diýip, dessine bir ýerden älemgoşary tapyp, ony asmanda gerdi.

— Her kim geýimini halan reňkine sersin - diýip, älemgoşary olara görkezdi. Sebäbi ol her kimiň öz söýgüli reňkiniň bardygyny bilýärdi.

Çagalaryň hersi pikirlerinde öz geýimlerini asman- daky älemgoşaryň bir reňkine serdiler...

P

## PAGTA ÝYGÝAR HEMMELER

Pagta ýygýar atyzda,
Uly-kiçi hemmeler.
Menem olaň ýanynda,
Ýygymçylaň sanynda.
Bir partygy bir özüm,
Dykyp-dykyp doldurdym.
Pagta entek ýene kän,
Ertire-de galdyrdym.

## HADYSA

Bir gezek köşejik suwkädini göterip, suw içjek bolanda bilmän ony başyna geýäýdi. Soňra ol suwkädini eýläk-beýläk öwrüp näçe itinse-de, ondan başyny gutar- yp bilmedi. Ilki muny ejesi görüp, suwkädini köşejigiň kellesinden aýyrmakçy boldy, emma bolmady. Soňra onuň kakasynyň eden synanyşyklarynyň hem barysy peýdasyz boldy.

Ahwalaty eşidişip, goňşular hem üýşüşdiler. Emma olaryňam alan galasy bolmady. «Haý, bolmandyr-ow!» diýşip, duýgudaşlyk etmekden başga bitiren işleri bol-

mady. Gaýtam, öz aralarynda: «Indi munuň kellesini kesäýmesek bolmaz» diýşip, köşejigiň eje-kakasynyň howsalasyny artdyrdylar.

Bu üýşmeleň bir gapdalynda goňşy obadan gelen tilki hem synçy bolup durdy. Ol ýaňrak bir iş bilen bu düýeler obasyna gelipdi. Märekäni görübem: «Ol ýerde näme barka?» — diýip şu ýere sowlupdy.

Düýeler artdykça ýagdaý barha dartgynlaşýardy. Köşegiň ejesiniň howsalasy artdy. Ilki ol oglunyň başyndan jüp çörek hudaýýoly aýtdy. Ýagdaýyň çäresiz- digine göz ýetirensoň, Taňrydan kömek sorap, has-da eçildi. Bir işşegi onuň ýoluna bagyşlady.

Düýeleriň bolşuny synlap, olaryň sadalygyna içini güldürip duran tilki işşegiň ady orta geçensoň, höwesli ýalmanyp, köşegiň ýanyna geldi. Ilki: «Haý, bolmandyr özün-ä...» diýen bolup, näderini bilmeýäne meňzäp, onuň töwereginden aýlandy. Ara wagt salyp, ýagdaýa has-da dartgynlyk berdi. Soňundanam: «Hany, pirimi çagyryp, menem bir synanyp göreýin» — diýip, ýeňlerini çyzgaşdyryp çemelendi.

— Göreweri...

— Gör, tilki aga — diýşip, bu ýagdaýdan baş çykar- yp bilmän, alaçsyz duran mähelle hem ýerli-ýerden onu makullady.

Tilki köşege golaýrak durup, onuň başyndaky suwkädiniň bokurdagynyň iki tarapyndan tutup, bir

çekdi welin, ol darka bölünip, onuň her tarapy tilkiniň bir eline geldi. Şondan soň, düýeleriň üstünden agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Olar: «Hudaýa şükür, derdimiz dep boldy» diýşip, ýeňillik bilen dem aldylar:

— Bä, tilki agada emel kän-ow...

— Tilki aga ýetişäýdi. Ýogsam, onuň kellesini kes- äýmesek bolmazdy...

— Asyl, beýdäýseňem boljak eken-ä. Kellä gelmän- dir-dä — diýşip, onuň soňundanam gürrüňini etdiler.

Tilki soňky gürrüňleriň hiç birisine-de gulak gabartmady. Ol hudaý ýoluna aýdylan işşegi eşeginiň syrtyna aldy-da, çagajyklarynyň ýagly guýruk gapjagyna

## GARGA BILEN GÜRRÜŇ

Her oturan ýeriňde
Irginsiz «karr-karlaýaň».
Ardynýarmyň garga sen,
R
Ýa-da kime gargaýaň?

— Habarmy bersem size,
Men gargada arzuw kän.
Okuwa gitjek menem
«R» diýmäni öwrenýän.

## RAHMANYŇ ÖÝKESI

Rahmanlaryň goňşusynyň köşeklije düýesi bardy. Ol köşejik diýseň mähirlijedi. Ony gördügiňçe, göresiň gelýärdi.

Rahmanam hem her gün telim gezek gelip, ony synlap giderdi. Birde ol köşejigiň emip duranyny görse, ýene birde onuň enesiniň töwereginde patanaklap, dänjiräp ýörenini görerdi. Köşejik käte oňa aýaklaryny aşagyna ýygnap, özüniňem ejesi ýaly çöküp, depe bolup oturyp bilýänini hem görkezerdi. Bir gün goňşular düýelerini köşegi bilen äkidip, bazarda satyp geldiler. Şundan soň, Rahmanyň ol öýe aýagy çekmedi:

Bir ýola goňşy aýal ejesiniň ýanyna oturmaga

gelende, oňa habar gatdy:

— Rahman jan, näme bize barmaňy kesäýdiň-le, oglum?

— Men öňem size baramokdym. Köşejiklere barýardym — diýip, Rahman öýkesini mälim edip, ýeňsesini tüňňertdi.

Çaýlaşyp oturan aýallaryň ikisi-de şundan soň: «Gör, gep gelip nireden çykdy» diýýän manyda, bir- birleriniň ýüzlerine uýatly seredişip dymdylar.

## SÜBSE

«Sübüs-sübüs» ýoly
Syryp ýör sübse.
Oturyp bilenok,
Bir bilin bogsa.

## SYNAG

Eşiden günüm pyşdylyň
Ýaşaýanny üç ýüz ýyl
(Şeýle uzak köp, ýaşy,
Ýaşanokmyş hatda pil.

Baýra gidip getirdim Bir
oňatja pyşbaga. Özem
entek kiçijik.
Üsti kersenli-çaga.

Sanajak men şu günden,
Ýaşan ýaşyn sanma-san.
Goý, ýaşasyn üç ýüz ýyl,
Çyn bolsa şol diýilýän.

## TILKINIŇ ÝÜZ BIRINJI SAPALAGY

Tilki bir ýola çölde aýlanyp ýörkä, dynç alyp oturan möjekleriň üstünden geldi.

— Hany, bärik gel! — diýşip, möjekler ony gören batlaryna, dessine öz ýanlaryna çagyrdylar.

Gaçaryny aldyran tilkä möjekler näme diýse «hä» diýmekden başga alaç galmady.

— Hawa, agalar, näme hyzmat! — diýip, ol mylaýym sözläp, guýrugyny howada oýnadyp, gowusyrap olaryň huzuryna geldi.

— Sen aldawçymyşyň, hany, bizem bir alda...

— Ýok, agalar, aldawçam bolsam, men sizi, möjek neslini aldaýan däldirin. Miltem edip bilmerin...

— Ýeri, ýeri, saňa biz beletdiris!

— Ýöne meniň «Gawun ogurlaýşym», «Tazy aldaýşym» diýen ýaly oýunlarym-a bardyr. Bolmasa, şolaryň birden birini size görkezäýeýin!?

— Görkez hany!

— Onda, agalar, oýunyň şertine görä siz tegelenip duruň.

Möjekler hezillik görmek üçin tilkiniň töweregini halkalap durdular.

Tilki:

— Düme ýerden, ine, şeýle gawun ogurladym

— diýip, ilki bir kiçiräk gawunyň şekilini ýere çekip görkezdi. Soňundanam şu usulda beýleki ýerlerden çilen gawunlaryny hem suratyny çekip ýekeme-ýeke görkezip ugrady.

— Bi zaluwad-a dünýäň gawunynyň işini gören ekeni — diýşip, möjekler tilkiniň gürrüňine has-da gyzyklandylar. Şol arada tilki: «Ine, şunuň ýalam birini ogurladym» diýip, aňyrdan ýer çyzyp gelşine, ata möjege golaýlaşdy. Möjekler häzir tilkiniň daşan gawunlaryny göz öňüne getirişip, sülekeýlerini sallaşyp durdular. Tilki şol arada amatly pursadyň gelenini duýdy. Harsa, ata möjegiň aýaklarynyň arasyndan sümlüp geçdi-de:

— Ýa pirim, çöl, özüňden medet — diýip, berdi ýazzyny. Möjekler «Haý, deýýus-a, bizi ýene aldad-ow» — diýşip, onuň yzyndan seredişip, gülşüp galdylar.

## ŞEMAL

Baglaň başlaryn
Her ýana yrap.
Berýär guşlara
Hiňňildik gurap.

## ŞARLARYŇ BIRI

Gyzyl şar,
Ak şar,
Sarysy bar,
Gögi bar.

Ter gülli çemeniň
Hut özi bolup Şarlar
uçup barýar Asmana
galyp.

Uçmaga höwesli,
Olaryň bary.
Begenýän meniňki
Şolaryň biri.
Şarlalaryň biri.

## ŞUBHE

Ýaş garga gargalaryň toparyna goşulyp ýaňyrakdan bäri uçup ugrapdy. Bir gün ol gargalar bilen bir öýüň gapdalynda ony-muny çokup ýörkä, gezmeläp, gapa golaý bardy. Ol ýerde jaýyň kölegesine atylan keçe bardy. Keçäniň üstünde çigit gabyklary, çörek owuntyklary pytraşyp ýatyrdylar. Bu ýerde ýaňy bir gyzjagaz saçyny darap, howlugyp mekdebe gidipdi. Onuň ýygnaşdyrman giden aýna-başdaragy hem häzir keçäniň üstünde py- trap ýatyrdy. Şol arada garganyň gözi aýna düşdi. Ýöne ol öz öňünde peýda bolan gargany birbada tanamady.

Gaýta gaýşarylyp, öňünden çykanyň kimdigini bilmek üçin:

- Eý, sen kim? - diýip, ondan habar sorady.

Aýnadaky garga hem onuň hereketlerini üýtgewsiz gaýtalasa-da, hiç hili jogap gaýtarmady. Garga birsalym geň galyp, garşysyndaky öz hereketlerine öýkünýän gargany synlap duransoň, ahyry onuň özüdigine göz ýetirdi. Ýöne şeýle-de bolsa, ol şol görýän gargasynyň özüdigine asla ynanyp bilmedi. Sebäbi ejesi bilen kakasy hemişe oňa «Ap-agym» diýerdiler. Şonuň üçinem, ol özgeler gara bolsa-da, gargalaryň arasynda bir özüniň akdygyna diýseň ynanýardy.

Garga aýna bakyp durşuna oýurganyp, iňkise gitdi:

— Bäý, walla, men nirede gazan gara dagy süýkenip ýörkäm-äýt?..

## TÜRKMENISTAN — ÄPET GÄMI

Ýüzüp barýar Türkmenistan,
Gujagyna alyp halkyn.
Depesinde ýaşyl baýdak,
Ýaşyl baýdak, ýaşyl ýelken.

Oň üstünde gelin-gyzlar
Dokap otyr täsin haly.
Täsin onuň her bir göli,
Garagumuň özi ýaly.

Ak pagtadan ak dag ýasan
Pagtaçylar daga çykyp,
Şol dagyňam depesinden
Otyr olar dünýä bakyp.

Bu gämide köp-köp wyşka
Gögeripdir, derek bolup.
Güwwüldeýär zawodlary,
Turbalardan tüsse galyp.

Ýüzüp barýar Türkmenistan,
Gujagyna alyp halkyn.
Depesinde ýaşyl baýdak,
Ýaşyl baýdak - ýaşyl ýelken.

## TÜRKMENIŇ ÝAŞYL TUGY

Türkmeniň tugy pasyrdaýar.

Onuň ýaşyl reňki bar. Ýaşyl reňk ilki bilen-ä düşümli reňk, galyberse-de, ol baharyň lybasy.

Türkmen tugy bilen ýaz paslynyň diňe bir reňki däl, olaryň many-mazmunlary-da bir-birlerine meňzeş. Bahar her gezek gelende, dünýä özi bilen gowulyk ge- tirýär. Ol gelensoň, onsoň, hemme zat al-ýaşyl öwsüp, ösmek-özgermek bilen.

Ýüreklerde ynam, gursaklarda höwes peýda bolýar. Baharda diňe bir özüne ýaşyl ganat-per ýasanan agaçlar däl, hatda adamlaram, daglaram özleriniň uçup biljegine ynanýarlar...

Türkmeniň ýaşyl Baýdagy parlaýar...

Ol hem ýaz ýaly öz halkyna YNAM getirdi. Türk- men indi şu Baýdagyň astynda özüniň heniz görül- medik, ýöne köp arzuw eden gowulyklaryna tarap barýanyna ynanýar.

Ýaşyl tug kuýaş bolup, il kalbyny çoýýar.

Türkmeniň bahar reňkli tugy bu gün dünýäniň köp döwletleriniň paýtagtyny bezeýär. Türkmen tugy Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Köşgüniň öňünde pasyrdap duran belent başly baýdaklaryň hem birisi. Türkmeniň ýaşyl tugy halkynyň manysyny, maksadyny aýgyt edip pasyrdaýar.

Ony synlan didelerde guwanç däneleri bulduraýar.

U

## UÇARMAN BOLSAM

Günler geçsedi,
Uçarman bolsam.
Uçarmy sürüp,
Asmana galsam.

Meni synlaşyp,
Oglanlaň bary,
Gygyrşardylar:
«Mündüräý,
Sary!»

Öýmüzden çykar
Garryja enem.
«Bek otur!» diýip,
Gygyrar hemem.

Günler geçsedi,
Uçarman bolsam.
Öz obamyza Bir
-

## U-U-U-U

Gijara obanyň ýeňsesinde ýene-de içigip-içigip şagal uwlady.

— U-u-uw...

— Eý, şagal, näme uwlaýaň?

— Howada meniň söýgüli gawunymyň ysy bar.

— Heý, şonuň üçinem bir beýle zarynlap uwlamak bolarmy?

— Iýesim gelýär ahyryn. U-u-uw... U-u-u...

## BATYRJA GAÝYK

Ýegen ýap boýuny syryp barýardy. Şol arada, onuň gözi tolkunlaryň arasyna düşen ýaprak-gaýyjyga düşdi. Tolkunlar süri bolşup, ony kowalaýardylar, synyndan aslyşýardylar. Ýöne gaýyjygam ýeserjedi. Olara tutdyr ýaly däldi. Ol galgap, bir ondan çykýardy, bir mundan. Töwerekdäki tolkunlar bolsa ony aljyratjak bolşup ber-başagaýdylar.

— Batyrja gaýyk eken — diýip, Ýegen ony birsalym synlap duransoň guwandy.

— Şular ýaly batyrjalar soňra matros bolýa-da — diýip, suw hem onuň pikirini makullap, töweregine tolkun ýaýradyp, owsunyp goýberdi.

# Ü

## ÜZÜM

Üzüm-üzüm
Düzüm-düzüm
Hoşalara
Gidýär gözüm.

Alsam diýýän
Ýolsam diýýän.
Lezzeti bar,
Üzüm iýmäň.

Şor mahaly
Alyp iýseň.
Işin görýär,
Şonda dişiň.

Bu mahal oň
Kölgesi bar.
Günden gorap,
Bilmesi bar.

Sabyrsyzam
Däldirin men

Buldurada Bişiber sen.
Üzüm üzüm,
Düzüm-düzüm,
Biş tiziräk Sende
gözüm.

## YÜZÜNI NURANA-DA GORDÜM-LE...

Bu waka tilki sürüji bolup işleýän döwürlerinde bolupdy. Şol gezegem ol öz başlygyny alyp, şähere barýardy. Obanyň çetine ýetiberende, ötüp barýan bir bölejik çekene ýoly baglan mahaly, ol alaçsyz saklanmaly boldy. Goýunlaryň yzynda eli çybyklyja çopanjyk bardy. Aňyrdan wazlap gelen maşynyň sürüjisi gele-gelmäne yzly-yzyna maşynyny düýtdülledip, ýoly tiz boşatmagy talap edip ugran mahaly, onsuz-da sürüsini tizräk ýoldan sowmagyň aladasy bilen başagaý bolup duran oglanjygy aljyratdy. Çopanjyk goýunlaryň töwereginde elewräp, eýläk bir ylgady, beýläk bir ylgady.

Onýança tilki maşynyň aýnasyndan kellesini çykaryp, elini salgap, dyzanyp talaply gygyrdy.

— Eý, sen ýoly boşadýaňmy, ýok. Haý, mysalaň gursun!

Çopanjyk ýagdaýy görüp duranlygyna seret-

mezden, tilkiniň özüne käýinmegini halaman çytylyp, nägile bolup, baş göteren wagty ol tilkiniň gapdalynda özüni synlap, guwançly ýylgyryp oturan agasyny görüp, birden ýylgyryp goýberenini-de duýman galdy.

Sürüji başlygynyň hem ýylgyrýanyndan habarsyz, çopanjygyň içiňi ýakaýyn diýýän ýaly ýylgyrmasyny halamady.

— Munuň akyly-zadam ýerinde däl öýdýän. Men-ä janymy ýakyp, ýoldan sowul diýýän. Bu bolsa samsyklap, ýylgyryp ýüzüňe seredýär.

Süri sowlup, maşyn ýene-de ýoluna gönügensoň, häliden bäri wakany gapdaldan synlap oturan başlyk tilkä ýüzlendi:

— Ýaňky çopanjygy tanadyňmy, tilki?

— Aý...ý, ýok... başlyk.

— Ol meniň uly agamyň ogly. Ýaňy gaňrylyp yzyna sereden mahaly ol meni tanap ýylgyrdy.

— Hä, şeý diýsene, ýüzüni nurana-da gördüm-le...

Hawa-da, tilki hemişe tilki bolýar-da. Ol ýalňyşmakdanam asla gorkmaýar. Sebäbi ýalňyşsa-da, ony ýüzugra düzetmegi başarýar.

# W

## WELNAR AGA

Sakgal-saçyn ak basan,
Maňlaýy gasyn-gasyn.
Welnar aga şonda-da
Söýget etmez hasasyn.

Onuň täsin ýady bar,
Gürrüňinde jady bar.
Welnar agaň gürrüňne
Biz mydama hyrydar.

Hezil edip diňleýäs, «Bä-
bä» diýip, geňleýäs. Biziň
goşun ýeňäýse, Birazajyk
ýeňleýäs.

...Kä kowup, kä gaçýarys,
Dagdan, çölden geçýäris.
Esger bolup Görogla,
Gyratlarda uçýarys.

# WATAN GADYRY

Wepanyň indi köpden bäri garlawaçlara bir sorag beresi gelýärdi.

Ahyr bir gün ol ýapboýunda suw içip oturan garlawaja duşup görüp, öz soragyny ýadyna saldy. Onuň soragy garlawaçlaryň guş häsiýetleri bilen baglydy. Olar hem köp guşlar ýaly, her ýyl gyş golaýlaşyberende göç edip, yssy ýurtlara giderdiler. Şol gidişden diňe gyş geçip, ýaz çykansoň, yzlaryna dolanyp gaýdyp gelerdiler.

Wepa bolsa gowuja guş-garlawaçlaryň hemişe öz töwereklerinde bolmagyny islärdi.

— Garlawaç, sen näme, her ýyl bu ýerden göç edip gidýäň?

— Watanyň gadyryny bilmek üçin.

— Onda näme, ýene-de her ýazda ýazyň öňi bolup, yzyňa gelýäň.

— Watanyň gadyryny bilmek üçin.

Garlawaç soňra töwerekdäki gözetimden göze- time ýaýrap oturan seleň sährany guwanç bilen synlap: «Watanyň gadyry ondan aýra düşeniňde has gowy bildirýär» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

# Y

## YLÝAS

Ylýas diýdi: «Eje, kömek et-dä sen, Bäşinji
klasda okasadym men! Geçäýsem-de ýedä,
razy men. Bolýar. Meniň şolar bilen
okasym gelýär.

Eje, mugallyma aýdaý-a şuny,
Ulurak klasa geçirsin meni.
Hemme klaslardan kyn ekeni has, Meniň
okaýanym, birinji klas!»

## YKBAL HATARY

Yklym Saparlara gezmäge gelipdi. Olar çolaja otagda oýnap otyrdylar. Şol barmana birden Yklymyň ünsi diwardaky asawaja düşdi. Ol ýerde üç sany esger şineli asylgy durdy.

— Bular näme? — diýip, Yklym şinellere hyrydar seretdi.

— Ine, bu atamyň şineli — diýip, Sapar turup, ilki guwanç bilen birinji asawaçdaky şineliň syýyndan tutdy.

— Ikinji şinel kimiňki?

— Ikinjisi kakamyňky. Onuň yzyndaky bolsa agamyň esgerlikden geýip gelen şineli — diýip, Sapar üçünji şineli hem buýsanç bilen görkezdi. Soňundan ol asawaçdaky boş ilgençege elini uzatdy.

— Ine, bu bolsa meniň şinelimiň ýeri bolmaly. Men desantçy goşunda gulluk etjek.

Hatara esger bolup duran şinellere oglanlaryň ikisiniňem gözi gitdi...

Şol pursatdanam oglanlaryň ikisi-de pikirlerinde, depelerinde ýaşyl baýdagy pasyrdadyp, nyzam bilen barýan esgerleriň arasynda özleriniň hem barlygyny gördüler.

# Y

## Yagyş

Hersi ep-esli, Hersi
bir şänik Gaýdýar
damjalar Bulutdan
tänip.

Olar gelýär-de,
Bezeýär ýeri.
Olar otlaryň
Ýüzüniň deri.

Goýanok heniz,
Çeker-le daňa.
Baglar gulagny
Deşdirýär oňa.

## ÝENE-DE BIR, ÝENE-DE BIR...

Okuwçylar köçäniň gyrasyna nahal oturdyp ýördüler. Ýegen hem olary görüp, ýanlaryna bardy. Birsalym töweregindäki nahal oturdýanlary synlap duransoň, onuňam şolara meňzäp nahal oturdasy geldi. Mugal- lym muny duýdy-da, oňa-da bir düýp nahaly oturtmaga berdi. Ýöne Ýegen nahaly alyp oturdyp bolansoň, ýene- de tukatlandy. Mugallym onuň bolşuny görüp, geň galdy.

— Näme oýa batdyň, Ýegen! Sen begenmeli ahyryn. Gör, nähili agaç ösüp ýetişer!

— Meniň nahalym ýekesirär-ä, mugallym. Menem öýde ýeke galanymda ýekesireýän-ä. Bolmasa, men ýene-de bir düýp nahal ekäýeýin?

Mugallym Ýegeniň islegine düşünip ýylgyrdy, soňundanam oňa oturtmaga ýene-de birnäçe düýp nahal berdi.

Okuwçylar nahallary ekip gutaransoňlar, mugal- lym töwerege aýlanyp kimiň näçe nahal oturdanyny hasaplady.

— Sen näçe nahal oturtdyň? — diýip, ol Ýegende- nem duşuna gelende, sorady.

Ýegen: «Bir, ýene-de bir, ýene-de bir...» — diýip, töwerekdäki öz eken nahallaryny bir-bir görkezişdirdi.

— Hemmesi bilelikde onsoň näçe bolýar?

— Bilemok — diýip, Ýegen mugallymyň öňünde

özüni müýnli duýup, egnini gysdy.

Ýegen entek mekdebe barmandy. Ol goşmak-aýyrmagy hem bilmeýärdi.

— Zeleli ýok. Tizden senem mekdebe gatnap başlarsyň, şonda sen diňe bir eken nahallaryňyň sanyn- a däl, olaryň ýapraklarynyň näçeligini hem hasaplap bilersiň — diýip, mugallym Ýegeniň göwnüni göterdi.

# Z

## ZEMZEN

Kowaladym
baýyrda
Duşan çagy
zemzeni.
Onuň gahary geldi,
Çişip ýatlatdy humy.

Guýrugyny gamçylap;
Tanap goýaýgyn meni!
Git gaharmy getirme,
Ýogsam ýenjerin seni.

## IŇ OŇAT OBA

Zaman bir ýola ejesi bilen uzakda ýaşaýan daýylarynyňka myhmançylyga gitdi. Hatar-hatar jaýly, köçeleri asfaltly oba aýlanyp görensoň bu ýer oňa ýarady. Mundanam başga bu ýerde onuň gowy görýän zatlary: gazly suwlar, buzgaýmak satylýan ýerler hem bar ekeni. Owadan oba şähere meňzeýärdi. Gelen güni Zaman pikirinde daýylarynyň obasyny öz gören beýleki obalary bilen deňeşdirip, onuň iň oňat obadygyna ynandy.

Myhmançylyga gelen gününiň ertesi ol ilki obada

hut, şundan başlandy: kakasy, agalary, bile oýnan deňduşlary, suwa düşýän güzerleri, iti Alabaý, ýene-de öz obalary bilen bagly köp zatlar onuň ýadyna düşüp ugrady.

Şeýle-de ol haýsydyr bir düşnüksiz güýjüň özüni obalaryna tarap çekýänligini hem syzdy. Şundan soň hälimşindi şu zatlary ýatlap küýsäp duransoň daýy- daýzasynyň, olaryň çagalarynyň myhman hökmünde özüne edýän hezzet-hormatlary-da onuň öýlerine gaýt- mak islegini asla kemip bilmedi. Häli-şindi ol yzyny küýsäp tukatlandy.

Bir hepdeden Zaman maşynda ejesi bilen myhmançylykdan gaýdyp gelýärkä, uzakdan öz obalaryny görüp begendi. Maşynyň içinde oturyşyna oňa tiz ýetmäge hemde: «Iň oňat oba-ha sen ekeniň, obam!» diýmäge howlukdy.

Näme üçin şeýledigine düşünmese-de, Zamana öz obalarynyň dünýäde iň gowy obadygyny bilmek diýseň ýakymly boldy.

# MAZMUNY

**Saýlaw Myradow.** Dünýäniň özüniň gurluşy şeýle: kiçijikler kem-kemden ösýärler, ulalýarlar ........ 6
Günüň öýi ........ 11
Çal, tüýdügim ........ 12
Pişigim ........ 13
Garpyzlar ........ 14
Sary gawun ........ 15
Balary ........ 16
Täze jorap ........ 17
Pökgi ........ 18
Ulalaýyn entejik ........ 19
Alma ........ 20
Selbi ........ 21
Jemal ........ 22
Ussanyň jogaby ........ 23
Ussa ........ 24
Çary çopan ........ 25
Meňzeş oglan ........ 26
Günüň öýi ........ 27
Artekde ........ 28
Kerim bilen bal arylar ........ 34
Güýçli at ........ 43
Güýçli at ........ 44
Gezelenje gelen aý ........ 45
Enemiň äýnegi ........ 46
Men dorja taý ........ 47
Ylgap barýan ........ 49
Ýeke özüň iýmedim-ä ........ 50
Beýik men ........ 51
Düşnüksiz ene ........ 52
Çabga ........ 53

Kiçiniň iş bölüşi ........ 54
Durnuksyz ........ 55
Ogry pişik näme iýer ........ 56
Iň oňat pasyl ........ 57
Aýsenem ........ 61
Habar beriň ........ 62
Ýol ........ 64
Ene tokaý hem pilbasan hakynda erteki ........ 65
Ýyldyzyň ýoly ........ 70
“A” ýazýan ........ 79
“A” ýazýan ........ 80
Uly ýolun üstünde ........ 82
Yzlap ýörsem şemaly ........ 84
Torgaý ........ 85
Kebelek ........ 86
Lälezarda ........ 87
Daglar ........ 88
Bagt ........ 89
Çynym ........ 90
Enem bilen men ........ 91
Säher *(Ýa. Akime)* ........ 92
Düýe barýar ........ 93
Köşek ........ 94
Şemal ........ 95
Jemal mamaň neberesi ........ 96
Şular ýöne ........ 101
Hekaýat ........ 103
Güzerde ........ 105
San sanaýan ........ 107
Welnar aga ........ 108
Baýyrlar ........ 112
Meniň gowja balygym ........ 113
Gyş şonda bolýar ........ 114

Nur paýlaýan oglan ..... 115
Atly bolsaň..... 123
Köşek bilen ala top ..... 128
Üç murtlak kapitan..... 149
Erteki ..... 150
Güneşde ..... 152
Oýun..... 154
Üç meňzeş..... 156
Ilkinji duşuşyk ..... 157
Üçekde ..... 160
Hor syçan..... 161
Sanawaç ..... 163
Radio hem üç pişik ..... 165
Pişik bike tokaýa barýar ..... 168
Toý..... 170
Syýahat ..... 172
Ganatlylar ..... 174
Possunly paraşýutçy ..... 194
Tokaýa gitjek ýene ..... 197
Derýada..... 197
Şadyýan çeşme..... 198
Tokaý ..... 199
Baga çykyp bilýäniň ..... 200
Ördekler ..... 201
Esasy zat..... 202
«Kömelekli» ýagyş ..... 203
Ak guw ..... 204
Tokaý simfoniýasy..... 205
Jojuk..... 206
Ümsülik ..... 207
Şişkalar..... 208
Tokaý ýagyş ..... 209
Daşdeşen ..... 211

Bir guýynyň başynda ........ 212
Berýozowik-kömelek ........ 214
Tokaý ýodasy ........ 215
Baglar tans edende ........ 216
Lena aýdym aýdanda ........ 217
Ýene gitjek tokaýa ........ 218
Litwa goşgulary ........ 219
Litwa ........ 219
Aldonanyň suratlary ........ 220
Çakylyk ........ 221
Reýklaýtes bilen ejesi ........ 223
Kän aglady bir pişik ........ 224
Bir bar eken ........ 225
Türkmenistan hakynda goşgy ........ 226
Bir bar eken ........ 228
Kowlan it ........ 230
Il görsün ........ 231
Ýagşy söz ........ 233
Täsin haty manysy ........ 235
Biziň krokodilimiz ........ 240
Bir amady gelende ........ 243
Çaý başynyň derdinmesi ........ 245
Awçy tilki ........ 247
Hüwdi ........ 248
Barýar, barýar pyşbaga ........ 251
Çöl parady ........ 252
Akpamygyň aýdymy ........ 254
Suw atlary ........ 256
Suw atlary ........ 256
Tolgundy deňiz ........ 257
Balyjak ........ 258
Iň soňky balyk ........ 260
Bäşinji «A» synp ........ 264

Mekdep howlusynda ........ 264
Aýdym ........ 265
Goşgy ........ 266
Janyň ýaňýar ........ 268
Weteran bilen ........ 269
Kömelek ........ 270
Zähmet sapagy ........ 271
Arakesmede ........ 272
Dost ........ 274
Sport meýdançasynda ........ 276
Kim nämeli gelýär mekdebe ........ 277
Şadyýan howly ........ 278
Ikilik alan günüm ........ 279
Sona Geldiýewa ........ 280
Çakylyk ........ 281
Harman dälimiz ........ 285
Töräniň doglan güni ........ 286
Goşhalta ........ 287
Gezelençde ........ 288
Bäşinji synp ........ 289
Orazgeldiň güjügi ........ 291
Orazgeldiň güjügi ........ 292
Garlawaç, gelsene ........ 295
Towşan bolasym gelýär ........ 296
Gazlar suwa düşdüler ........ 297
Salgy bersem ........ 298
Äpet garagumuň bir künjeginde ........ 301
Serhetde ........ 304
Atamlaryň obasynda ........ 305
Atam bilen ota gitdik ........ 307
Öý ........ 309
Küýze ........ 310
Palaw ........ 311

Haýwanat bagy ........ 313
Demir tahýaly bolsaň ........ 315
Buz ........ 316
Ýagyş ýaganda ........ 317
Gije ........ 318
Tamdyr hem enem ........ 319
Dünýä güýzände ........ 320
Pikirimde ........ 321
Şatlyk ........ 322
Agam gürrüň berdi ........ 323
Janköýer ........ 324
Ýolbars ........ 325
Gizlenpeçek ........ 326
Ýagşylyk ýaraşmaz eken pişige ........ 327
Bir günden bir gün ........ 328
Geň waka ........ 330
Düýe ........ 332
Çynaryň üsti ........ 333
Sirkde ........ 334
Pişik ........ 336
Düýe barýar patanaklap ........ 337
Jikjiki ........ 338
Säher-säherler ........ 339
Şol gezek ........ 340
Howsala ........ 343
Bedewiň ........ 348
Sapak ........ 350
Erbetje ........ 354
Gar häsiýeti ........ 361
Ak paraşýut ........ 362
Guzyguýruk ........ 363
Gämiler ........ 364
Oglan bilen erik ........ 365

Gök taýhary ýuwduk biz ........ 366
Gün bilen tirkeşip ........ 367
Şadyýan harplyk ........ 369
«A» ýazýan ........ 370
«A» alaňyň üstünde ........ 371
Bulutlar ........ 372
Be... bulary ........ 372
Buýsanç ........ 373
Çapyşaryň täzeden ........ 374
Bizden soraýan ........ 374
Çary çopan ........ 375
Daglar ........ 376
Daşdeşen ........ 376
Doganlar ........ 376
Eziziň pökgüsi ........ 378
Erteki ........ 379
Älem ........ 380
Ädigim ........ 381
Gämiler ........ 381
Futbol ........ 383
Synag ........ 383
Garpyz ........ 386
Güjügim ........ 386
Gawun bäbek ........ 387
Hat ........ 388
Hakyky it ........ 389
Itim öňümden çykdym ........ 391
Özüň iýmeseň ........ 391
Jüýjeler ........ 393
Jojuk ........ 394
Alaja ........ 394
Žirafa ........ 395
Taýkanaç ........ 395

Keýigokara ........ 398
Kirpi ........ 398
Kapitan ........ 399
Leňňeç ........ 400
Leýla ........ 400
Läle ........ 401
Meniň reňkleriň ........ 402
Möjek ........ 402
Mähek daş ........ 403
Nurynyň galamy ........ 406
Nan ........ 407
«Ň» harpy ........ 408
Gaňňa ........ 408
Deňiz ........ 408
«O» harpy ........ 410
Otly ........ 410
Şah çykanda gel! ........ 411
Ördek ........ 412
Öküz ........ 412
Öýlänçi ........ 413
Pagta ýygýar hemmeler ........ 414
Hadysa ........ 414
Garga bilen gürrüň ........ 417
Rahmanyň öýkesi ........ 417
Sübse ........ 419
Synag ........ 419
Tilkiniň ýüz birinji sapalagy ........ 420
Şemal ........ 422
Şarlaryň biri ........ 422
Şubhe ........ 423
Türkmenistan - Äpet gämi ........ 424
Türkmeniň ýaşyl tugy ........ 425
Uçarman bolsam ........ 426

U-u-u-u ........ 427
Batyrja gaýyk ........ 427
Üzüm ........ 428
Ýüzüni Nurana-da gördüm-le ........ 429
Welnar aga ........ 431
Watan gadyry ........ 432
Ylýas ........ 433
Ykbal hatary ........ 434
Ýagyş ........ 435
Ýene-de bir, ýene-de bir ........ 436
Zemzen ........ 438
Iň oňat oba ........ 438

# AGAGELDI ALLANAZAROW

*(Saýlanan eserler. Iki tomluk)*

I TOM

Redaktory B. Orazdurdyýewa, N. Egenowa
Suratçy Ýe. Mihelson
Dizaýn D. Seýitgulyýew

Ýygnamaga berildi 19.08.2005.

Çap etmäge rugsat edildi 10.11.2006. Ofset '
Formaty 60/84 1/16. Çap listi 28.

Çap etmäge rugsat edildi 10.11.2006. Ofset kagyzy. Formaty
60/84 1/16. Çap listi 28.

“Hatdat” hususy çaphanasy. Magtymguly şaýoly 198. A.